**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY**

**Hünär:** Maglumatlary işläp taýýarlamagyň we dolandyrmagyň awtomatlaşdyrylan ulgamlary

# ″Maglumat we bezeg maksatnamalary″

dersi boýunça okuw gollanmasy

Taýýarlan: M. Çuriýew

Aşgabat 2010 ý.

## *GIRIŞ*

Kompýuter tehnologiýasy – iň ýaş ugurlaryň biridir. Kompýuter tehnologiýasynyň ösüş taryhy beýlekilere garaňda kän bir uly döwri alýan däldir – 40-50 ýyl. Kompýuter tehnologiýasy, tehnikasy diýen adalgalar bolsa ondan hem ýaşdyr. Bilişimiz ýaly, ilkibaşda elektron-hasaplaýyş maşyn, hasaplaýyş tehnikasy diýen adalgalar ulanylardy. 20 ýyldan bäri bolsa EHM diýlen adalga ýuwaş-ýuwaşdan ýitip kompýuter adalga öz örnuny berdi, tehnika bolsa öňküler ýaly hasaplaýyş dälde kompýuter tehnikasy diýlip atlandyrylýar.

Kompýuter tehnologiýasy ýaş bolmak bilen, dünýäde öňdebaryjy ugurlaryň biri bolup durýar. Häzirki wagtda habarlar-aragatnaşyk tehnologiýalaryň ýokary depginde ösýändigi barada aýdylýar. Öýjükli telefon aragatnaşygyň, maglumat tehnologiýalaryň ösmegi muňa subut bolup durýar. Şol tehnologiýalaryň düzümine çuňlaýyn seredilen mahalynda olaryň kompýuter ugruna esaslanýandygyna göz ýetirmek bolýar.

Öz gezeginde, kompýuterler öz düzüminde tehnikanyň başga ugurlarynyň soňky derejelerini jemländir. Bu bolsa onuň bilen işlemegi diňe ýeňilletmän, eýsem amatly edip goýýar.

Türkmenistan dünýä ösüşiniň gapdalynda durman, kompýuter tehnologiýalaryň soňky gazananlaryny ulanmaklyga ymtylýar. Ýurdumyzda öňdebaryjy tehnologiýalary öwrenmeklik boýunça uly işler alnyp barylýar. Şol işlerde Hormatly Prezidentimiziň ýardam bermegi olaryň tiz depginde amala aşmagyny üpjün edýär. Ýurdumyzyň Baştutany öz gymmatly wagtyny tygşytlaman dünýäniň ösüşindäki ymtylyşlara üns berýär we olaryň has netijelilerini döwletimizde gerekli ugurlarda ornaşdyrylmagyna ýardam berýär.

Täze galkynyşlar zamanasynda ýurdumyzyň islendik pudagyň öňünde täze meseleler goýuldy. Şol meseleleri üstünlikli çözmek üçin diňe bir tehnologiýalar ýeterlikli däl. Şol tehnologiýalary ulanyp biljek ýokary derejeli hünärmenler zerur.

Türkmen politehniki instituty öz içinde öhümçilikde ulanylýan birnäçe hünärleri jemländir. Olaryň arasynda gurluşyk we binagärlik, himiýa, nebit we gaz pudagyna degişli hünärler, ykdysadyýeti dolandyryş, mehanika we energetika bilen bagly hünärler, hem-de kompýuter tehnologiýasy.

Kompýuter tehnologiýalary öz düzümine birnäçe ugurlary we dersleri alýar. Olara umuman aýdanyňda maksatnama düzme, multimediýa tilsimatlary, grafika we bezeg işleri, tory dolandyrma, amallar ulgamy we maksatnama üpjünçiligi, kompýuteriň içki gurluşy we ş.m. degişli etmek bolýar.

Kompýuterler bir wagtyň içinde birnäçe amallary ýerine ýetirýärler. Mysal üçin şol bir wagtyň içinde ol çylşyrymly hasap işleri, çap etmegi, ses çykarmagy, faýllar bilen işlemekligi we ş.m. amala aşyryp bilýär.

Häzirki wagtda kompýuterler önümçiligiň islendik pudagynda giňden ýaýrandyr. Şonuň üçin hem hasaplaýyş tehnikasy bilen tanyşlyk talyplaryň haýsy hünär boýunça bilim alýanlygyna garamazdan öwrenilýär.

Ýokarda aýdyşymyz ýaly Täze Galkynyş zamanasy täze talaplary bildirýär. Her bir hünäriň öz aýratynlygy bar hem bolsa, onuň kompýuter tehnikasy bilen iş salyşýan meseleleri hökman bardyr.

Binagärlik hünärini alyp görsek. Çylşyrymly çyzgylar takyklygy, dogrulygy, bezegi, köplenç köp mukdarda bolmagy talap edýär. Häzirki wagtda kompýuterde ulanylýan maksatnamalaryň arasynda inženerçilik-çyzgy maksatnamalar köp ulanyşa eýe bolup durýar. Olaryň hataryna AutoCAD, 3DMAX, ArhiCAD we b. maksatnamalar. Olar çyzgylary tiz depginde, ýokary takyklyk bilen, ýokary derejeli bezegli we göze ýakymly edip taýýarlamagy mümkin edýär. Eldeki çyzgydan tapawutlykda, ýörite çap ediş gurluş arkaly islendik mukdarda çap etmegi mümkin edýär, şeýle hem ýalňyşlyklar ýüze çykanda tiz we arassa düzetmegi mümkin edýär.

Gurluşygyň ugurlary üçin hem bu maksatnamalar peýdaly bolýar, sebäbi diňe çyzgylary amala aşyrmakdan tapawutlykda, olar ölçegleri goýmagy, çyzgydaky desga materialy ulanmak bilen onuň mukdaryny kesgitlemegi üpjün edýär.

Kompýuter ugry ykdysadyýetdäki çylşyrymly hasapçylyk işlerini amala aşyrmagy hem mümkin edýär. Bu ýere diňe, her kişä belli bolan Microsoft Excel maksatnamasyny goşman, birnäçe hasapçylyk işlerini ýerine ýetirmek üçin ýörite düzülen maksatnamalary goşmak bolýar.

Himiýanyň önümçilik proseslerini hasaplama işlerinde hem kompýuteriň ulanylýandygyny bellemek bolýar.

Nebit we gaz ugry öz içine dürli hünärleri alýan hem bolsa, olaryň hemmesiniň alyp barýan işlerinde kompýuter serişdeleri ulanylýar. Meselem, geologiýa işleriniň netijelerini işläp bejermekde GeoFrame toplumy giňden peýdalanylýar.

Görüşimiz ýaly kompýuter tehnologiýasy pudaklaryň ählisine özleşdirilipdir hem-de adaty teskt redaktorlary ulanmak bilen çäklenmän, öz gönümel ugurlary we alyp barýan işleri boýunça zerur kompýuter maksatnamalaryny ulanýarlar.

Bu bolsa ýene bir gezek, Hormatly Prezidentimiziň, dürli ugurdaky hünärmenleriň Täze galkynyş zamanasynda kompýuter tehnikasy bilen giňden iş salyşmagyny gazanmak baradaky tabşyryklarynyň onuň öňden görüjilik syýasatynyň aýrylmaz bölegidigini görkezýär.

Beýleki hünärleriň kompýuter tehnikasy bilen işlemegini öwretmegiň esasy ugurlary barada gysgaça gürrüň edildi. Öz hünärimiziň – gönümel kompýuter tehnologiýasynyň esasy öwrenýän talyplar bilen işlenende aýry usulyýet gerek bolýar.

Eger beýleki hünärler kompýuter tehnologiýalary bilen ulanyjylyk ýagdaýda öwredilýän bolsa, kompýuter ugrundaky hünärler has ýöriteleşdirilen, dolandyryjy we sazlaýjy wezipeleri ýerine ýetirmeklige gönükdirilen ugur bilen öwredilýär.

Tekst redaktorlary bilen işlenende ýa-da beýleki bir ulanyjy maksatnamalar ulanylanda kompýuter bilen işlemekligiň ussatlygy dürli ulanyjylarda tapawutlandyrmaýar. Emma şol maksatnamalaryň işini sazlamakda, häsiýetnamalaryny goýmakda ýa-da umuma kompýuteriň işini düzetme işlerinde tapawut bildirip durmaly. Mundan başga hem, biz öz hünärimiz boýunça talyplarymyza maksatnamalary düzmekligi, maksatnamanyň döredijisi bolmaklygy öwredýäris.

Başgaça aýdanyňda, beýleki hünärli talyplar öz ugrundaky meseleleri işlerinde kompýuteri netijeli peýdalanmaga öwredilýän bolsa, kompýuter ugrunda kompýuteriň özi bir şol meseläniň biri bolup durýar, sebäbi talyplara kompýuteri bejermek, sazlamak, gurnamak, onuň üçin maksatnamalary ýüklemek, kompýuterleri

torda sazlamak, kompýuterde maksatnama düzmek we ş.m.

Emma ýokarda agzalan işleriň ýöriteleşdirilen kompýuter ugrundan işleýän hünärmenler üçin gönükdirilen hem bolsa, olar kompýuteriň islendik ulanyjysy tarapyndan özleşdirilmegi mümkin.

Kitap taýýarlanylanda maglumat we bezeg maksatnamalary dersini doly öwredip, olaryň dürli işlerde zerur bolan çyzgylary hem-de beýleki maglumatlary kompýuter grafikasynyň programmalary arkaly bezemegi, we göze ýakymly ýagdaýda çap etmegi öwretmek wezipelerinden ugur alyndy.

Kitabyň esasy maksady okyjylara ýazgy redaktorlar we kompýuter grafikasynyň programmalary arkaly maglumat we bezeg işleri alyp barmagy, şol programmalary utgaşykda işledip dürli bezeg önümlerini taýýarlamagy, işläp bejermegi öwretmekdir.

Kitapda grafiki programmalarynyň has meşhur bolanlary öwrenilip geçilýär. Ondan başga hem, neşir önümlerini çykarmakda ulanylmagyň lideri bolan Adobe PageMaker programmasynyň grafiki programmalar bilen utgaşmasyna aýratyn üns berlen. Kitabyň ýene bir esasy maksady - okyjylaryň öz işlerinde grafikany has giňden ulanyp, öz bezeg mümkinçiliklerini artdyrmaklygy bolup durýar.

Kitap kompýuter tehnologiýasy ugrunda işleýänler we okaýanlar üçin hem niýetlenen bolsa, ondan başga höwesjeň adamlar hem peýdalanyp bilner.

## *ADOBE PAGEMAKER PROGRAMMASYNYŇ IŞ MEÝDANYNY GÖZDEN GEÇIRMEK. IŞ MEÝDANYNYŇ OTNOSITELLIGI. GURALLAR TOPLUMYNYŇ ULANYLYŞY.*

1. Adobe PageMaker programmasynyň iş meýdanyny gözden geçirmek.
2. Iş meýdanynyň otnositelligi.
3. Gurallar toplumynyň ulanylyşy.

Häzirki döwürde biziň Garaşsyz ýurdumyzda metbugat gullugyna örän güýçli üns berilýär. Biziň Garaşsyz Türkmenistanymyzyň her welaýatynda metbugat gullugy hereket edýär. Bu gullugyň üsti bilen biz her gün ýurdumyzda we dünýäde bolup geçýän täzelikler bilen tanyşyp durýarys. Metbugat gullugynyň bir bölegi hem poligrafiýadyr. Poligrafiýa önümçiliginde ulanylýan kompýuter programmalarynyň bize bellileriniň bimäçesiniň üstünde durup geçeliň.

Ol programmalaryň biri hem PageMaker-dir. PageMaker-iň bize belli bolan görnüşleri, ýagny PageMaker 4.0, PageMaker 5.0, PageMaker 6.0, PageMaker 6.5, PageMaker 7.0 bardyr. Bu programmanyň üsti bilen häzirki döwürde dünýäniň hemme ýerinde diýlen ýaly gazýetdir-žurnallar, kitapdyr-broşýuralar we ş.m ýerine ýetirilýär. PageMaker programmasynda beýleki programmalar ýaly özüniň gurallar paneli boly ar. Şol gurallar panelini ulanmak bilen biz tekstleriň üstünde her-hili amallar geçirip bolýar. Meselem, tekstleriň formatynyň üstünde işlemek. Mundan başga-da suratlary tekste ýerleşdirmek, suratlaryň ölçegini üýtgetmek, obýektleriň üsnünde işlemek we ş.m. ýaly işleri geçirip bolýar.

Poligrafiýa önümçiliginde esasy orný eýeleýän programmalaryň biri hem Adobe PhotoShop-dyr. Bu programmada grafiki faýllaryň üstünde birnäçe amallar ýerine ýetirilýär. PhotoShop programmasy esasan surtlary redaktirlemek üçin niýetlenendir. Bu programmanyň ýene bir mümkinçilikleriniň biri hem suratlary montaž etmekdir. Bu usulda her hili reklamalar, wizitkalar we beýleki işleri ýerine ýetirmek bolýar. Mundan başgada surata uly bolmadyk tekstleri ýerleşdirmek işlerini hem amala aşyryp bolýar. PhotoShop programmasynda esasy üns bermeli bölümleriň biri hem reňkleriň üstünde işlemekdir. Biz belli bolşy ýaly: Grayscale, Indexed Color, RGB Color, CMYK Color, Lab Color, Multichannel we ş.m. režimleri bardyr. Ýene-de bu programmada bellemeli bölümleriň biri hem filterlerdir. Bu bölüm suratlary montaž etmekde ulanylýar. Umuman PhotoShop programmasy' poligrafiýa önümçiliginde esasy programmalaryň biri bolup gažýar.

Poligrafiýa önümçiliginde esasy orný eýeleýän programmalaryň ýene-de biri CorelDraw-dyr. CorelDraw programmasy poligrafiýada reklama obýektlerini taýýarlamak, suratlaryň östünde dizan etmek, tekstleri her hili görnüşde owadanlamak- we ş.m ýaly işleri geçirip bolýar. Bu programmada hem PhotoShop programmasy ýaly birnäçe mümkinçilikleri bardyr. Munuň hem ozone degişli filtirleri bolýar. Şol filterleriň üsti bilen dizaýn işleri ýerine ýetirilýär. Häzirki döwürde CorelDraw programmasy poligrafiýada esasy ulanylýan programmalaryň biridir.

Bu programmalardan başga-da Adobe Acrobat, FineReader, Adobe ImageReady ýaly programmalar hem giňden ulanylýar.

**Adobe PageMaker programmasynyň iş meýdanyny gözden geçirmek.**

PageMaker programmasynyň iş meýdanynda: instrumentler paneli, garfiki we tekst obýektleri dolandyryjy gurallar, sahypa sanyny görkezijiler, ölçeg abzallary (Rulers), ulanyşda tekstleriň stilleri we reňkleri görkeziji panel, ulanylýan iş meýdany we beýlekileri hödürleýär.




Ýokardan PageMaker programmasynyň iş meýdany görkezilendir. Şu iş meýdanynyň üsti bilen biz gerekli tekstdir suratlary ýerleşdirip bilýäris. Şu ýerde uns bermeli zatlaryň biri hem, ýagny Microsoft Office ýaly sahypany awtomat goýman, eýsem ony özüň bermeli bolýar.



**Gurallar toplumynyň ulanylyşy.**

Iş meýdanyna gurallar toplimyny getirmek üçin Windows->Show Tools girmeli. Eger iş meýdanyndan gurallar toplumyny aýyrmak üçin Windows->Hide Tools girmeli.




A-Tekst we grafiki obýektleriň. üstünde işlemek. Ýagny grafiki we tekst obýektleri bellemek we gerekli ýerine süşürmek. B-Bellenen obýektleri aýlamak (berlen gradiusa • aýlamak). C - Bir nokadyň üstünden islendik tarapa çyzyklar çyzmak. D - göniburçlyk çyzmak üçin ulanylýar. E-Ellips we töwerek çyzmak üçin ulanylýar. F - Köpgranlyk gurmak üçin ulanylýar. G - Sahypany ekranda. gerekli ýerine süşürmek ýa-da gipertekstli salgylamalara girmek üçin ulanylýar: H - Tekstleri bellemek we redaktirlemek üçin ulanylýar. I - Grafiki obýektleri gerekli şlçegiňde kesmek üçin ulanylýar. J - Wertikal we gorizontal çyzyklary çyzmak öçin ulanylýar. K - Figurany burçlara bölüp çyzmak. L - Sahypany gerekli ölçegiňde görkeziş ölçegiňi ulaltmak ýa-da kiçeltmek.

A. Pointer tool(⇧+Fl)
B. Rotating tool (⇧+ F2)
C. Line tool (⇧+ F3)
D. Rectangle tool (⇧+ F4)
E. Ellipse tool (⇧+ F5)
F. Polygon tool (⇧+ F6)
G. Hand tool (⇧+ F7), Constrained-hand tool (⌥ + ⇧+ drag)
H. Text tool (⌥+⇧+Fl)
I. Cropping tool (⌥ + ⇧+ F2)
J. Constrained-line tool (⌥+⇧+ F3)
K. Rectangle frame tool (⌥ + ⇧+ F4)
L. Ellipse frame tool (⌥ + ⇧+ F5)
M. Polygon frame tool (⌥ + ⇧+ F6)
N. Zoom tool (⌥+⇧+ F7)

**Tejribe işleri**

**Adobe Page Maker maksatnamasyny Windows amallar ulgamyna ýülemek we ony aktiwirlemek (ýumuş hemme talyplar üçin deň edip berilýär):**

a) Programmanyň gurnalýan görnüşini saklaýan bukjany kesgitlemek.
b) Readme atly *.txt ýa-da *.doc faýlyny okap görmeli
c) Setup.exe ýa-da install.exe faýly goýbermeli.
d) Next, Ýes, Ok, Continue, Accept, Finish, Далее, Да, Продолжить, Согласен, Готово düwmejiklere basmak bilen programmny ýüklemek
e) Bukjada ýerleşen faýldan seriýa nomeri alyp gerek ýerde ony girizmek
f) Crack bukjasyndan Crack.exe faýlyny goýbermek

**_REŇKLERIŇ ÜSTÜNDE IŞLEMEK. SAHYPANY GÖZDEN GEÇIRMEK. SAHYPANYN GÖRNÜŞLERINI SAÝLAMAK. GURALLAR TOPLUMYNYN GYSGALDYLAN GÖRNÜŞLERINI ULANMAK._**

1. Reňkleriň üstünde işlemek.
2.- Sahypany gözden geçirmek.
3. Sahypanyn görnüşlerini saýlamak.
4. Gurallar toplumynyn gysgaldylan görnüşlerini ulanmak.

**Reňkleriň üstünde işlemek.**

Iş meýdanyna gurallar toplimyny getirmek üçin Windows^Show Colors (Ctrl-J) girmeli. Eger iş meýdanyndan gurallar toplumyny aýyrmak üçin Windows->Hide Colors (Ctrl-J) girmeli.




Bu bölümde biz reňkleriň üstünde geçirilýän işlere seredip geçeris. Ýagny bu gural PageMaker programmasynda islendik obýektlere reňk bermek üçin niýetlenendir. Suratda görkezilişi ýaly birinjisi (çepde)-ştrihleri reňklemek, ikinjisi (ortada) - islendik teksti ýa-da obýekti reňk bilen doldurmak, üçünjisi (sagda) - birnäçe obýektleri ýa-da ştrihleri bilelikde reňklemek.

Eger-de siz reňklenen obýewktleriň reňkini üýtgetjek bolsaňyz, onda PageMaker öňki duran reňki aýyrýar we taze bellenen reňki guýýar. Islendik ilkibaşda guýlan reňkden galan tegmilleri hem beýleki çalşylan reňk bilen doldurýar. Mundan başga-da gerek bolmadyk reňkleriňizi aýryp bilýärsiňiz. Haçanda, Siz reňki aýranyňyzda PageMaker islentik tekste ýa-da grafiki obýektlere gara reňki ulanýar. **Bellik:** Siz [None], [Paper], [Black] we [Registration] - reňkleri hiç-hili öçürip bilmeýärsiňiz. Ýene bir üns bermeli zatlaryň biri hem EPS formatda import edilen grafiki faýllary öçürip bilýärsiňiz, eger-de EPS grafikasy ulanyşdan aýrylan bolsa.




Reňkler guralynda görkezilen reňkleri Color Options menýusyna girip üýtgedip bolýärsiňiz. PageMaker programmasynda reňkleriň RGB (Red, Green, Blue), HLS (Hue, Lightness, Saturation), CMYK (Cyan, Magenta, Yellow, Black) režimleri bardyr.

**Sahypany gözden geçirmek. Sahypanyň görnüşlerini saýlamak.**
Boş ýerde Master sahypany döretmek üçin:
Window menýudan -> Show Master Pages saýlamaly.
Siz ekranyňyzda şu aşakdaky şekili görersiňiz:




Belli bir sahypada ulanmasaňyz Master sahypasy hiç-hili effektiwlik döretmez Master sahypasyny döretmegiň asyl manysy, haçahda Siz sahypalarda grafiki we tekst obýektleri ulanmaly bolanyňyzda gerek bolýar. Meselem sahypany nomerlemek ýa-da sahypanyň islendik ýerinde grafiki obýekti goýmak.



Master sahypany ulanylmadyk ýagdaýy (çepde), Master sahypany ulanylan wagty (sagda).

PageMaker programmasynda sahypa goşmak üçin sahypa sanyny görkeziji listiň üstüne syçanjygyň sag düwmejigini basmaly, şonda Add One Page - bir sahypa goşmak, Insert Pages - birnaçe sahypa goşmak (ýagny sahypanyň öňüne (before) ýa-da yzyna (After) goşmak), Remove Pages - sahypany ýa-da sahypalary aýyrmak.




Master sahypasynda siz beýleki sahypalar ýaly islendik operasiýalary geçirip bilersiňiz, ýöne siz bu sahypany üýtgewsiz etmelisiňiz. Yokarky suratda Master sahypasy görkezilen. Master sahypasy iki bölümden, ýagny çepki (L) we sagky (R) durýar. Master sahypasynyň iki režimi bardyr, ýagny iki sahypaly (L,R) we bir (R) sahypaly.




A. Düwmejigi ulanmak. B. Paragraiyň düwmejiklerini hödürleýär. C. Şriftleri saýlamak. D. Tipleriň ölçegini saýlamak. E. Harplaryň arasyny saýlaýjylar. F. Kerningi saýlamak. G. Stiliň tipini görkeziji düwmejikler. H. Saýlow düwmejigi. I. Ýerleşdiriji düwmejikler. J. Setiriň arasyny sazlaýjy düwmejik. K. Harplary gorizontal ölçegini üýtgediji düwmejik. L. Esasy saýlanan obýektleri üýtgetmek.




A. Düwmejigi ulanmak. B. Paragraiyň düwmejiklerini hödürleýär. C. Paragraiyň stilini saýlamak. D. Kursoryň indikatory. E. Yüzlenmäniň ilkinji saýlawy. F. Saýlowdan soň öňe we yza süýşürmek. G. Setkäniň ölçegini bermek. H. Teksti ýerleşdiriji (dogmlaýjy) düwmejik. I. Çep tarapdan saýlamak. J. Sag tarapdan saýlamak. K. Setkä dogurlamak.

**Special Characters**

| **RESULT** | **ACTION** |
|---|---|
| Bullet (.) | Alt+ 8 |
| Copyright symbol (©) | Alt + G |
| Ellipsis (...) | Alt + 0133 (on numeric keypad, Num Lock on) |
| Degree (°) | Alt + 0176 (on numeric keypad, Num Lock on) |
| Iparagraph(¶) | Alt+ 7 |
| Open typographer's quotations ('') | Alt + ⇧[ |

| | |
|---|---|
| Close typographer's \|quotations (") | Alt +⇧ ] |
| Open single quotations (`) | Alt + [ |
| Close single quotations (') | Alt + ] |
| Foot mark (') | Ctrl + Alt + ' |
| Inch mark (") | Ctrl + Alt +⇧ " |
| Registered trademark (®) | Alt + R |
| Trademark (TM) | Alt + 0153 (on numeric keypad, Num Lock on) |
| Section (§) | Alt+ 6 |
| Page number | Ctrl + Alt + P |
| Em space | Ctrl +⇧ M |
| En space | Ctrl + ⇧N |
| Thin space (1/4 em) | Ctrl + ⇧T |
| Nonbreaking (fixed) space | Ctrl + Alt + spacebar |
| Forced line break or soft ireturn | ⇧Enter |
| Discretionary (soft) hyphen | Ctrl +⇧ - |
| Nonbreaking hyphen | Ctrl + Alt+ - |
| Nonbreaking slash | Ctrl + Alt + / |
| Em dash | Alt +⇧ - |
| En dash | Alt + - |
| English pound (£) | Alt + 0163 (on numeric keypad, Num Lock on) |
| Japaneseyen (¥) | Alt + 0165 (on numeric keypad, Num Lock on) |

**Tejribe işleri**

**File menýusynyň buýruklary arkaly döredilýän sahypanyň ölçeglerini üýtgetmek:**

1) A4 formatda boş sahypany döretmek
2) Ini 220 mm, beýikligi 114 mm boş sahypany döretmek
3) Rugsady 150 dpi bolan boş sahypany döretmek
4) Ini 18 inches, beýikligi 9 inches bolan boş sahypany döretmek
5) Sahypanyň rugsadyny ulaltmak
6) Sahypanyň rugsadyny kiçeltmek
7) Sahypanyň gyralarynyň ölçegini üýtgetmek
8) Sahypanyň çäklerini aýyrmak
9) Sahypanyň çäklerini üýtgetmek
10) A3 formatda boş sahypany döretmek

## TEKSTIŇ WE GRAGIKANYŇ ÜSTÜNDE IŞLEMEK. WINDOWSHADES KOMANDASYNYŇ ÜSTÜNDE IŞLEMEK. SAHYPALARYŇ ARASYNDAKY HEREKETLER. SAHYPANY GOŞMAK WE AÝYRMAK.

1. Tekstiň we gragikanyň üstünde işlemek.
2. Windowshades komandasynyň üstünde işlemek.
3. Sahypalaryň arasyndaky hereketler. Sahypany goşmak we aýyrmak.

Adobe PageMaker programmasynda ýörite teksti ýygmak üçin test redaktory bardyr. Ol Edit menyusynda ýerleşýän Edit layout (Ctrl-E) komandasy ýerine ýetirýär. Edil Microsoft Office ýaly tekstleriň üstündäki ammallar geçirip bolýar. Eger PageMaker programmasyna ýerleşdirilen teksti redaktirlejek bolsaň, onda tekst režimine girip redaktirleseň has amatly bolýar. Bu tekst redaktory haçanda uly göwrümli tekstleriň üstünde işlenende ulanylýar. Meselem, şeýle ýagdaýlar gabat gelýär, ýagny tekstde käbir harplary ýa-da simwollary degişli harplardyr simwollara bölmeli bolýar.



Adobe PageMaker-iň tekst redaktorynda faýýlary tekst režimine geçirmek üçin File menyusynda Export komantasynda d Text bölümi saýlamaly. Şondan soň Export Document penjiresinden Save as type bölüminden Text-only komandany saýlamaly. Tekst saýlanyp alnandan soňra, indiki mesele teksti nähili formatda ýerleşdirmeli diylen mesele ýüze çykýar. Teksti ýerleşdirmek:

1. Ilki bilen teksti sahypada hähili goýmaly, onuň üçin işçi meýdanynda ýerleşdirilen instrumentlar panelinde obýektleriň üstünde işlemek bölümine geçmeli.
2. Tekst saýlanyp alnandan soňra teksti ýerleşdirmek.
3. Obýekti gerekli ýeriňe süýşürmek. Munuň üçin tekstiň üstünde syçanjygyň çep düwmejigini basyp durmaly (surata seret) we belle bir wagtdan soňra obýekti alyp gerekli ýeriňe süýşürmeli (syçanjygyň çep düwmejigi basylgy ýagdaýda bolmaly).



Isiendik teksti ýerleşdirmekligiň ýene bir usuly instrumentler panelinden tekst (T) düwmejigini saýlamaly. Ondan soňra teksti ýerleşdirjek obýektiňi görkezmeli (Surata seret). Obýektiň üstünde işlemek bülümden tapawutlylvkda bu ýagdaýda siz tekstiň granisalaryny görüp bilmeýärsiňiz.




Adobe PageMaker programmasynda ramkalary (frame) döretmek. Munuň üçin Element menýusynda ýerleşýän Frame komandasynyň Frame Options bölümine girmeli. Aşakda suratda görkezilen.



Ýene bir bellemeli zatlaryň biri hem sahypada ýerleşdirilen surata tekst ýerleşdirmek. Suratdan görşüňiz ýaly tekst obýektleriniň ýerleşdirilişi görkezilen.




Surata tekst goýlanda hem edil beýleki tekst obýektleriň üstünde geçirilýän operasiýalar ýaly edilýär. Islendik ýagdaýda teksti gerekli ýeriňe süýşürmek we tekstiň ölçegini üýtgetmek bolýar.

**Windowshades komandasynyň üstünde işlemek.**

Windowshades - bellenip alnan tekstiň granisalaryny we gorizintal obýektleriň depelerini baglanyşdyrýar.




A. Windowshades-iň boş halkajygy, ol obýektiň ýokarky çägini we tekstiň başlangyjyny görkezýär. B. Boş halkajyk, ol obýektiň soňy bolmak bilen tekstiň hem soňuny görkezýär. C. Bu ýerde "+" belgisi obýektiň beýleki obýekt bilen baglanyşygyny görkezýär. D. Bu ýagdaýda tekstiň dowamynyň bardygyny görkezýär (dowam etdiriji belgi). E. Tekst ýerleşdirilen obýektiň ölçegini üýtgetmek.

**Sahypalaryň arasyndaky hereketler. Sahypany goşmak we aýyrmak,**

PageMaker programmasynda sahypa nomer goýmak Alt+Ctrl+P (Ctrl+Shift+3) üsti bilen amala aşyrylýar. Munuň üçin ilki bilen tekst režimine (T) geçmeli, sahypany goýjak ýeriňizi görkezmeli. Mundan başga-da sahypada nomeriň ýanynda islendit tekstiňizi ýerleşdirip bilersiňiz.



Sahypany goýmak prosessi Master sahypada bolup geçýär. Egerde sahypaňyz ikileýin bolsa (LM, RM), onda hersi üçin aýratyn sahypa goýmaly diýen komandany ulanmaly bolýar.




PageMaker-de sahypa goşmak ýa-da aýyrmak üçin Layout menýusynda Insert Pages-sahypa goşmak (Ctrl+Alt+Shift+G) ýa-da Delete Pages-sahypany aýyrmak komandalary ýerine ýetirýär. Mundan başga-da sahypanyň aşak tarapynda sahypany görkezijinin üstüne syçanjygy eltip sag düwmejigi basmak ýeterlikdir. Layout menýusynda ýene bir komandanyň biri hem Go to Page - bu gerekli sahypaňa çalt geçmek üçin ulanylýar. Mundan başga-da Sort Pages komandasy bardyr, bu sahypalary sortirowka etmek üçin ulanylýar.

**Tejribe işleri**

**File menýusynyň buýruklary arkaly döredilen ýa-da açylan sahypanyň ölçeglerini üýtgetmek:**

1) Sahypany A3 formatdan A4 formada geçirmek
2) Sahypany A4 formatdan A3 formada geçirmek
3) Rugsady 150 dpi bolan sahypany 300 dpi edip goýmaly
4) Ini 18 inches, beýikligi 9 inches bolan sahypany ini 9 inchesç beýikligi 18 inches ölçegde goýmaly
5) Sahypanyň rugsadyny ulaltmak
6) Sahypanyň rugsadyny kiçeltmek
7) Sahypanyň gyralarynyň ölçegini üýtgetmek
8) Ölçegleri inches-den mm-e geçirmek
9) Ölçegleri mm-den inces-e geçirmek
10) Sahypany Story ýagdaýa getirmek

***DEFINE STYLES KOMANDASYNY ULANMAK. MASTER SAHYPASYNY DÖRETMEK WE ULANMAK.***

1. Define Styles komandasyny ulanmak.
2. Master sahypasyny döretmek we ulanmak.

**Define Styles komandasyny ulanmak.**

Adobe PageMaker programmasy hem Microsoft Office programmasyndaky ýaly stilleriň üstünde işlemäge mümkinçilik berýär. Stiliň ýerine ýetirýän işleri teksti gerekli formatda formatirlemekdir.

Stiliň dörediliși:

1. Stili döretmek üçin Type menýusynda Define Styles (Ctrl-3) komandasynda girmeli. Suratda görşüňiz ýaly PageMaker programmasynyň öz hödürleýän bölümlerini görýärsiňiz.




Eger stili özüňizçe üýtgetmek isleseňiz, onda Define Styies penjirede ýerleşýän öňki stilleri aýyrýarsyňyz. Ony aýyrmak üçin Remove komandasyna girmeli.(Surata seret). Kursoryň duran ýerinde ýerleşýän stili Remove düwmejigi basmak bilen aýyryp bolýar.






3. Gerekli stiliňi döretmek üçin New düwmejige girýärsiňiz, ol ýerde siz Styles Options penjiresine girýärsiňiz.




4. Styles Options penjiresinde ýerleşýän Name diýen bölüme Siz stiliň adyny berýarsiňiz, meselem, "sozbaşy".




5. Indiki ädimimiz, ýagny döretjek stilimiziň nähili şriftde, şriftiň ölçegi, şriftiň tipi (Normal, Bold, Italic,Underline, Reverse, Strikethru), şriftiň reňki, tekstdäki setirleriň arasy, harplaryň träkleri (No trac, Very loose, Loose, Normal, Tight, Very tight), ýagny harplaryň duruş ýagdaýlary.




6. Indiki bölümde, ýagny Paragraph Spesifications, bu bölümde teksti nähili formatda ýerleşdirmeli, ýagny teksti çepeden näçe aralykda goýmak (Left), tekste abzas goýmak (First) we sagadan näçe aralykda goýmak (Right), şol sanda tekstiň ýokary we aşak çägi nähili bolmaly (Before, After). Bu penjirede ýene-de bir bölüm, ol hem Alignment-dir. Bu komanda teksti gerekli ýeriňde ýerleşdirmek işini ýerineýetirýär (Left, Center, Right, Justify, Force justify). Dictonary bölümde esasan dil saýlanýar, bu bölüm haçanda tekste bogunlaryň üstünde işlenende ulanylýar. Mundan başga-da Options bölümi bardyr. Bu bölüm özgezeginde setir bilen, sütün bilen, sahypa bilen, penjireler bilen we ş.m. bilen işlenilende ulanylýar.




7. Paragraph Specifications penjiresinde Rules diýen düwmejigi basmak bilen Paragraph Rules penjiresine girýäris. Bu penjirede esasan setirde ýerleşen tekstleriň üstünden ýa-da aşagyndan çyzyk çyzmak işini ýerine ýetirýär. Bu çyzyklaryň reňki, galyňlygy nähili bolmaly diýen bölümleri hem öz içine alýar. Suratdan görşüňiz ýaly bu bölüm hem öz içine birnäçe bölümleri akýar. Meselem, Options menýusy, bu bölüm setiriň ýokarsyndan (Top) we aşagyndan (Bottom) goýmaly ýerleri kesgitleýär.




8. Define Styles penjiresinde ýerleşýän ýene bir düwmejik Tabs-dyr. Bu düwmejigiň ýerine ýetirýän işi, ýagny tekstleriň arasynda goýulýan boş öýjükleriň ölçegini bermekdir.




9. Iň soňky düwmejigimiz Hyphenation-dyr. Ol haçanda sözleriň bogunlarynyň üstünde işlenende uianylýar. Meselem, sözleri boguna bölmek, dil saýlamak.




**Master sahypasyny döretmek we ulanmak.**

Biz Define Styles bölümi özleşdirenimizden soňra Master sahypany döretmek galýar. Haçanda tekstiň üstünde işlenende PageMaker programmasynda ilkinji nobatda tekst nähili ýagdaýda bolmalydygyny kesgitlemeli, şondan soňra tekstiň stilini düzmeli. Master sahypasynda düzülen tekst şol faýlyň hemme sahypalaryna degişlidir.

**Tejribe işleri**

**Ýalňyşlyklar bilen işlemek. Neşir işlerini üýtgetmek, ýok etmek we yzyna gaýtaryp getirmek.**

1) Sahypany çap edilýän formatda dogry goýmak
2) Sahypany çap edilýän rugsada dogry goýmak
3) Faýlyň açylmagynda ýüze çykýan ýalňyşlygy döredip, soňra kesgitlemek
4) Sahypa obýektler göçürilende çykýan ýalňyşlyklary düzetmek
5) Tekstiň harplarynyň dury görkezilmeýändigini düzetmek
6) Preferences menýusy arkaly emeli näsazlyklary döretmeli
7) Emeli döredilen näsazlyklary düzetmek
8) Şrift bilen baglanyşykly ýalňyşlyklary düzetmek
9) Sahypa ýatda saklanylanda ýüze çykýan näsazlyklary düzetmek
10) Nädogry tekstiň formatirlenmesini yzyna gaýtarmak

## *ELEMENT MENÝUSE. FRAME, ARRANGE, TEXT WRAP, IMAGE, POLYGON SETTINGS, ROUNDED CORNERS.*

1. Element menýuse.
2. Frame, Arrange, Text Wrap, Image, Polygon Settings, Rounded Corners.

Adobe PageMaker programmasynda Element menýusy grafiki bölümler bilen işlenende ulanylýar. Element menýusy öz düzümine: Fill, Stroke, Fill and Stroke, Frame, Arrange, Align Objects, Text Wrap, Group, Ungroup, Lock Position, Unlock, Mask, Unmask, Image, Polygon Settings, Rounded Corners, Link Info, Link Options, Non Printing, Remove Transformation ýaly bölümleri öz içine alýar.

### Frame

Siz PageMaker-iň döreden islendik obýektlerini gurallar paneliniň üsti bilen süýşürip, ölçegini ulaldyp we kiçeldip bilýärsiňiz. Haçanda tekst redaktirlenende onuň ölçeglere hiç-hili täsiri ýokdur. Tekstdir grafiki faýlyň ölçegi üýtgedilende aşakdaky görkezijä girmeli

Element > Frame > Change to Frame.



PageMaker-de çyzylan göniburçlyk (çepde) we frame tarapyndan çalşylan gönüburçlyk (sagda).

Tekst ramkalarynyň tekst bloklardan aratapawudy:

- Tekstiň ýerleşişini göz öňüne tutup tekstleri biri-birine baglamak;
- Teksti täzeden üýtgetmek, ýagny goşmak, aýyrmak, tekstiň formatyny üýtgetmek we ş.m tekstiň başlangyç uzynlygyny saklamak;
- Tekstiň wertikal dogrulygyny saklamak (tekst mümkin esasy sütünlere we ýokary çägine deňleşdirilen bolmagy);
- Islendik obýektler - göniburçlyk, owal ýa-da köpburçlyklar tekstiň formatyny üýtgetmegj .mümkin

Tekst ramkalary uly göwrümli tekstler ýerleşdirilende (gazetler we žurnallar) ilki bilen şol tekstleriň tutjak göwrümi göz öňüne tutulýar.



**Arrange**

PageMaker obýektleriň üstünde işlenende, ýagny bir sahypa ýerleşdirilende obýektleri biri-biriniň üstünden ýerleşdirmeli boly ar. Şeýle ýagdaýda zakaz edijiniň talabyna görä ýerleşdirilýär. Yöne gerek bolsa talaplary üýtgedip hem bolýar. Sahypada goýlan obýektleri tutmak Ctrl düwmejigiň üsti bilen amala aşyrylýar.



Obýekt yzky bölümde (çepde), obýekt obýektleriň ortasynda (oitaky) we obýekt obýektleriň öňünde (üstünde) (sagda).

Haçanda obýekt öçürilende onuň beýleki obýektler bilen başlangyç arabaglanyşyklaryny aýyrmaly, şondan soň öçürmeli.

**Text Wrap**

Islendik publikasiýalarda wizual hereketleri etmek üçin islendik grafiki obýektiň töweregine tekstleri ýerleşdirmekdir.

Grafiki obýektleriň töweregine teksti ýerleşdirmk:

1. Grafiki obýektleri saýlamaly;
2. Choose Element > Text Wrap.




3. Wrap opsiýasynyň ortaky nyşanjygy basmaly (sagky nyşanjyk aktiw däldir).
4. Tekst Flow bölümden gerekli nyşanjygyňy saýlamaly.

Çepki nyşanjykda tekst grafiki simwola geçýär we teksti indiki sahypadan dowam etdirýär. Ortaky nyşanjyk teksti grafiki simwola geçirip teksti şol sahypada dowam etdirýär. Sagky nyşanjyk grafiki obýektleriň töweregine teksti ýerleşdirýär.

5. Tekst bilen grafiki obýektleriň arasyny görkeziji Standoff in komandasy. Gerekli ýagdaýynda tekst bilen grafiki obýektiň aralygyny öz eliň bilen hem sazlamaga mümkinçilik berýär.



6. Eger-de tekstiň töweregine başga bir teksti ýerleşdirjek bolsanyň onda Element menýusyndan Group komandasyna girmeli. Group komandasy tekstili blogy grafiki simwollara öwürýär. Şondan soň grafiki simwola öwrülen teksti beýleki tekstiň gerekli ýerinde goýup Text Wrap komandanyň üsti bilen ýerleşdirip bolýar.

7. Eger grafiki obýektiň üç tarapyna tekst ýerleşdirmeli bolsa, onda grafiki obýekti sahypanyň çep ýa-da sag tarapyna dogurlamaly.

**Image**

PageMaker reňkli suratlary RGB režiminden CMYK režimine çenli üstünde işlemäge mümkinçilik berýär. TIFF formatly suratlarda CMYK režimini täzeden dikeltmäge (ýokary hilli) mümkinçilik berýär.

PageMaker-de suratyň üstünde işlenilende Element->Image komandasyna girmeli. Ol ýerde üç bölüm Image Control, CMS Source we PhotoShop Effects bardyr. Şolaryň üsti bilen suratlary redaktirläp bolýar, ýöne suratyň formaty mümkin boldugyça TIFF format bolmalydyr.



PageMaker CMYK režimini döredýär ýa-da TIFF formatyň başlangyç reňkini goýaldýar ýa-da solaldýar. Täze surat capa çykmazdan öň görmäge mümkinçilik bolýar. Eger gerek bolsa siz faýlyň öňkisi bilen arabaglanyşyk gurnap bilersiňiz.

**Tejribe işleri**

**QuarkXPress we Microsoft® Publisher® 97-2000 dokumentlerini öwrüjileriň üsti bilen Adobe PageMaker programmasynda açmak (ýumuşlar ikä bölünip talyplara paýlanýar):**

1) QuarkXPress öwrüjiň üsti bilen Adobe PageMaker programmasynda resminama açmak

2) Microsoft® Publisher® 97-2000 öwrüjiň üsti bilen Adobe PageMaker programmasynda resminama açmak

## *TYPE MENÝUSY. CHARACTER, PARAGRAPH, INDENTSVTABS, HYPENATION, ALIGNMENT KOMANDALARY.*

1. Type menýusy.

2. Character, Paragraph, Indents\Tabs, Hypenation, Alignment komandalary.

Adobe PageMaker programmasynyň Type menýusynda esasan tekst režimlerinde işlenende ulanylýar. Bu ýerde tekstleriň ölçegini, görnüşini, tekstdäki setirleriň arasyny we ş.m baradaky komandalar ýerleşdirilendir.

Type menýusy öz düzümine: Font, Size, Leading, Type Style, Expert Kerinig, Expert Traking, Horizontal Scale, Character (Ctrl-T), Pharagraph (Ctrl-M), Idents/Tabs (Ctrl-I), Hyphenation, Augment, Style, Defme Styles bölümleri alýar.

**Font** komandasynda Windows operasion ulgamynyň dikeldýän şriftleri ýerleşdirilen. Mundan başga-da özüňe gerekli şriftleri hem goşmak bolýar. Şrift goşulanda Start düwmejigiň kömegi bilen Settings bölümde ýerleşýän Control Panel penjiresine girmeli, ol ýerde Fonts diýen bölüme girmeli. Şol ýerde Windows operasion ulgamynyň dikelden hemme şriftlerini görmek bolýar. Eger-de özüňize gerekli şrifti dikeltjek bolsaňyz onda Fonts bölümde ýerleşdirilen File^Install New Font bölüme girmeli.

**Size** komandasy bu tekstiň ölçegleri bilen işleşýän bölümdir. Bu bölümde iň kiçi 6 we iň uly 72 san belgileri görkezilendir. Adobe PageMaker harplaryň ölçeginiň üstünde 4-den 650-ä çenli aralykdaky ölçegleri öz içine alýar. Eger-de 72-den uly ölçeg bermekçi bolsaňyz, onda Other komandasynyň üsti bilen ýerine ýetirilýär.

**Character Specifikations** bölüminde bir wagtda tekstiň hemme häsiýetleriniň üstünde durlup geçilýär. Meselem, **Font** bölüminde özüňe gerekli şriftleri saýlamak bolýar, şol sanda **Size** bölüminde hem gerekli ölçegiňi saýlamak bolýar.




**Leading** bölümi tekstdäki setirleriň aralygyny görkeziji bölüm. Bu bölümde setirleriň arasy **Auto** režiminde durýar, gerek bolsa omy hem üýtgetmek bolýar. Mundan başga-da **Horiz scale** bölüminde harplaryň ölçegiňi (masştabyny) görkeziji bölüm. Bu bölümde hem harplaryň ölçegi **Normal** režiminde durýar. **Tint** bölüminde harplara reňkleri guýmagyň göterim görnüşi görkezilen, bu ýerde awtomat **100%** durýar. Eger gerek bolsa özüňçe göterimi üýtgedip bolýar. **Type Style** bölümi öz düzümine **Normal, Bold, Italic, Underline, Reverse, Strikethru** bölümleri alýar. Bu bölümler tekastleriň ustende amallar geçirilende ulanylýar. **Position** bölümi tekst

obýektierini tekstiň derejesinde ýa-da indeksinde goýmak üçin ulanylýar. Başdaky ýagdaýy **Normal** režiminde bolýar. Ol öçüne **Superscript, Subscript** bölümleri alýar. **Case** bölümi tekstleri baş harpa geçirmekde ulanylýar, ol öz düzümine **Normal, All Caps, Small Caps** bölümleri alýar. Onuň hem başlangyç ýagdaýy **Normal** režiminde bolýar. **Track** bölümi tekstde ýerleşen harplaryň aralygyny kesgitleýär. Ol öz düzümine **No track, Very Loose, Loose, Normal, Tight, Very Tight** bölümleri alýar. Onuň hem başlangyç ýagdaýy **Normal** režiminde bolýar.




**Paragraph Specifications** bölümi tekst we grafiki obýektleriň üstünde amallar geçirýär. Meselem, islendik obýekti cepe, orta ýa-da saga süýşürmeli bolanda şu bölümden peýdalanylýar.

**Idents** bölümi obýektlere abzas goýmak ýa-da çepden we sagdan boş ýer goýmak ýaly işleri şerine şetirýär. Ol öz düzümine **Left, First we Right** bölümleri alýar. Bu bölümlerde olçeg millimetr (mm) hasabynda bolýar. **Paragraph space** bölümi **Before we After** bölümleri öz içine alýar. Bu bölüm setirleriň üstünde işlenende ulanylýar. Yagny **Before** - setiriň öňünden gerekli ýer goýmak, **After** bolsa setiriň soňundan. **Alignment** bölümi obýektleri gerekli ýeriňe süşürmek üçin ulanylýar. Ol öz düzümine **Left, Center, Right, Justify, Force Justify** bölümleri alýar. Dictonary bölümi dil saýlamak bölümidir. Bu bölüm tekstdäki harplaryň haýsy bölüme degişlidigini görkezýäi. Beýle diýildigi latyn ýa-da krill harplarydyr. Düzgün boýunça **None** režiminde durýar. Mundan başga-da **Us English, Russian** bölümleri bardyr. Eger tekst latyn harplarynda bolsa, onda Us **English** režimini saýlamaly. Bu bölümiň umuman ýerine ýetirýän işi sözleri we sözlemleri boguna bölmekde ulanylýar. **Options** bölümi öz düzümine **Keep lines together, Column break before, Page break before, Include in table of contents, Keep with next lines, Widow control lines, Orphan Control lines** bölümleri alýar. Mysal hökmünde **Include in table of contents** bölüme seredip geçeliň. Bu bölüm haşanda meselem kitap edilende ulanylýar. Bu bölüm kitabyň mazmuny edilende ulanylýar. Ýagny söz başynyň näçenji sahypada ýerleşýändigini awtomat hasaplaýar we ekrana çykarýar.




**IndentsYTabs** bölümi sözleriň arasyndaky ölçegi goýlanda ulanylýar. Meselem, tablisalar edilende. Gerek bolsa sözleriň arasyny özüňçe öýtgedip bolýar. **Hypenation** bölümi tekstdäki sözleri boguna bölmekde ulanylýar. Onuň iki režimi **On,Off** we üç düzgüni bolýar: **Manual only, Manual plus dictionary, Manual plus algorithm.**




**Alignment** komandasy öz düzümine Align Left (Ctrl-Shift-L), Align Center (Ctrl-Shift-C), Align Right (Ctrl-Shift-R), Justify (Ctrl-Shift-J), Force Justify (Ctrl-Shift-F) bölümleri alýar.

**Tejribe işleri**

**Master sahypasy bilen işlemek**

1) Master sahypasyny döretmek
2) Çep master sahypasyny işletmek
3) Sag master sahypasyny işletmek
4) Çepde duran sahypalaryň belgisini
5) Sagda duran sahypalaryň belgisini
6) Çepde duran sahypalarda kolontituly emeli döretmek
7) Sagda duran sahypalarda kolontituly emeli döretmek
8) Cep master sahypasynyň ölçegini üýtgetmek bilen hemme çepki sahypalarynyň ölçegini üýtgetmek
9) Sag master sahypasynyň ölçegini üýtgetmek bilen hemme sagdaky sahypalarynyň ölçegini üýtgetmek
10) Täze nusga döretmeli

## *KAGYZ ÝÜZÜNE ÇYKMAÝAN ÇYZYKLARYŇ ÜSTÜNDE IŞLEMEK. SÜTÜNLERIŇ GOÝLUŞ DÜZGÜNLERI.*

1. Kagyz ýüzüne çykmaýan çyzyklaryň üstünde işlemek.
2. Sütünleriň goýluş düzgünleri. Kagyz ýüzüne çykmaýan liniýalar Adobe PageMaker programmasynyň ýokarky gyrasynda we çep tarapda ýerleşýän ölçeýji çyzgyçlarda bolýar. Ol çyzyklary ekranyň ýüzüne getirmek üçin syçanjygyň çep düwmejigi çyzgyjyň üstünde basylgy ýagdaýda aşak ýa-da saga çekmeli. Sonda ekranyň ýüzüne gök çyzyklar peýda bolýar.






Kagyz ýüzüne çykmaýan çyzyklar - bular sahypada islendik obýektleri gerekli ýerinde ýerleşdirmek üçin ulanylýar. Kesgitli çyzgyjyň kömegi bilen toryň çyzylyşy suratda görýärsiňiz.

Çyzgyzda ulanylýan çyzyklar tekstleri we beýleki obýektleri dogry we gerekli ýerinde goýmakda uly rol oýnaýar. Çyzgyjyň ölçeg birlikleri: Inches, Inchec Decimal, Millimeters, Picas, Ciceros, Custom.

Çyzgyjy ekrana çykarmak ýa-da gizlemek: View > Show/Hide Rulers.

Ölçeg ulgamyny saýlamak we wertikal çyzgyjy dikeltmek:

1. Choose File > Preferences > General.
2. Select the Measurement System option you want to use.

The horizontal ruler reflects the measurement system you select.

3. Select a Vertical Ruler option, we OK d.wmejigini basmaly.

Nolunjy punkty ulanmak. Nolunjy punkt - bu wertikal we gorizontal çyzyklaryň başlangyjydyr. Haçanda siz täze sahypa döredeňizde PageMaker sahypanyň başyny nol režiminde goýýar. Nolunjy nokady özüňizçe gerekli ýeriňize süýşürmäge mümkinçilk bardyr.

Nolunjy punkty süşürmek:

1. Syçanjygyň kömegi bilen nolunjy punkta barmaly.
2. Gerekli ýere süşürmeli.
3. Syçanjygyň çep düwmejigini goýberiň, sonda goýan ýeriňiz nolunjy punkt bolýar.



Nolunjy nokadyň öňki we soňky ýagdaýy.

Nolunjy nokady blokirlemek: View > Zero Lock. Nolunjy nokady blokdan açmak: nolunjy nokadyň üstüne iki gezek basmaly.

Capa çykmaýan çyzyklaryň üç dolandyryjy görnüşi bar: sahypanyň gyralaryny dolandyryjylar, sütünleri dolandyryjylar we ugrukdyryjy çyzyklar.




A. Dolandyryjy çyzyklar.
B. Sahypanyň gyralaryny dolandyryjylar.
C. Sütünleri dolandyryjylar. Sahypanyň gyralarynyň ölçeglerini haçanda başda sahypa döredeniňizde berilýär. Yagny Document Setup bölüminde. Eger gerek bolsa sahypanyň gyralarynyň ölçeglerini özüňizçe üýtgedip bilersiňiz.




Sütünleri dolandyryjy bölüm haçanda sahypa islendik obýekt ýerleşdirilende onuň gyralaryny kesgitleýji hökmünde ulaný lý ar. Her bir sahypada minimum bir sütün bolýar. Gerek bolsa birnäçe sütüne bölmek hem bolýar. Munuň üçin **Layout** menýusynyň **Column Guides** komandasyna girmeli we gerekli sütüniňizi bermeli. PageMaker-iň özi sütünleriň arasyny we sütünleriň öz ölçeglerini deň bölýär.

Ugrukdyryjy çyzyklar capa çykmaýan setirler bolmak bilen sahypadaky elementleri deňlemek işini alyp barýar. Sütünleri dolandyryjylardan tapawutlylykda olar tekstler toplumyny dolandyrman dine obýektleri deňlemek işini ýerine ýetirýär.




Sahypada sütünleri, çyzgylary we sahypanyň gyralaryny deňleýjileri ýüze çykarmak we gizlemek: View > Show/Hide Guides. Sütünleri dikeltmek:



Sütünler edilişi.

**Sütünleri süşürmek we doňdurmak.**
Sütüniň ölçegini üýtgetmek üçin syçanjygyň çep düwmejigi basylgy ýagdaýynda sütüniň çäklerini görkeziji çyzygy tutmaly we gerekli ýeriňize süşürmeli



Gyraky iki çäklendiriji çyzyklar bir çyzyk boýunça süşürilýär, ortadakylar ikileýin çyzyklardyr. Olar bilelikde süşürilýär. Olaryň arasyny Column Guides penjiresinde ýerleşýän Space between columns komandanyň üsti bilen ölçegini üýtgedip bolýar.

**Sütünleriň dürli görnüşleri bilen sahypa döretmek.**
Eger gerek bolsa siz sol bir sahypada dürli görnüşli sütünleri döredip bilersiňiz. Mysal hökmünde, iki sütün sahypanyň ýokarky bölüminde we üç sütün sahypanyň aşaky bölüminde. Siz bir sahypada 20 çenli sütünleri ýerleşdirip bilersiňiz.



Dürli görnüşli sütünlere tekstleriň ýerleşdirilişi.

**Dolandyryjy çyzyklary gurnamak.**
Tekst ýerleşdiriljek sahypada wertikal we gorizontal ugrukdyryjy çyzyklaryň 120 sanysyny ýerleşdirmek bolýar.

Dolandyryjy çyzyklaryň goýluşy:

Syçanjygyň dolandyryjysyny ýokarky çyzgyja eltmeli we çep düwmejigiň basylgy ýagdaýynda aşak çekmeli.
Eger çyzgyç görkezilmedik bolsa, onda View > Show Rulers saýlamaly.



**Dolandyryjy çyzyklary aýyrmak:**

Dolandyryjy çyzyklary aýyrmak üçin syçanjygyň çep düwmejigi basylgy ýagdaýynda çyzgyjyň üstüne eltmeli.

Bir wagtda hemme dolandyryjy çyzyklary aýyrmak:
View menýusyndan > Clear Ruler Guides komandasyny saýlamaly.

**Tejribe işleri**

**Layout menýusy bilen işlemek**

1) 24 sahypa döretmek
2) 5-nji sahypadan soň 12 sahypa döretmeli
3) 3-nji sahypadan öň 5 sahypa döretmeli
4) 17-nji sahypa geçmek
5) 1-nji sahypa gaýtmak
6) 7-nji sahypany 3-nji edip goýmak
7) 5-8-nji sahypalary degişlikde 8-11-nji sahypalar edip goýmak
8) Sahypany iki sütüne bölmek we tekst ýerleşdirmek
9) Sahypada tekst ýerleşdirip üç sütüne bölmek
10) Göçürilip alnan teskti Autoflow buýrugyny ulanyp zerur bolan sahypa mukdarynda ýerleşdirmek

## *SHEMALARY AWTOMAT ÝERLEŞDIRMEK. SHEMANY DOLANDYRMAGYŇ AWTOMAT GÖRNÜŞINI ULANMAK.*

1. Shemalary awtomak ýerleşdirmek. 2. Shemany dolandyrmagyň awtomat görnüşini ulanmak. Grafiki obýektleri tekstleriň arasyna ýerleşdirmek üçin File > Place salgysyna girmeli. Şol ýerden gerekli faýlyňy saýlap tekstiň arasyna ýerleşdirmeli.




Siz PageMaker programmasyna birnäçe görnüşli grafiki faýllary Adobe Illustrator (AI), Adobe Photoshop (PSD), Adobe Acrobat (PDF), TIFF, and Encapsulated PostScript (EPS)ýerleşdirip bilersiňiz.

Ýokary takyklygy bolan PostScript imagesetter (800 dpi-den hem köp) wektor grafikaly EPS formaty ulanýar. Raster grafikasy üçin TIFF formaty ulanylýar. PostScript imagesetter formaty tekst we grafiki faýllaryň ýokary hilli çapa çykmagyna uly goşant goşýar.

Process-color separations wektor grafikaly EPS formaty eýeleýär.Bitmap reňkler üçin CMYK TIFF ýa-da DCS EPS, TIFF nokatly suratlar üçin ulanylýar. Şeýle formatly faýllar çykyş gurluşynyň ýokary hilli çykarmagyna ýardam edýär, CMYK režimiň bolsa garşysyna çykjak režim ýokdur.

TIFF formaty ýokary hilli mümkinçilikli reňlere bölmekde örän amatly bolýar. Şeýle formatly faýllar reňkler gammasynyň örän köp mümkinçiliklerini özünde saklaýar. RGB formaty hem ýokary hilli reňkleriň gammasyny özünde saklaýandyr.

Bu iki farmatly faýllar reňkleriň gammasynyň üstünde işlemekde örän ýokary mümkinçiligi bardyr.

HTML dökumentler JPG we GIF grafikaly faýllary ulanýarlar. PageMaker hem beýleki grafiki faýllary, haçanda eksport edeniňizde JPG ýa-da GIF formatyna konwertirläp bilýär.

Ýerleşdirilýän garfiki faýllaryň simwoliki belgileri:

Haçanda Siz grafiki faýllary ýerleşdireniňizde syçanjygyň görkezijisi öz formasyny faýlyň formatyna görä üýtgedýär. Aşakda nyşanlaryň birnäçe görnüşi ýerleşdirinendir:

- Bitmap (paint) image ( )
- Scrapbook (Mac OS only) ( )
- PDF, EPS graphic (Mac OS) ( )
- PDF, EPS graphic (Windows) ( )
- Photoshop file (PSD) ( )
- TIFF, GIF, JPEG, PhotoCD image ( )
- Vector (draw) graphic ( )

**PostScript printerlerde çapa çykarmak:**

EPS garfikaly we PDF formatly faýýalry ýokary hilli çapa çykarmak üçin, PageMaker birnäçe opsiýalary özünde saklaýar.

**Uns beriň:** PostScript däl printerler EPS grafikaly faýly çapa çykaryp bilmeýar.

**EPS reňkleri saklamak.**

Haçanda EPS grafika import edilende, siz EPS reňkleri hem importirläp bilýärsiňiz. Eger gerek bolsa şol reňkleri PageMaker-de üýtgedip hem bilersiňiz. Siz EPS faýly başlangyç ýagdaýyndaky ýa-da üýtgedilen ýagdaýynda çapa çykaryp bilersiňiz. Preserve EPS Color bölümini saýlap alsaňyz, onda siz PageMaker-de üýtgeden hem bolsaňyz ol diňe orginal reňki çapa çykarýar.

Original EPS reňki çapa çykarmak:

1. Choose File > Print, and then click Color.
2. Select Preserve EPS Colors.

ClickPrint.

**Iş meýdanynda reňkleriň dolanşygyny döretmek.**

Siz reňkler bilen işläniňizde esasy bölüm öňüňizdäki monitoryň reňkleri görkezijilik mümkinçiligi we soňky çykan netijä baglydyr. Gerekli reňkleriňizi almak üçin şol sanda reňkleri dolandyrmak üçin aşakdakylary ýerine ýetirmeli:

Daş-töweregiňizi gurşap alyjy reňkleri dolandyrmagy başarmaly. Günüň şöhlezi siziň ekranyňyzda görünýän reňki üýtgetmegi mümkin. Reňkleriň üstünde işlenende girizilýän üýtgeşmeleri kompýuteriň huşuna wagtal-wagtal girizip durmaly.

Öz eden işiňizi neýtral otagda - açyk reňklenen stenaly we porolokly seredip görüň. Otagyň reňki siziň işiňize örän uly täsir edýändir. Otag üçin iň oňat reňk çal reňkdir.

Iş stolyňyzda fon beriji zatlary aýyrmaly. Gurşap alan otagyňyzyň reňki näçe ýagty bolsa siziň reňkiňiz şonça görkezijilik mümkinçiligi köpelýär.

Siziň monitoryňyzdaky Contrast düwmejigi reňkiň intensiwliligini üýtgedýär, Brightness (ýagtylyk beriji) düwmejigi bolsa, gara reňkiň derejesini sazlaýar.

**Tejribe işleri**

**Type menýusy bilen işlemek**

1) Tekstiň şriftini üýtgetmek
2) Şriftiň ululygyny dürli edip ulaltmak
3) Şriftiň stilini üýtgetmek

4) Harplaryň arasyndaky aralygyny üýtgetmek
5) Sözleriň arasyndaky aralygy üýtgetmek
6) Tekstiň trekingini üýtgetmek.
7) Simwolyň häsiýetlerini üýtgetmek.
8) Tekstiň abzasynyň häsiýetlerini üýtgetmek
9) Tekstiň ýerleşişini sazlamak
10) Define Styles buýrugyny ulanmak bilen tekstiň stilini üýtgetmek

***KITAP SAHYPALARYNY WE GAZÝET SAHYPALARYNY DÖRETMEK WE ONUŇ DÜZÜM BÖLEKLERI.***

1. Gazýet sahypalaryny döretmek we onuň düzüm bölekleri.
2. Kitap sahypalaryny döretmek we onuň düzüm bölekleri.

PageMaker programmasynyň ýerine ýetirýän işleriniň biri hem gazet we kitap sahypalaryny ýerine ýetirmekdir. Häzirki döwürde biziň Garaşsyz Türkmenistanymyzda poligrafiýa ugruna uly üns berilýär. Munuň şeýledigine häzirki döwürde metbugatda çykýan gazetdir žurnallar mysal bolup biler. Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soň biziň ýurdumyzda çykýan poligrafiýa önümleriniň hiline uly üns berilýär. Muny biz öz durmuşymyzda görýäris.

Ilki bilen islendik gazet sahypasy ýerine ýetirlende sahypanyň gerekli ölçegleri (A2, A3 formaty ýa-da Custom) goýulýar. Gazet sahypalarynda goýulýan materiallaryň tutýan göwrümi ölçenilýär. Bir sahypa näçe material ýerleşdirmelidigi barada öňünden maketler düzülýär. Şol maketler jogapkär kätipler tarapyndan düzülýär. Jogapkär kätibiň düzen maketini gazetiň redaktory goldasa ýa-da üýtgeşme girizip ýerine ýetirmäge rugsat berse, şondan soň kompýuterde ýerine ýetirmek işi başlanýar.



Gazete ýerleşdiriljek materiallar ilki bilen operator tarapynda kompýuterde ýygylýar. Ýygylan materiallyň ilkinji nusgasyny korrektorlar okaýar we gerekli belliklerini girizýärler. Mundan soň girizilen bellikleri täzeden operator tarapyndan kompýuterde ýygylýar. Taýýar bolan faýly ýörite sahypada goýyjy kompýutere (maketiň üstünde işleýän dizaýner) geçirilýär. Maketa görä sahypa ýerine ýetirilenden soň bir nusgasyny korrektor okaýar we gerekli üýtgeşmeleri girizýär. Gazetiň dizaýnerini j ogapkär sekretar gerek bolsa üýtgedip bilýändir.



Mundan başga-da gazet sahypasynda ýerleşdirilýän suratlar bardyr. Suratlar

bilen göniden-göni dizaýneriň özi işleşýär. Ýagny suratyň hili bilen iş salyşýar. Gazet sahypasyna hemme gerekli zatlar ýerleşdirilenden soň, ýalňyşlyklat we üýtgeşmeler girizilenden soň bir nusga arassa kagyza çykarylýar we redaktor tarapyndan gözden geçirilýär. Hemme tarapdan goldanylandan soň gazet plýoka çykarylýar. Plýonkadan soň bolsa demire (plastina) geçirilýr. Demirden soň ýörite çap ediji gurluşlaryň kömegi bilen kagyza geçirilýär.

Umuman gazet sahypasy ýerine ýetirlende kompýuteriň roly örän güýçlidir. Dünýäniň hemme ýurtlarynda diýen ýaly gazetler PageMaker programmasynyň kömegi bilen ýerine ýetirilýär. PageMaker programmasyndan başga-da QuarkXpress pogrammasynda hem gazet sahypalaryny ýerine ýetirmek bolýar.

Kitap sahypalary hem köplenç halatlarda PageMaker programmasynyň üsti bilen ýerine ýetirilýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnama kitaby hem şu programmanyň üsti bilen ýerine ýetirilendir.

Kitap sahypalary ýerine ýetirilende edil gazet sahypalarynyňky ýaly onuň formaty (A3, A4, A5 we Custom we ş.m.) görkezilýär. Kitap sahypalarynda dizaýn işleri ýerine ýetirilende PageMaker programmasynyň mümkinçilikleri örän uludyr. PageMaker programmasy tekstleriň üstünde işlemekde özüniň artykmaçlyklary bardyr. Meselem, sözleri boguna böleniňde.



Gazet sahypalarynda bolşy ýaly kitapda hem PageMaker programmasy bilen bir hatarda Adobe PhotoShop, CorelDraw programmalary ulanylýar. Bu programmalar esasan grafiki obýektleriň üstünde işleşýär. Suratlar PhotaShop programmasynyň üstünde redaktirlenýär, gerekli animasiýadyr dizaýnerler köplen halatlarda CorelDraw programmasynyň üsti bilen ýerine ýetirilýär.

**Tejribe işleri**

**Kitap sahypalaryny we gazýet sahypalaryny döretmek**

1) ESGER gazetiniň ýüz sahypasyny döretmek
2) GALKYNYŞ gazetiniň ýüz sahypasyny döretmek
3) ZENAN KALBY žurnalynyň ýüz sahypasyny döretmek
4) TÜRKMENISTAN gazetiniň ýüz sahypasyny döretmek
5) AŞGABAT gazetiniň ýüz sahypasyny döretmek
6) MUGALLYMLAR GAZETI gazetiniň ýüz sahypasyny döretmek
7) TÜRKMENISTANDA YLYM WE TEHNIKA žurnalynyň ýüz sahypasyny döretmek
8) ADALAT gazetiniň ýüz sahypasyny döretmek
9) TÜRKMEN DÜNÝÄSI gazetiniň ýüz sahypasyny döretmek
10) TÜRKMEN DILI gazetiniň ýüz sahypasyny döretmek

## *UTILITIES MENÝUSY. PLUG-INS... KOMANDASY. BOOK, INDEX ENTRY, SHOW INDEX, CREATE INDEX, CREATE TOC... KOMANDALARY.*

Beýleki ofis programmalarynda bolşy ýaly PageMaker programmasynda hem kömekçi utilitler ulanylýar. Utilities menýusy öz düzümine aşakdakylary alýar:

1. Plug-ins..
2. Find(Ctrl-F)
3. Find Next (Ctrl-G)
4. Change (Ctrl-H)
5. Spelling (Ctrl-L)
6. Book...
7. Index Entry... (Ctrl-Y)
8. ShowIndex...
9. Create Index..
10. Create DOC...
11. Define Colors...

Plug-ins.. bölümi öz içine birnäçe komandalary alýar.

Add Confd line..., Balance Columns..., Build Booklet..., Bullets and numbering..., Change Case..., Create Color Library..., Drop Cap.., EPS Font Scanner..., Global Link Options..., Grid Manager..., Keyline..., Merge Records..., Publication Converter..., QuikTime Media..., Running Headers & Footers ..., Save for Service Provider..., Show/Hide Toolbar..., Word Counter.




Yokarda görkezilen komandalaryň hersiniň öz ýerine ýetirýän iünksiýalary bardyr. Olaryň käbirlerine seredip geçeliň.

Balance Columns - bu bölüm sütünler bilen işleşýän bölümdir. Haçanda gerekli ýerlerde sütünler döredilende, ony tekste görä ýerleşdirmeli bolýar. Meselem, sütünleriň ýokary gyrasyna ýa-da aşaky çäklerini deňleşdirmeli. Suratdan görnüşi ýaly Alignment diýen bölümden gerekli komandaňy saýlamaga mümkinçilik bolýar. Build Boollet bölümi PageMaker-de taýýarlanan sahypalary kitap formasyna geçirmek işlerini ýerine ýetirýär. 01 birnäçe bölümlerden ybaratdyr: 2-up saddle, 2-up perfect bound, 2-up consecutive, 3-up consecutive, 4-up consecutive.




Build Bookllet komandasy ýerine ýetirlenden soň täze bir kitap görnüşine getirilen faýl döredýär. Bu faýl kagyz ýüzüne çykarlanda aşakdaky tehnologiýa ulanylýar. Ýagny kitapda sahypalar jübüt (Even) we täk (Odd) görnüşinde bolýar. Haçanda sahypalar çapa goýberlende PageMakerde üç režim bolýar, ýagny Both Pages, Even Pages we Odd pages. Eger-de hemme sahypalary yzygyder çykarmaly bolsa, onda Both Pages komandasyny bermeli bolýar. Kitap tertibinde çykarjak bolsaň, onda ilki bilen haýsam bolsa (Even Pages ýa-da Odd Pages) birini ilki goýbermeli. Meselem, Odd Pages, soň beýlekini.






**Bellik:** PageMaker programmasynyň aşaky bölüminde Hstleriň sany ýerleşdirilendir, listreriň özünde bolsa kitap sahypalary ýerleşdirilýär. Haçanda, Build Booklet komandasy ýerine ýetirlende Hstleriň sanyna görä ýerine ýetirilýär.




Create DOC komandasy kitap sahypalaryny bir ýere jemleýär, ýagny kitabyň mazmunyny döredýär.

Define Colors bölümi reňkleri saýlamak bölümidir. Bu bölümde gerek bolsa täze reňk döretmäge mümkinçilik hem bardyr.

**Tejribe işleri**

**Sahypanyň bölekleri bilen işlemek**

1) Sahypa belgi goýmak
2) Sahypany düzgünleşdirmek
3) Sahypanyň tekstine grafiki çyzgylary ýerleşdirmek

4) Grafiki obýektleriň tekst bilen aralaşmasyny üýtgetmek
5) Grafiki obýektleri belli burça öwürmek
6) Tekst bloguny sahypanyň töwereginde süýşürmek
7) Tekst blogy bölmek
8) Iki sany tekst blogy birleşdirmek
9) 32 sahypadan ybarat bolan broşýuranyň sahypalaryny tertipleşdirmek
10) 27 sahypadan ybarat bolan broşýuranyň sahypalaryny tertipleşdirmek

## *COREL DRAW PROGRAMMASY BARADA*

Mesele - Esaslar, şekilleriň düzümi, çyzyklar, tekst, obýektler

Corel Draw programasy grafika bilen işlemek babatda dünýäniň öňdebaryjy programmalarynyň biri bolup durýar. Ol esasan wektor grafikanyň üstünde alnyp barylýan amallary ýerine ýetirmegi mümkin edýär. Öz işinde ol diňe grafiki obýektleri bilen işlemek bilen çäklenmän, eýsem ol tekst bilen işlemekde hem amatly mümkinçilikleri hödürleýär.

CorelDRAW programmasy illýustratiw grafika bilen işlemek üçin programmalaryň obýektl-integrirlenen toplumy bolup durýar.

«Integrirlenen toplum» sözleri hökmünde CorelDRAW programmanyň diňe bir anyk meseläni çözmek üçin aýry programma dälde, meseleleriň birnäçesini çözmek üçin niýetlenen programmalaryň utgaşmasy bolup durýar. Toplumyň integrirlenmegi, oňa girýän programmalaryň özara maglumatlar bilen aňsat alyş-çaşlyp bilýändigini aňladýar. Şeýleik bilen, toplumyň köp funksiýalylygy gazanylýar, dürli programmalaryň mümkinçilikleri bolsa öz bölekleriniň jeminden uly bolan bir bitewi zada birleşýär.

Wektor Rastr



### *Esaslar*

*Iş meýdany we ulanyjynyň interfeýsi*

Programmanyň ulanylýan faýllaryny goýbermek üçin şu giňişlikleri gözlemeli - .CDR, .CMX, .WMF.

Program goýberilenden soň suratda görkezilen CorelDRAW programmasynyň ulanyjy interfeýsiniň esasy elementlerini saklaýan penjiresi açylýar.




Windowsyň standartlaryna laýyklykda penjiräniň adynyň aşagynda menýu setiri ýerleşdirilen. CorelDRAW programmasynda menýu örän çylyşyrymly, kömekçi menýularyň we buýruklaryň köp mukdary bilen. Edil beýleki programmalarda ýaly menýu CorelDraw programmasynyň köp funksiýalaryna elýeterligi üpjün edýär, emma köp amallar onsuz hem ýerine ýetirilip bilner.

Iş meýdanyň çep böleginde Corel firmasynyň önümleri üçin spesifiki bolan gurallar toplumy (toolbox) ýerleşdirilen. Ol iş düzügünini saýlamak üçin niýetlenen. Düzgüniň saýlanylmagy gurallar toplumynyň düwmejikleriniň birine syçanjyk bilen basma arkaly amala aşyrylýar.

Gurallaryň düwmejikleriniň käbiri aşaky sag burçundan üçburçluk bilen ýerine ýetirilen, bu şol düwmejigiň ýeke däl-de birnäçe gurallar bilen baglaşandygyny görkezýär. Olaryň hemmesini görmek üçin syçanjygyň düwmejigini tiz basmagyň deregine ony basyp durmaly (1-2 sekundan soň goýbermeli) – ekranda anyk guralyň paneli açylar.

Menýu setiriniň aşagynda ýerleşen standart gurallar panelinde (toolbar) has köp ulanylýan buýruklara gabat gelýän dolandyryş elementler ýerleşdirilen: faýllary açmak, ýapmak we ýatda saklamak, alyş-çalşygyň buferi bilen işlemek, suratlary görmegiň düzgünlerine we masştabyna.

Standart paneliniň aşagynda atributlar paneli (property bar) ýerleşdirilýär. Ol saýlanylan iş düzgünine laýyklykda hemişe üýtgeýär, ol ulanyjynyň esasy iş guraly bolup durýar.

Sag araçägiň ugry boýunça ekran reňk palitrasy ýerleşen (color palette). Ol reňk doldurmanyň we obýektleriň sudurynyň reňkini bellemek üçin ulanylýar.



CorelDRAW penjiresiniň aşaky gyraňynda ýagdaý setiri ýerleşen (status bar). Onda bellenilen obýekt barada maglumatlar we programmanyň iş düzgüni barada köp peýdaly maglumatlar görkezilýär.

Iş giňişligini esasy bölegi resminamalaryň penjirelerini (drawing windows) ýerleşdirmek üçin niýetlenen. Resminama döredilenden soň, ekranda surat ýerleşdirilmeli çap sahypanyň görnüşi bolar. Sahypanyň araçäkleri kölegeli ramka görnüşinde görkezilen, emma olar şekiliň elementi bolup durmaýar. Şekili düzjek obýektler şol araçäkleriň içinde ýerleşdirilmelidir. Şekiliň penjiresiniň beýleki giňişligi iş stoly diýlip atlandyrylyp obýektleriň wagtlaýyn saklawjysy hökmünde ulanylýar.

Resminamanyň çepki we ýokarky gyraňlarynda obýektleriň koordinatalaryny ölçemek we ugrukdyryjylary ýerleşdirmek üçin gulluk edýän koordinata çyzgyçlary (rulers) bar.

CorelDRAW interfeýsinde ýanaşdyrylýan penjireler (dockers) uly rol oýnaýar.

*Täze resminamany döretmek*

Deslapdan programma goýberilenden soň hemişe resminmama açylýar. Eger işiň dowamynda ýene bir resminama açmak zerurlygy ýüze çyksa, onda File (Файл) menýusynda New (Новый документ) bendi saýlamaly ýa-da gurallaryň standart paneliniň çep gyrasynda ýerleşen New (Новый документ) düwmejige basmaly.

*Resminamalary açmak we ýapmak*

CorelDRAW-da öň döredilen resminamalar Windows üçin standart usuly bilen açylýar: CorelDRAW bilen asssiirlenen faýlyň üstüne syçanjyk bilen basylandan soň programma goýberilende; File > Open (Файл > Открыть) buýrugy ýa-da standart panelinde ýerleşen Open (Открыть) düwmejigi arkaly.

Açylan gepleşik penjiresinde Windowsyň islendik programmasyndaky ýaly hemme standart elementler bar. Ondan başga, faýllaryň sanawyndan çepde, deslapky götmegiň töweregi bar, Preview (Предварительный просмотр) baýdajygy goýlan ýagdaýynda şol töwerekde faýlyň içinde saklanylýan şekiliň kiçeldilen görnüşi görkezilýär. CorelDRAW resminamalary ýatda saklanylanda esasy sözler ýa-da bellikler bellenilen bolsa, onda olar Keywords (Ключевые слова) we Notes (Замечания) meýdanlarynda görkezilýär.

Şekiliň kiçeldilen nusgalary faýl ýatda saklanylanda oňa goşulman hem bilýär, bu ýagdaýda Preview (Предварительный просмотр) baýdajyk goýulan hem bolsa deslapky görmegiň töwereginde hiç zat görünmez.

Ulanylýan resminamany ýapmak üçin File > Close (Файл > Закрыть) buýrugy ulanmaly ýa-da şol penjiräniň sag ýokarky burçunda ýerleşen düwmejigine basmaly.

*Resminamalary ýatda saklamak*

CorelDRAW resminamasynyň ýatda saklanylmagy File > Save (Файл > Сохранить) buýrugyň saýlanylmagy ýa-da gurallaryň standart panelindäki Save (Сохранить) düwmejigine basmak arkaly amala aşyrylýar. Eger bu resminama öň ýatda saklanylman bolsa, onda ýörite Save Drawing (Сохранить документ) penjiresi açylýar.

Eger resminamany programmanyň öňki ir wersiýalarynda ýatda saklamaklyk gerek bolsa, onda bu penjiredäki Version (Версия) açylýan sanawa üns bermeli we bu sanawda gerekli wersiýany saýlamaly.

Eger faýl öň ýatda saklanylan bolsa, diske gaýtalanyş ýazgy Save Drawing (Сохранить документ) penjires açylmazdan bolup geçer.

Eger faýlyň göçürmesini döretmek üçin File > Save As (Файл > Сохранить как) buýrugyndan peýdalanmaly.

*Sahypanyň parametrlerini üýtgetmek*

Täze resminama döredilenden soň käwagt deslapdan kabul edilen çap sahypanyň ölçeglerini üýtgetmek gerek bolýar. Bu amal aşakdaky panel arkaly sahypada hiç obýekt saýlanylman wagty ýerine ýetirilip bilner.




Çap sahypalaryň ölçegi Paper Type/Size (Тип/формат бумаги) sanaw arkaly saýlanylýar, ol atributlar paneliniň iň çepinde ýerleşýär. Çap sahypanyň ölçegi hökman kagyzyň formatyna laýyk gelmän hem bilýär. Ol listiň ölçeglerinden kiçi bolsa ýeterlik.. Eger çap sahypanyň ölçegi listiňkiden kiçi bolsa, şekiliň gyrasynda arassa meýdan bolýar.

## *Şekilleriň düzümi*

Öň bellenilşi ýaly, CorelDRAW-da şekiller bilen işlemekde esas bolup obýektler bolýar. Hemme grafiki obýektleri iki derejä bölmek bolýar — çyzyklara we primitiwlere. Soňkulara şulary degişli etmek mümkin:

- Göniburçluklar
- Ellipsler
- Köpburçluklar we ýyldyzlar
- Halkaçlar
- Torlar
- Standart figuralar

*Göniburçluklar*



Görkezilen obýektleriň iň pepdäkisi — «klassik» göniburçluk. Hut şeýle görnüşde göniburçluklar döredilende görünýär. Ikinji obýekt 45° burça öwrülen. Üçünji obýektde 4 burçdan üçüsi tegeleklenen. iň sagdaky bolsa egrilen. Görnüşi ýaly gönibrçlugy beýleki obýektlerden tapawutlandyrmak kän bir aňsat hem däl, emma ygtybarly usul - obýekti saýlap, ýagdaý setire seretmeklik. Eger ol ýerde Rectangle on Layer 1 (Прямоугольник на слое 1) habar emele gelse – şol obýekt göniburçlukdyr.

CorelDRAW-da hemme primitiwler degişli gurallar arkaly gurulýar.

Göniburçluklar döretmek üçin Rectangle (Прямоугольник) düwmejigi ulanmaly. Syçanjygyň görkezijisi gönüburçluk bilen kesişmäniň görnüşini alar.

Rectangle (Прямоугольник) guraly başga usul hem arkaly işletmek mümkin, munuň üçin sahypanyň boş ýerinde syçanjygyň sag düwmejigine basmaly we kontekst menýuda Create Object > Rectangle (Создать объект > Прямоугольник) menýuny saýlamaly ýa-da F6 klawişasyna basmaly.

Gönuburçlugy çyzmak üçin Rectangle (Прямоугольник) guralynyň görkezijisini döredilýän obýektiň diagonaly boýunça süýşürmeli. Syçanjygyň görkezijisi süýşürilýän mahaly ýagdaý setirde göniburçlugyň beýikliginiň we ininiň şol wagtky bahalary görkezilýär, ekranda bolsa, onuň hemişe üýtgeýän abrisi görkezilýär. Syçanjygyň düwmejikleri goýberilen mahaly ekranda göniburçluk emele geler, onuň daşynda ramka we markerler we içinde marker bolar, ýagdaý setirinde bolsa göniburçluklaryň toparyna degişli bolan obýekt döredilendigi barada habar bolar.




*Klawişa-modifikatorlaryň ulanylmagy*

1. Göniburçluk çyzylanda Ctrl klawişasy basylanda inedördül çyzylar.

Ctrl klawişasy beýleki funksiýalary hem ýerine ýetirip bilýär. Meselem eger obýektiň öwrülmegi Ctrl klawişasynyň basylan ýagdaýynda amala aşyrylsa, onda obýekt birsydyrgyn öwrülmeginiň deregine 15° burç bilen bökme bilen öwrüler.

2. Göniburçluk çyzylanda Shift klawişasy basylanda syçanjygyň görkezijisiniň süýşürilmeginiň başlanmagynyň nokadynda burçdaky marker dälde, merkeziň markeri bolýar. Bu usul, göniburçlugyň merkeziniň ýerleşmeginiň ýeri belli bolan mahaly amatly.

Iki modifikatory bilelikde ulanmak mümkin.



Indi bolsa göniburçluklaryň atributlarynyň paneline göz ýetireliň. Atributlar panelinde obýektiň modeliniň parametrini kesgitleýän dolandyryş elementleri we şol toparyň obýektleriniň üstünden standart amallary ýerine ýetirmegi mümkin edýän düwmejikler ýerleşdirilen.

- Object(s) Position (Координаты середины). Koordinat ulgamynda (adatça sahypanyň çepki aşaky burçy bilen bagly bolan) göniburçlugyň ortasynyň koordinatlarynyň takyk bahalaryny saklaýan iki meýdan. Bu meýdanlara täze bahalary girizmek bilen göniburçlugy süýşürmek mümkin.
- Object(s) Size (Высота и ширина). Bu meýdanlardaky bahalar göniburçluklaryň ölçeglerini dolandyrýar.

Takyk aýdylanda bu meýdanlarda obýektleriň ölçegleri dälde, onuň gabaralary, ýagny ony belleýiş çägiň ölçegleri görkezilýär. Tapawut şol çägiň taraplarynyň koordinata oklaryna elmydama parallel bolmagyndan ybarat. Şol sebäpli, 45° burça öwrülen inedördül üçin iniň we beýikligiň bahalary onuň diagonalyna deň bolar.

- Scale Factor (Коэффициенты масштабирования). Bu iki meýdanda çyzyklaýyn süýnmegiň we gysylmagynyň koeffisientleri saklanylýar. Olary üýtgedip, obýektiň degişli özgerdilmegini amala aşyrmak mümkin.
- Nonproportional Scaling/Sizing Ratio (Блокировка раздельного масштабирования). Eger bu düwmejik basylan bolsa obýektiň bir tarapynyň ugry boýunça süýnmegi ýa-da gysylmagy ikinji tarap boýunça proporsionla süýnmege we gysylmaga getirer.
- Angle of Rotation (Угол поворота). Bu meýdanda obýektiň öwrüliş amalynyň dolandyryş parametriniň bahasy saklanylýar.
- Rectangle Corner Roundness (Коэффициенты закругления углов). Bu meýdanda göniburçlugyň her burçunyň tegelenmekliginiň radiusynyň otnositel bahalary saklanylýar. Bahalar göterimde ölçenilýär, 100 % hökmünde göniburçlugyň iň kiçi tarapynyň uzynlygynyň ýartysy kabul edilen.
- Round Corners Together (Блокировка раздельного закругления углов). Eger bu düwmejik basylan bolsa, tegeleniş koeffisientleriniň dördüsinden islendik biriniň üýtgedilmegi beýleki koeffisientleriň şol bir ululyga awtomatiki üýtgedilmegine getirer.

*Göniburçlugyň burçlaryny tegelemek*

Gurallar toplumynda Shape (Форма) guraly saýlamaly, onuň görkezijisini göniburçlugyň burçunda ýerleşen islendik düwüne süýşürmeli we ony göniburçlugyň islendik tarapynyň ugry boýunça geçirmeli. Syçanjygyň görkezijisiniň göniburçlugyň burçundan daşlaşmagy boýunça hemme dört burç tegelenip başlanýar, özem görkeziji näçe uzak süýşürilse, şonça hem tegelenmegiň radiusy uly bolýar.



Göniburçlugyň diňe bir burçuny tegelemeklik üçin görkezijini gerek bolan burça getirmeli we syçanjyk bilen basmaly we soň görkezijini çekmeli. Diňe şol burç

tegeleklener.

Eger üns berilse, görkeziji çekilende düwünden emele gelen iki täze düwün biri biri bilen deň hereketlenýär we olaryň süýşürilmegi olaryň biriniň göniburçlugyň tarapynyň ortasyna ýetýänçä dowam edýär. Göniburçlugyň burçunyň maksimal tegeleniş radiusy (100%) onuň iň kiçi tarapynyň ýarty uzynlygyna deň.

Eger tegeleniş koeffisintleriň ýanyndaky gulpuň şekiline eýe bolan düwmejik basylsa, onda tegeleniş koeffisientleriň biriniň üýtgedilmegi beýlekilere täsir etmez.

*Ellipsler*

CorelDRAW bilen işlenende ellipsleri öz diametri boýunça süýndürilen tegelek hökmünde hasaplamak bolýar.

Edil göniburçluk ýaly «ellips» obýektler topary öz içinde ellip bolman duran obýektleri hem alýar, ýagny ellipslerden emele gelýän ellipsleriň sektorlary we halkalary.

Geometriýada ellipsleriň ölçegleri onuň ýarym oklarynyň ölçegleri bilen kesgitlenýär, CorelDRAW-da — gabara göniburçlugyň ölçegleri bilen (belleýiş çägi bilen gabat gelýän). Ellips belleýiş çägi taraplaryň 4 sany orta markerleri ýerleşýän ýerinde degýär. Ýaňy çyzylan ellipsde diňe bir düwün bar.




*Ellipsleriň, halkalaryň we sektorlaryň çyzylmagy we modifikasiýa*

Sahypany grafika bilen doldurmazlyk üçin CorelDRAW resminamasyna täze sahypany goşmaly. Munuň üçin Layout > Insert Page (Макет > Добавить страницу) buýrugyndan peýdalanmaly we açylan gepleşik penjiresinde OK düwmejigine basmaly ýa-da penjiräniň aşagynda sahypanyň adyna syçanjygyň sag düwmejigine basyp kontekst menýuda meňzeş atly menýuny çagyrmaly.

Ellips çyzmak üçin, gurallar toplumynda Ellipse (Эллипс) guraly saýlamaly we guralyň görkezijisini çyzyljak ellipsiň gabara çäginiň diagonaly boýunça süýşürmeli. Syçanjygyň düwmejigi goýberilenden soň, ekranda ellips çyzylar.

Klawişa-modifikatorlar Ellipse (Эллипс) guraly bilen edil Rectangle (Прямоугольник) guraly bilen işleýşi ýaly işleýär. Ctrl klawişasyny basyp saklap ellipsi dälde, dogry tegelegi çyzmak bolýar, Shift klawişasy ellipsi burçdan çekmände, gabara göniburçlugyň ortasyndan çekip çyzmagy mümkin edýär. Klawişa-modifikatorlary syçanjygyň düwmejikler goýberilenden soň goýbermeli.

Gurulan ellipsiň düwünini tapmaly we onuň üstüne syçanjygyň düwmejigini getirmeli. Ellipse (Эллипс) guralyň görkezijisi Shape (Форма) guralyň görkezijisi

bilen çalşyrylmaly. Syçanjygyň düwmejigine basmaly we düwüni gabara gönibur çlugyň ortasyna tarap süýşürmeli, soňra bolsa ellipsiň araçäginden daşyna çykman sagat oky boýunça. Syçanjygyň düwmejigi goýberilenden soň ellips sektora öwrüler. Şonda ýagdaý setirinde we atributlar panelinde sektoryň merkezi burçy we ony çäklendirýän radiuslaryň ugurlary görkeziler.




Ýene bir ellipsi çyzyp onuň düwünini içinden dälde daşyna çekip süýşürmeli. Netijede sektor dälde, ellipsiň halkasy çyzylar.

Ellipsiň düwüni süýşürilende Ctrl klawişasy basylyp durulsa halkanyň ýa-da sektoryň merkezi burçy 15° bökme bilen üýtgäp durar.

Ellips toparaynyň obýektleri üçin atributlar paneline seredeliň)




- Ellipse (Эллипс). Bu düwmejik ellips bolup durýan obýekt bellenilen bolsa basylýar. Sektor ýa-da halka saýlanylan mahaly bu düwmejige basylsa olar ýapyk ellipse öwrülerler.
- Pie (Сектор). Bu düwmejik sektor bolup durýan obýekt bellenilen bolsa basylýar. Onuň basylmagy ellipsleri we halkalary sektora öwürýär.
- Arc (Дуга). Bu düwmejik halka bolup durýan obýekt bellenilen bolsa basylýar. Onuň basylmagy ellipsleri we sektorlary halka öwürýär.
- Starting and Ending Angles (Начало и конец дуги). Bu iki hasaplaýjyda sektoryň ýa-da halkanyň merkezini degişlilikde halkanyň başlangyç we ahyrky nokady bilen birleşdirýän radiuslaryň ugrukdyryş burçlarynyň bahalary saklanylýar. Ugrukdyryş burçlar sektory ýa-da halkany döredýän ellips bilen bagly bolan koordinat ulgamynda bellenilýär, başlangyç şöhle bolsa (0°) merkezi we ellips çyzylanda beýlekilerden has çepde ýerleşen nokady birleşdirýär.
- Clockwise/Counterclockwise (Направление дуги). Bu düwmejik iki şöhleden olaryň haýsy ugur boýunça sagat ugry ýa-da oňa garşy gitjekdigini kesgitleýär.

*Köpburçluklar we ýyldyzlar*

«Köpburçluk» toparyna CorelDRAW-da hemme geometriki köpburçluklar degişli – diňe dogrylar degişli: çykyp duranlar we ýyldyzlaýynlar (olary köplenç которые

чаще называют просто звездами).

Edil ellipsler we göniburçluklar ýaly köpburçluklar modifisirlenip we öz öňki şekilini tanamazça üýtgedip bilýärler.



Köpburçluklary gurmak üçin ýörite gural göz öňünde tutulan. Onuň düwmejigi Polygon (Многоугольник) guralyň panelinde beýleki iki guralyň düwmejikleri bilen bilelikde ýerleşdirilen.




Beýleki primitiwleri gurmakdan tapawutlylykda köpburçluklar bilen işlenende atributlar paneli bilen çyzmakdan soň dälde öň işlemek gerek bolýar. Meselem:

- Number of Points of Polygon (Количество узлов базового многоугольника). Bu hasaplaýjynyň bahasy ellipsiň bazasynda gurulýan köpburçlugyň ellipsde näçe düwüni guruljakdygyny kesgitleýär, şeýlelik bilen ol köpburçlugyň taraplarynyň sanyny belleýär.

Bu hasaplaýjynyň maksimal bahasy 500, minimaly — 3 deň.







- Star/Polygon (Звезда/Многоугольник). Bu düwmejikler ýyldyz köpburçlugyň çyzma düzgüni işledýärler we öçürýärler.

Ýylzdyzyň çyzylmagyny tarapynyň sany 5-den az bolmadyk köpburçluk üçin ulanmak mümkin.

- Sharpness of Polygon (Заострение углов многоугольника). Bu dolandyryş elementi (polzinokly utgaşan meýdan) diňe taraplarynyň sany azyndan 7 bolan ýyldyz köpburçluklar bilen işlenende elýeterli. Bu parametriň bahasy näçe uly bolsa, şonça hem ýyldyzyň şöhleleri ýiti bolaýr.

Köpburçluk gurulandan soň, baza köpburçlugynyň depelerinde ýerleşen düwünlerinden başga, onda köpburçlugyň her bir tarapynyň ortasynda ýerleşen goşmaça düwünler görkezilýär. Köpburçlugyň formasynyň Polygon (Многоугольник) guraly arkaly modifikasiýasy şol düwünleri süýşürmekden ybarat.

*Köpburçluklaryň gurulmagy we modifisirlenmesi*

Çyzylan köpburçlugyň düwünlerine üns bereliň. Polygon (Многоугольник) guralyň görkezijisini köpburçlugyň taraplarynyň ortasynda ýerleşen islendik düwüniň üstüne getireliň — şonda görkezijiniň formasy üýtgemeli, bu bolsa Shape (Форма) guralyň wagtlaýyn işlenendigi barada habar berýär. Ctrl klawişasyny basyp saklap, şol düwüni radius boýunça merkeze çenli ýarym aralyga süýşürmeli. „Alynan“ düwün bilen bilelikde köpburçlugyň tarapynyň ortasynda ýerleşen hemme beýleki goşmaça düwünler hem süýşer. Netijede ninzalaryň zyňýan ýaragy bolan sýurikene meňzeş figura emele geler.



Ctrl klawişasynyň basylmagy köpburçlugyň düwünleri süýşürilende olaryň baza ellipsiň radiuslary boýunça hereket bilen olaryň süýşmeginiň erkinligini çäklendirýär.

Indi guralyň görkezijisini köpburçlugyň depesinde ýerleşen esasy düwüniň üstüne getiriň we ony radius dälde merkeziň daşyndan sagat ugry boýunça süýşüriň. Netijede sýurikeniň şöhleleri mundan güýçli hem ýiti bolar, we figura oklaýyn simmetriýany ýitirip, diňe merkezi simmetriýany saklap galar.

Indi bolsa, ýene bir köpburçluk guralyň, emma ol indi tegelegiň içine dälde, bir kese çekilen ellipsiň içine salnan ýaly bolsun (aşaky surat, çepden). Polygon (Многоугольник) guralyň görkezijisini belleniş çäginiň orta markeriniň üstüne getirmeli (mundan soň ol dört başly strelka öwrülmeli) we köpburçlugy saga süýşüreliň. Syçanjygyň çep düwmejigini goýbermezdn öň, onuň sag düwmejigine basmaly (dört başly strelkanyň ýanynda «plýus» nyşany emele gelmeli). Netijede sahypada öň gurulan köpburçlugyň süýşürilen nusgasy emele geler. Bu amaly ýene iki gezek gaýtalamaly we 4 sany onburçluklardan ybarat bolan hatar emele geler. Göçürmegiň bu usuly örän peýdalydyr we ony ýatda saklamak gerek



Birinji nusgany Polygon (Многоугольник) guralyň görkezijisi bilen basyp bellemeli we köpburçlugyň hem-de ýyldyzyň düzgünlerini işlediş düwmejigine basmaly. Çykyp duran köpburçluk ýyldyza öwrüler, köpburçluklaryň ýiteldiş meýdanynda bolsa 1 baha emele geler.

Beýleki nusgalarda ýiteldiş meýdanyndaky bahany artdyrmak bilen emele gelen ýyldyzyň burçlaryny ýitileşdirmegi görüp bolar.

*Halkaçlar*

Halkaçlar şekiliň düzüm bölekleri hökmünde örän seýrek ulanylýar, ýöne olaryň ukrukdyryjylar we traýektoriýalar hökmünde ulanylmagy örän gyzykly grafiki effektleri gazanmagy mümkin edýär.

CorelDRAW-da halkaçlaryň iki görnüşi bar: simmetriki we logarifmik. Birinjiler üçin iki sany goňşy burumlaryň arasyndaky aralyk (onuň merkezinden geçirilen radiusyň ugry boýunça ölçenilen) tutuş halkaç üçin deň. Logarifmik halkaçda bu aralyk deňölçegli belli bir konstanta – halkajyň giňeliş koeffisientine proporsional bolup artýar.

Bu koeffisient göterimde ölçenilýär. Bu koeffisientiň 0.333 deň bolan bahasy, soňraky goňşy burumlaryň arasyndaky aralyk, ondan öňkileriňkiden üçden bir esse ulydygyny aňladýar.

Aşakdaky suratda birinji spiral simmetriki, ikinji spiralda koeffient = 0,5-e, üçünjide koeffisient – 1-e deň



Hakykatdan aýdylanda halkaçlar CorelDRAW-yň primitiwleri hökmünde bolmaýarlar. Şol sebäpli programmada “halkaç” diýip obýektler topary ýok. Olar egriler toparynyň düzümine girýärler. Halkaçyň dolandyryş elementleriniň hemme bahalary halkaç gurulmazdan öň goýulmaly. Halkaç bellenilen bolanda onuň dolandyryş elementleriniň bahalarynyň atributlar panelinde üýtgedilmegi oňa hiç hili täsir etmeýär.

Halkaçlar Spiral (Спираль) guraly arkaly çyzylýar, onuň düwmejigi Polygon (Многоугольник) guralyň panelinde ýerleşýär.







*Torlar*

Torlar hem edil halkaçlar ýaly aýry obýektler toparyny düzmeýär. Graph Paper

(Диаграммная сетка) gural arkaly gurulýan şekiliň fragmentleri özi bilen deň göniburçluklaryň tertipleşdirilen toparlary bolup durýar. Bu fragmentleri Rectangle (Прямоугольник) guraly arkaly gurmaklyk örän ýadadýar. Bu guralyň düwmejigi Polygon (Многоугольник) guralyň anelinde ýerleşdirilen.




Tor şeýle yzygiderlilikde gurulýar: gurallar toplumynda Graph Paper (Диаграммная сетка) gural saýlanylýar, soňra atributlar panelinde setirleriň we sütünleriň sany görkezilýär, soňra guralyň görkezijisi göniburçluk töweregiň diagonaly boýunça süýşürilýär. Tor elmydama deň inli sütünler we deň beýiklikli setrler bilen gurulýar.

***Ýumuş nusgaly plakat döretmek***



Täze sahypany dörediň, ony atlandyryň we içinde setirler öwrenilen gurallara laýyk gelýän, öýjüklerinde bolsa obýektleriň nusgalary ýerleşen jetwel görnüşinde plakaty çyzmaly.

*Standart figuralar*

Bu toparyň primitiwleri tejribede köp duş gelýän grafiki fragmentleri çyzmak üçin ulanylýar. Topar 5 bölege bölünen: baza figuralar(basic shapes), strelka (arrow

shapes), blok-shemalaryň elementleri (flowchart shapes), ýyldyzlar (star shapes), çykaryjylary (callout shapes). Aşaky suratda toparyň bölünýän bölekleriň düwmejikleri we olara degişli standart figuralaryň palitrasy görkezilen. Palitralar bölege degişli bolan guralyň atributlar panelindäki düwmejik arkaly açylýar.




Standart figuralaryň çyzylmagy ikä bölünýär: çyzma we formany sazlama. Figurany çyzmak üçin şulary ýerine ýetirmeli.

1. Perfect Shapes (Стандартные фигуры) guralyň düwmejigine basmaly.
2. Syçanjygyň görkezijisini çyzyljak standart figuranyň diagonaly boýunça süýşürmeli.

Sahypada saýlanylan standart figura emele geler, ol belleniş markerler bilen gurşalar. Mundan başga standart figuralaryň köpüsinde bellenilende kiçi romb görnüşindäki reňkli marker— marker- modifikator emele gelýär (aşaky surat, sagda). Syçanjyk arkaly marker-modifikatory süýşürip, standart figuranyň daşky keşbini üýtgetmek mümkin.



Çyzylan standart figurany soňra marker-modifikator arkaly gaýtadan sazlap, onuň gabaralaryny we ugrukdyrylmagyny atributlar paneliniň dolandyryş elementleri arkaly üýtgedip bolýar. Standart figuranyň formasyny marker-modifikator arkaly üýtgetmek mümkinçiligi figuranyň üstünden alnyp barylýan işiň tutuş dowamynda saklanylýar we ol diňe figura egri çyzyga öwrülende ýitýär.

## *ÇYZYKLAR*

*Egriniň modeli*

CorelDRAW-da kabul edilen çyzygyň modeliniň esasynda iki düşünje durandyr: düwün we segment. Düwün bolup şekiliň tekizliginde duran, segmentiň uçlarynyň biriniň ýagdaýyny belleýän nokat bolup durýar. Segment diýlip iki goňşy düwüni birleşdirýän çyzygyň bölegine aýdylýar. Ýapyk çyzykda düwünleriň sany bilen segmentleriňki gabat gelýär, açyk çyzykda düwünleriň sany 1-a artyk bolýar.

Şu ýerde „çyzyk“ diýlen adalga hökmünde egrileriň (curve) toparyna degişli bolan obýekte düşünmeli bolar.

Düwün ondan öňki segmentiň häsiýetini doly kesgitleýär, şol sebäpli ýapyk däl çyzyk üçin iki ahyrky düwünleriniň haýsysy başlangyç bolýandygyny, ýapyk çyzyk üçin bolsa çyzygyň ugruny (sagat ugry ýa-da oňa garşydygyny) bilmek zerur. Öňdäki segmentiň häsiýetleri boýunça düwünleriň üç görnüşini belleýärler: ýapyk däl çyzygyň başlangyç düwüni, şeýle hem göniçyzykly (line) we egriçyzykly (curve) düwünler. Aşaky suratda aralykdaky 1 düwün we ahyrky düwün — göniçyzykly, aralykdaky 2 düwün — egriçyzykly.

Egri çyzyjk üçin ýagdaý setiriň orta böleginde obýektiň toparynyň ady görkezilýär — Curve on Layer 1 (Кривая на слое 1), onuň çep tarapynda bolsa— şol egri çyzygyň düwünleriniň sany.




Suratdan görnüşi çyzygyň düwünleri kiçiräk inedördüliň görnüşinde görkezilýär. Başlangyç düwün biraz ulyrak inedördül bolup görkezilýär.

Redaktirlemede bellenilen düwünler hem ulaldylan görnüşinde görkezilýär.

Iň bolmanda bir egriçyzykly segment bilen goňşy bolan düwünler üçin görnüşleriň ýene bir toparlanylyşy bar: olar döwüliş nokatlaryna (cusp) we düzlenen düwünlere (smooth) bölünýärler. Ýagny, düzlenen düwüniň ýagdaýy hökmünde simmetriki düwün bolýar (symmetrical), emma şeýle düwün bolup diňe iki egriçyzykly segmentiň arasyndaky düwün bolup durýar.

Aşaky suratda görkezilen düwüniň hemme komponentleri diňe şol düwün Shape (Форма) gural arkaly bellenilen bolsa we şol egride başga düwün bellenilmedik bolsa ekrana çykarylýar.




Egriçyzykly segmentiň bellenilen düwünine galtaşylýan tarapdan ukrukdyryjy nokat görkezilýär. Ekranda ol düwün bilen ştrihleme bilen birleşdirilen garaldylan inedördül hökmünde görkezilýär. Bu ştrihleme çyzyk onuň düwüne girýän nokadynda egriçykly segmente bolan galtaşyjy bilen gabat gelýär. Ukrukdyryjy nokat düwünden näçe daşlaşylsa, şonça hem egriçyzykly segment düwünden daşlaşylýança galtaşyjydan haýal gyşarylýar. Iki egriçyzykly segmenti bölýän düwün bellenilse, ekranda 4 sany ugrukdyryjy nokat görkezilýär — her segmenitň iki uçlaryndan.

Düwüniň görnüşi (ol ýagdaý setirinde görkezilýär) onuň ukrukdyryjy nokatlarynyň özara ýerleşişini kesgitleýär.

*Döwülme nokatlary*

Düwün döwülme nokady diýlip oňa ýanaşýan segmentlere düwüniň özünden geçirilen galtaşyjylar bir çyzykda ýerleşmän doly açylan burçdan tapawutly burçy döredýän ýagdaýda atlandyrylýar. Döwülme nokatlaryň mysallary aşakdaky suratda getirilen.



a b ç

a) göniçyzykly segmentleriň sepinde; b) göniçyzykly we egriçyzykly segmentleriň sepinde; ç) iki egriçyzykly segmentleriň sepinde

*Düzlenen burçlar*

Düwün düzlenen diýlip oňa ýanaşýan segmentlere geçirilen galtaşyjylar bir çyzykda ýerleşýän bolsa atlandyrylýar. Düzlenen düwünleriň mysallary aşaky suratda getirilen.




a) göniçyzykly we egriçyzykly segmentleriň sepinde b) iki egriçyzykly segmentleriň sepinde

Iki göniçyzykly segmentleriň sepinde ýerleşen düwün düzlenen bolup bilmeýär.

*Simmetrik düwünler*

Simmetrik diýlip ugrukdyryjy nokatlar özünden deň daşlaşdyrylan düzlenen nokada aýdylýar. Döwüliş nokatlardan we düzlenen düwünlerden tapawutlykda simmetrik düwünler örän seýrek ulanylýar. Simmetrik düwüniň mysaly aşakdaky suratda getirilen.



*Ýapyk, arasy açyk we birleşdiriji çyzyklar*

Ahyrky düwün diýlip diňe bir segment bilen goňşy düwüne aýdylýar. Ýokarda bellenilişi ýaly, öňünden gelýän segmenti bolmadyk düwün başlangyç diýlip atlandyrylýar.

Başlangyç düwüne eýe bolan çyzyk ýapyk däl (open curve) diýlip atlandyrylýar. Ahyrky düwünleri ýok bolan çyzyga ýapyk (closed curve) diýilýär.

Ýapyk çyzykda başlangyç we ahyrky düwüniň roluny şol bir düwün ýerine ýetirýär, şol sebäpli onda hem şňki we yzyndan gelýän segmentleri bar. Şeýlelik bilen ýapyk çyzykda başlangyç düwün ýok, ýogsam ekranda şol düwün Shape (Форма) gural bilen saýlanylsa edil başlangyç düwün ýaly ulaldylan inedördül bilen şekillendirilen hem bolsa.

Birleşdirilen çyzyklar – bu birnäçe şahalardan (subpath) ybarat bolan obýektler, şol şahalaryň her biri ýapyk ýa-da ýapyk däl çyzyk bolup durýar. Birleşdirilen çyzyklar obýektler Combine (Соединить) buýrugy bilen birleşdirilen amallarynda we beýleki obýektler (meselem tekstler) egri çyzyklara özgerdilende emele gelýär. Birleşdirilen obýektiň esasy tapawutly häsiýeti bolup bir obýekte ulaldylan inedördül bilen belleinlen birnäçe düwünleriň bolmagy bolýar. Birleşdirilen çyzyklary aýrylaşdyryp bolaýr.



Suratda ýapyk (çepde), atasy açylan (ortada) we birleşdirilen (sagda) çyzyklar görkezilen

CorelDRAW-da islendik grafiki obýekt egrilere öwrülip bilner. Hem-de tersine, köp çylşyrymly obýektler bir ýa-da birnäçe çyzyklaryň esasynda gurulýar.

Egri çyzyklary gurmak üçin gurallaryň biri bolup Spiral çykyş edýär. Dürli görnüşli çyzyklary gurmagy mümkin edýän gurallar CorelDRAW-da Curve (Кривая) guralyň panelinde ýygnalan.




*Çyzyklar we Freehand*

Freehand (Произвольная кривая) guraly syçanjygyň hereket ediş ýoluny egri çyzyga öwürýär. Şonda çyzygyň düwünleri we segmentleri guralyň sazlanmasyna laýyklykda awtomatiki döreýär.

*Çyzyklary el bilen çyzmak*

Curve (Кривая) gurallar panelinde Freehand (Произвольная кривая) guraly saýlalyň. Syçanjygyň görkezijisi saýlanylan gurala gabat gelýän görnüşe eýe bolar. Syçanjygyň düwmejigine basmaly we görkezijini süýşürip tegeleklenen ýapyk egrini çyzmaly. Syçanjygyň görkezijisi egriniň çyzylmagy başlanan nokadyna golaýlaşanda görkeziji öz görnüşini suratdaky ýaly üýtgeder (sagda). Eger syçanjygyň düwmejigi goýberilse ýapyk egri çyzylar.



a b

Egri çyzylanda, çyzyk „başga ýere barsa“, syçanjygyň düwmejigini goýbermän Shift düwmejigine basyp saklaň. Indi görkezijini eýýam çyzylan çyzygyň ugry boýunça yza süýşürsek „nädogry“ bölegi pozup bolýar. Soňra klawişany goýberip çyzmagy dowam etmek bolýar.

Egri çyzylandan soň Shape (Форма) guraly saýlaň we onuň bilen islendik düwüne basyň, soňra bolsa ýagdaý setirindäki habary okaň. Soňra, yzygiderli Tab düwmejigni basyp, düwünden düwüne geçip olaryň görnüşini ýagdaý setirinden biliň. Netijede şular gelip çykar:

- Freehand (Произвольная кривая) gural bilen işlenende düwünler we segmentler awtomatiki döredilýärler;
- Düwünleriň köpüsi döwüliş nokady bolup durýarlar;
- Segmentleriň köpüsi— egriçyzykly.

Syçanjygyň tizligi egri çyzylanda näçe ýokary bolsa, şonça hem gurulýan düwünler biri-birinden daşda ýerleşer.

Indi ýaňky egri çyzylanda tegelenişden başlap göniçyzkly segment başlanmaly we gutarmaly mahaly Tab klawişasyny basyň. Göniçyzykly segmentler gowy çyzyldy.

Indi bolsa bu guralyň gowy oňarýan zadyny çyzalyň – diňe göniçyzykly segmentleri. Guralyň görkezijisi birinji düwüniň ýerleşmeli ýerine getirilýär we syçanjygyň düwmejigine basmaly. Indiki syçanjygyň düwmejiklerine basylmagy düwünleriň ýerleşmeli ýerinde iki gezek basylmak bilen amala aşyrylýar. Soňky gezek başlangyç nokatda basylan ýagdaýda çyzyk ýapyk bolup galýar.

Corel-Draw-yň soňky wersiýalarynda Freehand (Произвольная кривая) gurala goşmaça hökmünde Polyline (Полилиния) guraly girizilen. Onuň bilen birnäçe segmentlerden ybarat bolan egrileri çyzmak amatly. Başlangyç segment döredilenden soň syçanjygyň düwmejigine basylýar, emma ol egriniň çyzylmagyny tamamlamaýar. Syçanjygyň düwmejigi basylan mahaly görkezijiniň süýşürilmegi egri çyzygyň egriçyzykly segmentini döredýär, syçanjygyň düwmejigi goýberilen mahaly görkezijiniň süýşürilmegi göniçyzykly segmenti döredýär. Ýapyk däl egriniň çyzylmagyny tamamlamak üçin Probel klawişasyna basmaly.

*Çyzyklar we Bezier guraly*

Bezier (Кривая Безьс) guraly bilen işlände ulanyjy çyzyljak egriniň düwünleriniň ýerleşi'ini belleýär we çyzmagyň dowamynda onuň her biriniň ugrukdyryjy nokatlaryna täsir etmek mümkinçiligine eýe bolýar. Egriniň Bezier (Кривая Безье) guraly arkaly çyzylmagy egriniň her düwüni bilen işlemegiň sikllериniň yzygiderliliginden ybarat. Sikl görkezijiniň boljak düwüniň ýerine goýulmagyndan başlanýar. Soňra syçanjygyň düwmejigi basylýar we ony basyp saklap ulanyjy ugrukdyryjy nokatlaryň ýerleşişini takyklaýar, syçanjyk bilen ony süýşürip (ilkibaşda düwünden, soňra bolsa – onuň daşynda). Deslapdan simmetrik düwünler döredilýär, emma syçanjygyň düwmejigi goýberilen mahaly ulanyjy düwüniň klawişa-modifikatordan peýdalansa düzlenen düwün ýa-da döwüliş nokat dörediler. Syçanjygyň düwmejigi goýberilen mahaly düwüniň görnüşi we ukrukdyryjy nokatlaryň ýerleşişi bellenilýär, soňra indiki düwüniň kesgitleniş sikli başlanýar. Siklden çykmak üçin Probel klawişasyna basmaly.

Döwüliş nokady döredilende C klawişasyny basyp saklamaly (cusp). Düzlenen nokady döretmek üçin S (smooth) klawişa-modifikator ulanylýar.

*Çyzyklary Bezier guraly arkaly çyzmak*

Gurallar toplumynda Bezier (Кривая Безье) guraly saýlaň.

Çyzygyň gurulmagyny çyzykly segmentden öň duran düwünden başlalyň. Görkezijini gerekli nokada goýmaly we syçanjygyň düwmejigine basmaly. Düwmejigi goýbermän görkezijini birneme saga geçirmeli, düwünden „çykarylan“ ugrukdyryjy nokatlar görüner ýaly. Indiki segmente bolan galtaşyjy berk kese bolar ýaly Ctrl klawişasyna basyp saklamaly. Syçanjygyň düwmejigini goýberiň soňra bolsa Ctrl klawişasyna — egriniň birinji düwüni gurulan. Başda ol ýeke düwün bolany üçin onuň üstünden iş tamalanandan soň ol awtomatiki döwüliş nokady bolup durýar. Bu düwünde çyzyk ýapylan ýagdaýynda onuň görnüşi üýtgär.



Ikinji düwüniň gurulmagyna geçeliň. Ol birinji düwün bilen bir kese çyzykda ýerleşmelidigi sebäpli, guralyň görkezijisini süýşürmezden öň gaýtadan Ctrl klawişasyny basyp saklamaly. Ikinji düwün edil birinji düwün ýaly gurulýar, ýöne syçanjygyň düwmejigi goýberilenden soň ol simmetrik bolar. 3.10).



Üçünji düwün gönümel ikinjiň aşagynda ýerleşmelidir, şol sebäpli ikinji düwün bilen işlenenden soň Ctrl klawişasyny goýbermeseň hem bolýar. Bu gezek düwünden ugrukdyryjy nokady Ctrl klawişasyny goýbemän saga dälde çepe “çykarmaly”. Tegelenme simmetriki bolar ýaly ugrukdyryjy nokatdan düwüne çenli aralyk edil ikinji düwüniňki ýaly bolmalydyr.



Dördünji düwün edil üçünji ýaly gurulýar. Indi egrini ýapmak gerek. Munuň üçin syçanjygyň görkezijisi başlangyç nokada süýşürilýär (ýörite strelkaly nyşan emele gelýänçä) we syçanjygyň çep düwmejig basylýar. Ugrukdyryjy nokady Ctrl klawiýasy basylan ýagdaýynda saga süýşürmek galdy (tegelenme simmetrik bolar ýaly) we ýapyk egri çyzylar.



a



b

Täze Pen (Перо) guraly egrileri edil Bezier (Кривая Безье) guralyň teklip edýän usullary bilen çyzmaklygy mümkin edýär. Tapawut syçanjygyň görkezijisi egriniň nibatdaky düwüniň ýerleşiş nokadyna süýşürilende ektanda egriniň entek gurulmadyk indiki segmentiň daşky görnüşi görkezilýär.

*Üýtgeýän inli çyzyklar we Artistic Media guraly*

Artistic Media (Суперлнння) guraly arkaly «superçyzyklar» (Artistic Media Group) toparynyň düzüm obýektleri çyzylýar. Bu obýektleriň her biri iki bölekden ybarat — dolandyryjy obýektiň roluny oýnaýan we tutuşlaýyn düzüm obýektiň

formasynyň esasy parametrlerini kesgitleýän çyzykdan hem-de şol formanyň detallaryny kesgitleýän tabyn obýektden. Tabyn obýektiň rolunda ýapyk egri çyzyk eýsem CorelDRAW-daky islendik obýekt oýnap biler, özem dolandyrjy obýekt hem-de tabyn obýekt superçyzyk gurulmazdan öň çyzylyp bilner, şeýle hem çyzmagyň dowamynda gurulyp bilner. Bu mümkinçilikleri amala aşyrmak üçin Artistic Media (Суперлиния) guraly birnäçe düzgünde işläp bilýär. Artistic Media (Суперлиния) guralyň düzgünlerini saýlamaklyk aşakda görkezilen atributlar paneli arkaly amala aşyrylýar




- Preset (Заготовка), Brush (Кисть), Sprayer (Распылитель), Calligraphic (Каллиграфия) we Pressure (С нажимом) düwmejikleri guralyň düzgünlerini işletmegi mümkin edýär.
- Polzunogy bolan Freehand Smoothing (Сглаживание) meýdany düwünleriň döredilmeginiň ýygylygyny sazlamagy mümkin edýär, ýagny birleşdirilen obýektiň dolandyryjy çyzygynyň tekizligini.
- Artistic Media Tool Width (Ширина линии) hasaplaýjysy superçyzyk gurulanda tabyn obýektiň maksimal inini kesgitleýän bahany saklaýar.
- Preset (Схема заготовки) açylýan sanaw taýýarlanma düzgünde işelenende tabyn obýektiň ülňisini saýlamagy mümkin edýär.

*Kaliigrafiýa düzgüni*

Guralyň görkezijisi belli bir traýektoriýa boýunça süýşürilende bu traýektoriýa düzüm obýektiň dolandyryjy çyzygy hökmünde bellenilýär, şonda düzlenmegiň dolandyrjy parametriň bahasy hasaba alynýar. Emma süýşürme tamamlanandan soň (syçanjygyň düwmejigi goýberilenden soň) awtomatiki ýene bir obýekt çyzylýar — ýapyk egri çyzyk. Onuň formasy dolandyryjy çyzygyň formasy we kaliigrafiki peronyň häsiýetnamalary – ini we eňňitlik bilen kesgitlenýär.

Berlen inli kalligrafik pero ortaky nokady bilen dolandyryjy çyzygyň başlangyü düwünine goýulýar, soňra onuň ugry boýunça süýşürilýär. Tabyn obýekt peronyň başlangyç we ahyrky ýagdaýlaryndan we onuň gyralarynyň hereket eden traýektoriýadan ybarat bolan ýapyk egri çyzyk bolup durýar. Aşaky suratda kalligrafik gural bilen çyzylan obýekt üç gezek görkezilen, Çepde ol Shape (Форма) guraly bilen okuna basylyp saýlanylan, ortada — Pick (Выбор) guraly bilen obýektiň gyrasyna syçanjyk bilan basylyp. Sagda kaligrafik peronyň eňňitlik bahasy 0-dan 60° çalşyrylan ýagdaýynda.




*Taýýarlanma düzgüni*

Kalligrafiýa düzgüninden tapawutlykda taýýarlanma düzgüni dolandyryjy çyzygy iki usul bilen gurmagy mümkin edýär: superçyzygyň düzüm obýekti gurulýan mahaly ýa-da öňünden, soňra dolandyryjy obýekte özgertme bilen.

Birinji warianta ulanyjy edil kalligrafiýa düzgüninde ýaly hereket edýär, ýöne kalligrafiki peronyň eňňitliginiň deregine tabyn obýektiň öň taýyn ülňisi ulanylýar — bu ülňileri saklaýan sanaw atributlar panelinde emele gelýär.

Ikinji wariantda ulanyjy çyzgyny ilkibaşda Freehand (Произвольная кривая) ýa-da Bezier (Кривая Безье) guraly arkaly gurýar, soňra Artistic Media (Суперлинння) guraly saýlanylýar, taýýarlanma düzgüni işledilýär.

Eger dolandyryjy obýekt hökmünde birleşdirilen çyzyk ulanylsa, onda taýýarlanma onuň her şahamçasyna aýry ulanylýar. Taýýarlanam saýlanmazdan öň superçyzyk bolup duran obýekt bellenilse, onuň tabyn obýekti ýok edilýär, we täze tabyn obýekt bellenilýärто его подчиненный объект удаляется, а по сохраненной управляющей линии строится новый подчиненный объект в соответствии с новой заготовкой.



Çotga düzgüni

Çotga düzgüninde tabyn obýekt dolandyryjy çyzgy boýunça gurulmaýar, ol diňe onuň formasy we superçyzygyň ini boýunça deformirlenýär. Deformasiýa üçin basşlangyç material bolup sülereýler hyzmat edýär — ýörite .cтx formatda CorelDRAW programmasynyň ýüklenen bukjasynda ýerleşen \CustomMediaStrokes bukjada ýatda saklanylan şekiller. Deformasiýanyň manysy şekil-sülereý ini birleşdirilen obýektiň uzynlygyna, beýikligi bolsa superçyzgyň berlen inine deň bolar

ýaly süýnýär ýa-da gysylýar, soňra bolsa dolandyryjy çyzygyň formasyna laýyklykda gyşarylýar.

CorelDRAW-yň düzümine standart sülereýleriň toplumy girýär we olaryň içine täzelerine goşmak hem bolýar (diňe wektorlylary dälde, eýsem nokatlylary hem). Şekil \CustomMediaStrokes salnan soň onuň ýönekeýleşdirilen şekili kist üçin atributlar panelinde sülreýleri görkezýän açylýan sanawda ýerleşdiriler.




Çyzyklary kist düzgünde çyzmaklygyň usullary edil taýýarlanma düzgüniňki ýalydyr.

Şekili sülereý hökmünde ýatda saklamak üçin, ony Pick (Выбор) guraly arkaly saýlamak gerek, soňra Artistic Media (Суперлиния) guraly saýlamaly, kist düzgünini işletmeli we paneldäki degişli düwmejige basmaly we açylan penjirede at bermeli. Sülereýleri ýok etmek üçin hem degişli düwmejik bar.

Sülereýiň fiziki ýok edilmegi syçanjyk bilen düwmejige basylan ýagdaýda dälde, CorelDRAW bilen iş tamamlananda amala aşyrylýar. Şol sebäpli programma ýapylmaka ýok edilen sülereýi bilen işlemek mümkin.

*Superçyzyklary çyzmak*

1. Sahypada ýylanyň suratyny çekiň (aşaky surat, ýokarda). Ilkibaşda ýylanyň tenine we kellesine gabat gelýän ýapyk çyzygy guruň. Gözleri we burun deşikleri hökmünde ellipsleri çyzyň. Arkazynda zigzak hökmünde bolsa döwülen çyzyk gulluk etsin.



2. Indi ýylanyň hemme böleklerini Pick (Выбор) guraly arkaly göniburçluga salyp belläliň.

3. Artistic Media (Суперлиния) guraly saýlap kist düzgünini işledeliň. Soiňra disketa görnüşine eýe bolan düwmejige basyp sülereýi ýatda saklamak üçin faýlyň adyny girizmeli. Ok düwmejigi basylandan soň täze sülereý ulanylmaga taýyn.

4. Esc basyp ýylanyň bellenilmegini aýyrmaly. Artistic Media (Суперлиния) gural arkaly islendik çyzyklary çyzalyň. Netijäni ýokarky suratda görmek bolar!

5. Ýylany ýumak ýaly düýrlemek üçin Spiral (Спираль) guraly arkaly 2-3 burumdan ybarat bolan logarifmik spiraly çyzalyň. Artistic Media (Суперлиния) guraly saýlap ýylanyň sülereýini ulanalyň. Eger ýumak gaty dykyz bolsa superçyzygyň inini peseldip görmeli ýa-da obýekti ýok edip spiralyň giňeliş koeffisientini artdyryp obýekti çyzmaly .

6. Ýylany halka düýrlemek üçin dolandyryjy çyzyk hökmünde ellipsi ulanmak gerek.

7. Original göniburçluk ramkany ýasamak üçin göniburçlugy gurmaly we onuň üç burçuny – ýokarky çepdekiden başgasyny tegeleklemeli. Bu superçyzygyň güýçli döwülmesinden azat eder.

*Pürkgüç düzgüni*

Artistic Media (Суперлиния) guralyň pürkgüç düzgüni bir tabyn obýekti dälde, olaryň tutuş toparyny döredýär, ol öňden kesgitlenen şekiliň nusgalaryny we onuň böleklerini (pürkgüjiň şablonyny) dolandyryjy çyzygyň ugry boýunça ýerleşdirýär. Aşakda suratda iki mysal getirilen olaryň şablony tapawutly emma dolandyryjy çyzyklary bir görnüşli.

Ýöne bu düzümli obýektleri çyzyklara örän kynçylyk bilen degişli etmek bolýar. Pürkgüç düzgüniň funksional mümkinçilikleri örän giň. Ýagny pürkgüjiň şablonyna girýän şekiliň aýry böleklerini, olaryň dolandyryjy çyzykda ýerleşişini kesgitleýän parametrlerini, şol bölekleriň yzygiderliligini dolandyrmak mümkin. CorelDRAW-yň düzümindäki topluma pürkgüjiň şablonlarynyň köp mukdary girýär, şol şablonlaryň sanyny köpeltmegiň mümkinçiligi hem bar. Köplenç pürkgüç düzgüninde düzülen superçyzyklary original ramkalary we fonlary döretmek üçin ulanýarlar.





*Artistic Media ýanaşdyrylýan penjiresi*

Superçyzyklary gurmak we üýtgetmek üçin diňe Artistic Media (Суперлнния) guralyň atributlary panelini ulanman, eýsem deň atly ýanaşdyrylýan penjiresini

ulanmak bolýar. Ony ekranda görkezmek üçin Window > Dockers > Artistic Media (Окно > Пристыкоаываемыеокна > Суперлиния) buýrugy saýlamaly.




Ýanaşdyrylýan penjire[illegible]arlanmasynyň, pürkgüjiň sülereýleriniň we şablonlarynyň şekilini sak[illegible] getirilen. Aşaky sanawda \CustomMediaStrokes bukjanyň düzümine gabat gelýän ülňileriň doly toplumy getirilen, ýokarkyda — ýakynda ulanylanlar. Sanawyň düzümini görkezilýän obýektleriň menýusy arkaly dolandyrmak mümkin, ol saga gönükdirilen üçburçlugyň şekilini göterýän düwmejik arkaly amala aşyrylýar. Menýuda üç sany düzgüni pürkgüjiň taýýarlanmasynyň, sülereýleriniň we şablonlarynyň görkezilmegini işledýär we öçürýär.

Blokirowka düwmejigi ülňiniň saýlanylan çyzyga ulanmagyň düzgünini dolandyrýar. Eger düwmejik basylan ýagdaýda bolsa, onda sanawda bir ülňi saýlanylandan soň, derrew şol ülňi superçyzygy gurmak üçin ulanylýar. Eger düwmejik basylmadyk ýagdaýda bolsa, onda, ülňini ulanmak üçin Apply (Применить) düwmejigine goşmaça basmak gerek bolýar.

Şu ýanaşdyrylýan penjiresiniň elementlerini ulanmaklyk superçyzyklary gurmagyň üç düzgünleri: taýýarlanma, çotga we pürkgüç düzgünleri bilen işlemegi gaty aňsatlaşdyrýar.

Egri çyzygy superçyzygyň dolandyrjy egri çyzygyna özgertmek üçin, ýanaşdyrylýan penjiräniň iki sanawynyň birinde taýýarlanmanyň, sülereýiň ýa-da şablonyň gerek şekilini saýlamak we ony syçanjyk arkaly şol egri çyzygyň üstüne süýşürmek ýeterlikdir.

Şekili pürkgüjiň sülereýi ýa-da şablony hökmünde ýatda saklamak üçin ony belläp syçanjyk bilen aşaky sanawa süýşürmek ýeterlikdir. Syçanjygyň düwmejigi goýberilenden soň görkezilen şekil pürkgüjiň sülereýi ýa-da şablony hökmünde ýatda saklanylýandygy görkezilýän gepleşik penjiresi açylýar, soňra bolsa faýlyň ady berilýär.

Edil şol netijäni ýanaşdyrylýan penjiräniň Save (Сохранить) düwmejigi arkaly gazanmak mümkin.

*Basyşly surat çekiş düzgüni*

Bu düzgün ýörite enjamy talap edýär — tenzometrik grafiki planşeti, ol diňe peronyň üstünden hereketini bellemän, eýsem ulanyjynyň pero basýan güýjüni hem hasaba alýar.

Bu düzgünde peronyň planşet boýunça süýşürilmegi superçyzygyň dolandyryjy egri çyzygyny döredýär, basyş bolsa onuň inini kesgitleýär (iň ýokary basyşly ýerlerde ol atributlar panelinde bellenilen guralyň inine deň bolar).

Ekzotikanyň söýüjileri bu düzgüni planşetsiz hem ulanyp bilerler. Peronyň hereketini syçanjyk arkaly amala aşyryp basyşy bolsa kursory dolandyryjy klawişalar bilen (ýokary we aşak).

*Cyzgylaryň we ülňileriň elementleri*

CorelDRAW-daky käbir obýektler esasan ýörite şekiller: çyzgylar, ülňiler, diagrammalar, blok-ülňiler gurulanda ulanylýar. Kada bolşy ýaly, bu görnüşli şekiller dürli şertler bilen çyzylýar. Programma çyzgylary çyzmaklyga bolan standartlaryň hemmesini kanagatlandyryp bilmeýär, ýöne eger şekile önümiň gabara ölçeglerini goýmak, ýa-da onuň aýry böleklerini çykaryş çyzyklar bilen görkezmek gerek bolsa, bu işi CorelDRAW başarýar we munuň üçin onda ýeterlikçe güýçli gurallar bar.




Olaryň köpüsi Curve (Кривая) guralyň açylýan paneline ýygnalan.

Ölçeg çyzyklar

Curve (Кривая) guralyň panelinde Dimension (Размерные линии) guralyň saýlanylmagy ölçeg ülňileriniň bir toparyny (çykaryş çyzykdan, ölçeg çyzykdan we ölçeg ýazgydan ybarat bolanlary) we çykaryş çyzyklary ulanmagy mümkin edýär:

- Çyzykly ölçeg (Linear Dimension);
- Burç ölçegi (Angled Dimension);
- çykaryjy (Callout).

Düzümli obýektiň içine dürli toparlaryň obýektleri girýär. Olary aýratyn üýtgetmek mümkin däl, üýtgetme tutuşlaýyn bolup geçýär we aýratyn obýektler boýunça ylalaşykly bolýar, meselem ölçeg ýazgysy üýtgedilende şoňa görä ölçeg ülňisiniň çykaryş çyzyklary ýa ulalar ýa-da kiçeler we ölçeg çyzygy süýşüp durar.

Ölçeg ülňisini, edil düzümli obýekti ýaly aýry böleklere bölmek mümkin. Munuň üçin Arrange > Break Apart (Монтаж > Разъединить) buýrugyny saýlamaly. Bu buýruk ýerine ýetirilenden soň düzümli obýekt birnäçe obýektlere we obýektler toparyna öwrülýär. Emma bu yzyna gaýtarylmaýan hereket.

Ölçeg ülňiler we çykaryjylar bilen işlenende uly orny atributlar paneli oýnaýar.




- Ölçeg ülňisiniň görnüşini saýlaýyş düwmejikleriniň topary.
    - Auto Dimension Tool (Авторазмер). Ölçeg ülňisiniň görnüşi ülňi düzülende syçanjygyň hereketi boýunça awtomatiki kesgitlenýär. Islendik çyzykly ölçegiň ölçeg ülňisini gurmagyň prosesi syçanjygyň düwmejiginiň üç gezek yzygiderli basylmagyndan ybarat: birinji çykaryş çyzygyň „ölçenilýän“ obýekte birleşýän ýerinde, ikinji çykaryş çyzygyň birleşýän ýerinde we ölçeg ýazgynyň we ölçeg çyzygyň ýerleşişi bellenilende.

Obýektiň birleşiş nokat bolup, ölçeg ülňiniň elementleri, birleşiş çyzyklar we çykaryjylaryň başlary bagly bolup durýan nokat çykyş edýär. Guralyň görkezijisi meselem Dimension Line (Размерная линия) guralyňky — birleşiş nokadynyň üstünden baranda ol ekranda reňkli marker bilen görkezilýär. Birleşiş nokatlary hökmünde obýektleriň hemme düwünleri, şeýle hem belleýiş çäkleriň markerleriniň ýerleşiş ýeri degişli, eger olaryň ýerleşiş ýerinde obýektiň çyzygy bar bolsa. Meselem, göniburçlukda, hem-de ellipsde belleýiş çäginiň aşaky tarapynyň ortasynda birleşiş nokady bar. Emma şol çägiň burçlarynda göniburçlukda birleşiş nokatlary bar, ellipsde bolsa ýok. Primitiwleriň ortasynda birleşiş nokatlary bar.

    - Vertical Dimension Tool (Вертикальный размер). Dik ölçeg ülňisi.
    - Horizontal Dimension Tool (Горизонтальный размер). Kese ölçeg ülňisi.
    - Slanted Dimension Tool (Наклонным размер). Ölçeg çyzygyň eňňitli ugruny göz öňünde tuttýan ölçeg ülňisi.
    - Callout (Выносная линия). Ýazgyny obýektdäki birleşiş nokady bilen baglaşdyrylýan ýörite düzümli obýektiň saýlanylmagy.
    - Angular Dimension Tool (Угловой размер). Burçuň ölçegini goýmagyň ölçeg ülňisi.
- Dimension Style (Тип измерения). Bu açylýan sanaw ölçegiň bahasyny görkezmegiň formadyny dolandyrýar. Sanawa şular goşulan:
    - Decimal (Десятичный) — ölçegiň bahasy onluk drob görnüşinde görkezilýär, onda drobuň razrýadlaryň sany ölçeýşiň takyklygynyň sanawynda saýlaýyş bilen kesgitlenýär;

    - Fractional (Дробный) — ölçegiň bahasy garyşyk natural drob görnüşinde görkezilýär, onuň drob böleginiň maýdalawjysy ölçeýişiň takyklygynyň sanawynda saýlaýyş bilen kesgitlenýär;
    - US Engineering (Инженерный) we US Architecture (Архитектурный) — ABŞ standartlary.
- Dimension Precision (Точность измерений). Bu sanawyň bahalary ölçegiň ähmiýetini ölçeg ýazgysynda takyklygyny dolandyrýar.
- Dimension Units (Единицы измерения). Bu açylýan sanaw ölçeg birlikleri saýlamagy we olaryň görkezimegini saýlamagy mümkin edýär.
- Text Position (Положение текста). Ölçeg ýazgysynyň ýerleşişini kesgitleýän düwmejikleri saklaýan panel.




- Dynamic Dimensioning (Динамическая привязка). Ölçeg ýazgyny döretmegiň düzgünini dolandyrýan düwmejik. Ol basylan ýagdaýda bolsa, obýektiň ölçegi her gezek üýtgedilse ölçeg ýazgysy täzeden döredilýär. Ýogsam ölçeg ýazgysy ölçeg ülňisi döredilende bir gezek döredilýär.
- Suffix for Dimension (Суффикс размера). Ölçeg sanyň soňundan teksti goşmagy mümkin edýän meýdan.
- Prefix for Dimension (Префикс размера). Ölçeg sanyň öňünden teksti goşmagy mümkin edýän meýdan;
- Show Units for Dimension (Показывать единицы измерения): Ölçeg ýazgynyň düzümine ölçeg birlikleri goşmagy dolandyrýan düwmejik.

*Ölçegleri goýmak*

1. Sahypada dogry altyburçlugy guruň. Atributlar panelini ulanmak bilen onuň dik ölçegini 50 mm deň ediň.

2. Gurallar toplumynda Dimension (Размерные линии) guraly saýlamaly we atributlar panelinde kese ölçegiň düwmejigine basyň. Kese ölçeg ülňiniň gurmagyny atributlar panelinde dolandyryjy parametrleri bermekden başlalyň. Ölçegiň görnüşini Decimal (Десятичный) ediň, ölçeg birlikleri hökmünde millimetrleri saýlaň we ölçeg ýazgysyna oalryň ýazylmagyny gadagan ediň. Görkezmegiň takyklygyny oturdan soň iki razrýada deň ediň. Guralyň görkezijisini altyburçlugyň çepki aşaky burçuna getiriň we birleşiş nokady reňkli marker bilen bellenilenden soň syçanjygyň düwmejigine basyň (aşaky surat a.)




3. Guralyň görkezijisini altyburçlugyň sagdaky aşaky burçuna getiriň we ýokarky ýaly çykaryş çyzygyň ikinji nokadyny berkidiň (ýokarky surat b.).

4. Guralyň görkezijisini aşak süýşüriň, onuň bilen bile ölçeg çyzygy hem süýşer we çykaryş çyzyklar uzalar. Indi bolsa ölçeg ýazgynyň ýerleşişini kesgitleýän göniburçluk ortada durar ýaly görkezijini çepe süýşüriň we ýene syçanjygyň düwmejigine basyň.

5. Pick (Выбор) guraly saýlaň we altyburçluga basyň. Ölçeg ülňisi birleşdirilenden soň obýek dolandyrylýan bolup galdy, ýagny onuň üýtgedilmegi oňa birleşdirilen obýektleriň awtomatiki üýtgemegine getirýär. Eger ölçeg ýazgysna basylsa ol aýratyn belleniler we onyölçeg ülňisiniň çäginde islendik ýerde goýmak bolýar, beýleki obýektler hem şoňa görä üýtgeýär. Altyburçluk oňa birleşdirilen hemme ölçeg ülňiler üçin dolandyryjy obýejt bolsa, ölçeg ýazgysy diňe özüne degişli ölçeg ülňi üçin dolandyryjy obýekt bolup durýar.

6. Edil şolar ýaly eňňitli we dik ölçeg ülňileri çyzylýar.

7. Burç ölçegi üçin ölçeg ülňisini çyzalyň. Birinji nokady bellemzden öň ölçeg ýazgyny goşulmasyny (suffiksi) girizežiň – gradusyň belgisini. Munuň üçin atributlar paneliniň degişli ýerine kursory goýalyň, kömekçi klawiaturany Num Lock klawişasy arkaly sanlaryň giriziliş ýagdaýyna geçireliň we Alt klawişasyny basyp ondan gradus belginiň 0176 koduny ýazalyň. Soňra ölçegiň bahasyny görkezmegiň takyklygyny drobly razrýadsyz edip goýalyň. Ölçeg ülňisi ondan öňkilere meňzeş çyzylýar, ema bir goşmaça bilen: çykaryş çyzyklaryň birleşme nokatlaryny kesgitlemezden öň (aşaky surat b we ç) syçanjyk bilen basmak arkaly burç ölçegiň merkezini bellemek gerek — çykaryş çyzyklaryň kesişýän nokadyny (aşaky surat a). Eger ölçeg ülňisi doly obýekt bilen baglaşdyrylan bolsa bu birleşme nokady bolmaly




Eger ölçeg ülňisi ýalňyş çyzylan bolsa we ony ýok etmeklik gerek bolsa ony Pick (Выбор) guraly saýlaň, munuň üçin dolandyryjy teksti saýlamaklyk hem ýeterlik we Del klawişasyna basyň. Ölçenilýän obýekt ýok edilse, onuň bilen bilelikde ölçeg ülňisi hem ýok ediler.




Eger ölçeg ülňisi gurulanda çykaryş çyzyklar obýektiň birleşme nokatlaryna birleşilmän bolsa onda obýekt üýtgedilende üýtgemez we obýekt ýok edilende ýok edilmeýär.

8. Gurulan ülňilere üýtgetme giriziň. Hemme ütgetmeler Pick (Выбор) guraly bilen amala aşyrylýar.

*Çykaryş çyzyklar*

Çykaryş çyzyklar aýratyn topary düzýän düzümli obýekt bolup durýar. Olar iki segmentden ybarat, özem ikinji segmentiň ahyry çykaryjynyň ýazgysyna birleşdirilen. Ýazgy çykaryjylaryň toparynyň dolandyryjy obýekti bolup durýar. Ýazgynyň üýtgedilmegi çykaryjynyň ikinji segmentiniň uzynlygyna we ýerleşmegine täsir edýär, şonda birinji segment üýtgedilmän galýar. Ýazgynyň uzynlygynyň üýtgedilmegi çykaryjynyň segmentlerine täsir etmeýär. Obýekt süýşürilende hem oňa birleşdirilen çykaryjy hem bile süýşýär.

Çykaryjyny çyzmagyň düzgüni Dimension (Размерная линия) guraly saýlanylandan we şol guralyň atributlar panelinde çykaryjynyň düwmejigine basylandan soň 4 amaldan ybarat.

1. Birinji syçanjyk bilen basma birinji segmentiň başyny belleýär. Eger ol obýekte birleşme nokadynda ýerine ýetirilse çykaryjy obýekte birleşýär, ýogsam ol onuň bilen bagly bolmaýar.
2. Ikinji syçanjyk bilen basma birinji segmentiň ahyryny we ikinji segmentiň başyny aňladýar. Eger ikinji segment gerek däl bolsa, onuň üçin nola deň bolan uzynlyk bellenilýär, şonuň üçin ikinji gezek syçanjyk bilen iki gezek basýarlar.
3. Üçünji syçanjyk bilen basma ikinji segmentiň ahyryny we çykaryjynyň ýazgysynyň başlanýan ýerini aňladýar.

Segmentleriň ugry kesgitlenende Ctrl klawişa-modifikatordan peýdalanmak amatly.

4. Üçünji (ýa-da ikinji) syçanjyk bilen basmadan soň ýazgynyň girizme düzgüni işläp başlaýar.

Ýazgynyň tekstini girizmegi tamamlamak üçin gurallar toplumynda Pick (Выбор) saýlamak ýeterlik.

**Düwün**




*Birleşdiriji çyzyklar*

Birleşdiriji çyzyklar çyzykly obýektleriň aýratyn toparyny düzýär, olar dürli ülňi şekilleri, aýratynlykda hem blok-shemalary çyzmak üçin örän amatly gural bolup durýar. Standart figuralar bilen utgaşykda Interactive Connector Tool (Соединительная линия) guraly olar bilen işlenende goşmaça amatlyklary hödürleýär.

Birleşdiriji çyzygyň iki ujy hem obýekte birleşme nokatlarynda birleşmelidir. Çyzylandan soň birleşdiriji çyzygy birleşme nokatlaryny birleşdirýär. Birleşmegiň iki warianty bardyr: birleşdirilen obýektleriň özara ýerleşişine garamazdan berk kese ýa-da berk dik göniçyzykly segmentlerden ybarat bolan döwülen çyzyk (döwülen birleşdiriji çyzyk) we göni çyzygyň kesimi (göni birleşdiriji çyzyk) bilen. Wariantyň saýlanylmagy guralyň atributlar panelinde ýerleşen Angled connector (Ломаная соединительная линия) we Straight connector (Прямая соединительная линия) düwmejikleri arkaly amala aşyrylýar.

Birleşdiriji çyzygyň gurulmagy Interactive Connector Line (Соединительная линия) gural saýlanylandan soň iki amal arkaly amal aşyrylýar.




1. Iki obýektiň birine birleşdiriji çyzygyň berleşýän nokadyny syçanjyk bilen basmak arkaly bellemeli.

2. Ikinji obýekte birleşdiriji çyzygyň birleşýän nokadyny syçanjyk bilen basma arkaly bellemeli.

Birleşdiriji çyzyk gurulandan soň onuň aýry segmentlerini Interactive Connector Line (Соединительная линия) guraly arkaly süýşürmek mümkin. Birleşme çyzygyň birleşýän iki obýekti onuň üçin dolandyryjy bolup durýar.

*Birleşdiriji çyzyklary gurmak*

Ilkibaşda göniburçluk bilen ellipsi çyzyň soňra bolsa olary birleşdiriji çyzyklaryň ikisi bilen baglaşdyryň, özem olary birleşme nokatlaryň iki aýry jübüdi bilen birleşdiriň. Ikinji birleşdiriji çyzygy döretmezden öň birleşdiriji çyzygyň görnüşini üýtgetmeli. Soňra Pick (Выбор) guraly arkaly dolandyryjy obýektleriň birini saýlamaly we ony ikinjiň daşyndan süýşürip duruň.

Aýry ýagdaýlarda birleşdiriji çyzyk obýekte diňe bir ujy bilen birleşdirilip bilner. Şonda ikinji ujy sahypa birleşdirilen diýlip hasaplanylýar. Obýekte birleşdirilen birleşdiriji çyzygyň ujuny soňra aýryp bolýar, aýrylany bolsa birleşdirip bolýar. Döwülen birleşdiriji çyzygyň segmentiniň ortasynda birleşme nokady ýerleşýär şol sebäpli döwülen birleşdiriji çyzyga beýleki birleşdiriji çyzygy birleşdirmek mümkin.

## *TEKSTLER BILEN IŞLEMEK*

Corel Draw-da tekst esasy iki bölege bölünýär - figura we ýönekeý tekstlere.

*Figura teksti*

Umuman figura teksti özi bilen köp derejeli birleşdirilen obýekt bolup durýar. Bir derejeli obýektler bilen birnäçe biri-biri bilen baglaşdyrylmadyk şahalardan ybarat bolan we bitewi obýekt hökmünde özüni alyp barýan egrilere seredilende tanyşylypdy. Eger şeýle obýekti belläp, soňra Arrange > Break Apart (Монтаж > Разъединить) buýruk saýlanylsa, ol adaty obýektlere öwrülýär. Figura tekstiň blogy bölünende özüni başgaça alyp barýar. Birinji bölünmeden soň ol, başlangyç figura tekstiň setirlerine gabat gelýän figura tekstleriň utgaşmasyna öwrülýär. Setiriň bölünmesi sözleriň utgaşmasyny berer, sözüň bölünmesi bolsa simwol bolup durýan figura teksti berýär.




Ters amal hem mümkin. Munuň üçin Arrange > Combine (Монтаж > Соединить) buýrugy ýerine ýetirmeli.

*Figura tekstiň atributlary*

Her bir simwol üçin şu atributlar degişli:

- Garnitura (font). Elipbiýiň simwollarynyň şekillerine garnitura diýilýär..
- Kegl (size). Bendlerde tekstiň simwollarynyň beýikligine kegl diýilýär. Käwagt garnituranyň we kegliň utgaşmasyna kegl diýilýär (meselem, deslapdan figura tekstleri Avant Garde Bk BT 24 bentli şrift bilen çykarylýar). Garnituranyň we kegliň täsirini aşakda görmek mümkin




- Şekili (style). Ştrihleriň galyňlygyny üýtgetme we olaryň eňitliginiň hasabyna bolup geçýän tekstleriň simwollarynyň suratynyň modifikasiýasyna şekil diýilýär. Standart şekiller hökmünde adaty (Normal), kursiwli (Normal-Italic), ýarym goýy (Bold) we ýarym goýy kursiwli (Bold-Italic) hasaplanylýar.



- Aşagyny çyzma (underline), üstüni çyzma (strikethra) we üstünden çyzma (overscore). Çyzmak üçin standart çyzyklar bolup CorelDRAW-da inçe ýeke çyzyk (Single Thin), galyň ýeke çyzyk (Single Thick) we goşa inçe çyzyk (Double Thin) hasaplanylýar. Her bir toplum üçin diňe probelsiz teksti çyzmagy mümkin edýän modifikasiýa gönükdirilen (degişlilikde Single Thin Word. Single Thick Word и Double Thin Word). CorelDRAW-da çyzyklaryň standart toplumynyň parametrlerini üýtgetmek mümkin (galyňlygyny, tekstiň baza çyzygyndan bolan aralygy, goşa çyzyklaryň arasyndaky aralygy).




- Simwollaryň registrini (uppercase). Bu atribut registriň özgerdilmegini hasaba almak bilen simwollaryň görkezilmegini dolandyrýar. Ol üç baha eýe bolup bilýär: özgerdilmesiz (None), kapitel (Small CAPS) kapitallaşdyryş (All CAPS). Kapitel özgerdilmegi işledilende hemme setir simwollary adaty beýiklige eýe, emma surat boýunça olar degişli uly harplara gabat gelýär. Kapitallaşdyrma özgerdilmegi setir simwolalryň deregine olaryň baş harplaryny görkezýär.
- Indeks düzgüni (position). Bu atribut simwolalry ýokarky (setiriň üstündäki) we aşaky (setir aşagyndaky) indeksleri döredýär.
- Simwollaryň süýşmegi (character shift). Bu topara üç atribut girýär: смещение keselik(Horizontal), diklik(Vertical) we burçlaýyn (Rotation) süýşme. Aşaky suratyň ýokarky setirinde käbir simwollar üçin diklik boýunça süýşme,orta setirde — kese boýunça, aşakyda — bir harp üçin goşmaça kese we dik süýşme we 160° öwrüm ulanylan.




Figura tekstiň blogy üçin şeýle atributlar kesgitlenen.

- Deňeşdirme (alignment):
    - None (Отсутствует) — sözler bloguň çep araçägi boýunça deňleşýär, emma, keselik boýunça süýşmegiň otrisatel bahalaryny girizmek bilen aýry simwollary ondan hem çepräk çykarmak mümkin;
    - Left (По левому краю) — sözler bloguň çep araçägi boýunça deňleşýär, eger şonda aýry simwollar çepe süýşse, onda olar bloguň çep araçäginden çepe çykarymagyň deregine hemme beýleki setiriň saga süýşmegi bolup geçýär;
    - Center (По центру) — sözler merkezden deňleşip başlanýar;

- Right (По правому краю) — sözler bloguň sag araçägi boýunça deňleşýär, eger şonda aýry simwollar saga süýşse, onda olar bloguň çep araçäginden çepe çykarymagyň deregine hemme beýleki setiriň çepe süýşmegi bolup geçýär;
- Full Justify (По ширине) — sözler sag we çep araçäkler boýunça deňleşýär, emma söňky setiri çep araçägi boýunça deňleşýär;
- Force Justify (Полное по ширине) — ýokarky ýaly, emma soňky setir hem ini boýunça iki araçäk bilen deňleşýär.

- Interlinýaž (line space). Bu atribut figura tekstiň blogunyň goňşy setirleriniň arasyndaky aralygy dolandyrýar. San bilen interlinýaž tekstiň goňşy setirleriň baza çyzyklarynyň arasyndaky aralyga deň. Deslapdan bu ululyk CorelDRAW-da saýlanylan şriftiň simwollarynyň beýikliginiň göteriminde görkezilýär.
- Interwallar (space). CorelDRAW-da goňşy simwollaryň arasyndaky (Character) we goňşy sözleriň arasyndaky (Word) aralyklary mejbury üýtgetmek mümkinçiligi bar. Simwolara aralygyň üýtgedilmegine treking diýilýär. Sözara aralyk deslapdan 100% deň.

*Figura tekstiň bloguny döretmek*

Hem figura teksti, hem-de ýönekeý teksti CorelDRAW-da Text (Текст) guraly, emma aýry usular bilen döredilýär. Text (Текст) guraly saýlanylandan soň aşakdaky atributlar çykýar.




Figura tekstiň bloguny başlamak üçin tekstiň ýerleşmeli ýerine syçanjyk bilen basmaklyk ýeterlik. Sahypada dik çyzyk hökmünde tekst kursory emele geler.

Girizme prosesini tizleşdirmek ýa-da bloga teksti import etmek üçin, girizme we redaktirleme düzgüniň düwmejigine basylandan soň açylýan penjireden peýdalanmak mümkin.




Bu ýerde köp düwmejikler esasy atributlar panelindäki düwmejikleri dublirleýär. Aýratyn orny F şekilli düwmejik tutýar — ol Format Text (Форматирование текста) gepleşik penjiresini açýar.



- Import (Импортирование). Bu düwmejik teksti başga faýldan almagy mümkin edýän gepleşik penjiresini açýar.
- Options (Дополнительно). Bu düwmejige basylsa aşakdaky kontekst menýuny açýar, bu menýu tekst bilen işlemek üçin kömekçi gurallara el-ýeterligi üpjün edýär.




*Figura teksti girizmek, redaktirlemek we formatirlemek*

1. Text (Текст) guraly saýlaň we syçanjyk bilen sahypanyň ýokarky bölegine basyň. We belli bir teksti giriziň.

2. Atributlar panelinde çap edilmeýän simwollar düzgüniniň düwmejigine basyň we probelleriň deregine kiçijik tegelekleriň, setirleriň ahyrlarynda abzasyň soňunyň simwollarynyň emele gelendigine üns beriň

3. Tekste ýörite simwol girizmek üçin Text > Insert Character (Текст > Вставка символа) buýrugy bilen Insert Character (Вставка символа) ýanaşýan penjiresini açalyň. Bu ýerde garnituarany saýlap, olaryň içinden gerekli simwoly syçanjyk bilen gerekli ýere süýşüriň. Onuň reňkini üýtgetmek üçin ekran palitrasyndaky belli bir reňke basyň.

Edil şeýle usul bilen figura tekste islendik wektor şekilini goýmak mümkin. Bu ýagdaýda ol Text (Текст) guralyň görkezijisi arkaly ýanaşýan penjireden dälde, gönümel sahypadan geçirilýär. Goýulmazyndan öň şekiliň ölçegleri şol şriftiň standart simwolynyň ölçeglerine deň edilip getiriler we geljekki kegliň üýtgemegi şol goýlan şekile hem täsir eder. Beýle şekiller tekstiň içine goýlan diýlip atlandyrylýar. Bu şekili standart usullar arkjaly redaktirlemek mümkin däl.






4. Teksti redaktirlemegiň penjiresine atributlar panelindäki düwmejige basyp geçiň Options > Replace Text (Дополнительно > Заменить текст) buýrugy ýerine ýetirip, kontekst çalşyryşyň gepleşik penjiresini açyň we belli bir sözi alyp başga söze Replace All (Заменить все) düwmejigine basyp çalşyryň.

5. Aýry islendik bölekleri Text (Текст) guraly bilen belläp, olaryň kegelini we garnituralaryny üýtgediň. Deňleşdiriş düzgünleriniň täsirlerini barlap görüň. Interlinýažyň bahasyny kegelden 120% etmek üçin formatirleme penjiresi açyp görüň.

6. Ahyrynda figura tekstiň bloguny bölüň. Arrange > Break Apart (Монтаж > Разъединить) buýrugyny saýlaň. Üns berseňiz markerler tutuş blogy gurşaman onuň diňe birinji setirini belleýärler. Amaly ýene iki gezek gaýtalaň – setiri sözlere, soňra bolsa — sözi aýratyn simwollara bölmek üçin.

*Ýönekeý tekst*

Edil figura teksti ýaly köp derejeli birleşen obýekt bolup durýar, emma bölünende ýönekeý tekstiň geçýän derejeleri kän. Ýönekeý tekstiň uly mukdary bölünende şular emele gelip biler: tekstiň sütünleri, sanaw bendleri, abzaslar, setirler, sözler, simwollar. Mundan başga hem, figura teksti bilen tapawutlylykda ýönekeý tekst gönümel çap sahypasynda ýerleşip bilmeýär. CorelDRAW-da islendik ýönekeý tekst ýörite obýekt – ýönekeý tesktiň ramkasynyň içinde (paragraph text frame) ýerleşýär. Baglaşyklar arkaly ramkalar düzümli obýekt – ýönekeý tekstiň ramkalarynyň yzygiderliligini, onuň aýry elementleri aýry sahypalarda hem ýerleşip biler CorelDRAW. Ýönekeý tekstiň ramkanyň baza formasy— göniburçluk, emma olar soň oslendik görnüşleri alyp biler.

*Ýönekeý teksti döretmek we redaktirlemek*

Ýönekeý tekst Text (Текст) guraly arkaly döredilýär. Emma onuň döredilmezden öň syçanjygyň görkezijisini boljak ramkanyň burçunyň ýerleşmeli ýerine getirmeli we ony diagonal boýunça süýşürmeli. Syçanjygyň düwmejigi goýberilenden soň, ramka emele geler, onuň içinde dik çyzyk görnüşinde tekst kursory ýerleşer. Ramkanyň içinde ýerleşen tekst onuň daşyna çykyp bilmeýär, we sag araçägine ýetilende ol awtomatiki täze setire geçýär, abzas döretmek üçin bolsa Enter klawişasyna basmak ýeterlik. Eger tekst aşaky araçägiň aşagyndan hem aşak düşse onuň şol bölegi görünmän galar.




Eger ýönekeý tekstiň uly mukdaryny girizmek gerek bolsa, ony başga tekst prosessorynda taýýarlap, soňra bolsa Edit Text (Редактирование текста) penjiresiniň Import düwmejigi ulanyp ony geçirmeli. Programmada alynan tekstiň abzaslarynyň we simwollarynyň başlangyç formatirlenmegini, diňe simwollaryň formatirlenmegini saklamagy ýa-da import edilýän teksti diňe simwollaryň yzygiderliligi hökmünde goýmak mümkinçiligi bar.

Ýönekeý teksti redaktirlemek üçin, oňa Text (Текст) guralyň görkezijisi bilen basmaly,

ýa-da ramka Pick (Выбор) guraly bilen basyp atributlar panelinden Edit Text (Редактирование текста) gepleşik penjiresini çagyrmaly.

*Baglanan ramkalaryň yzygiderliligini döretmek*

Baglanan ramkalaryň yzygiderliligini bir tekst bölegini bir sahypanyň birnäçe ýerinde ýa-da birnäçe sahypada ýerleşdirmek üçin ulanylýar. Gürrüň göçürmeler barada dälde, bir ramkadan beýlekä geçilende tekstiň dowamy barada gidýär (çepki surat).

Eger ramkanyň içindäki tekst doly görkezilmeýän bolsa, onda ramkanyň aşaky çäginiň ortasynda ýerleşen indikator aşak gönükdirilen strelkaly göniburçlugyň görnüşini alýar. Syçanjyk bilen şol indikatora basylan ýagdaýynda guralyň görkezijisi tekstli listiň görnüşini alýar (aşaky surat).




Yzygiderlige täze ramkany goşmak üçin görkezijini onuň diagonaly boýunça süýşürmek ýeterlikdir (aşaky surat).




Bir yzygiderlilige girýän ramkalar reňkli strelkalar bilen görkezilýär. Ýokarky we aşaky indikatorlaryň formasy boýunça ramkanyň yzygiderlilikde tutýan ýeri we onda sygmadyk tekst barada barada gürrüň edip bolýar. Birinji ramkada ýokarky indikator boş. Eger ramka yzygiderlilikde iň soňky däl bolsa, onuň aşaky indikatory tekstli kiçi sahypa görnüşinde görkezilýär; eger ramka birinji däl bolsa, onuň ýokarky indikatory tekstli kiçi sahypa görnüşinde görkezilýär. Eger ramka iň soňky bolsa onuň aşaky indikatory boş bolýar ýa-da sygmadyk tekst bolsa aşak gönükdirilen strelkany saklaýar.

Eger yzygiderlilikdäki ramka islendik görnüşe eýe bolar ýaly, ilkibaşda şol ýapyk obýekti gurmaly, soňra guralyň görkezijisini aşaky indikatora basyp tekst bilen “zarýadlamaly”. Indi görkeziji şol ýapyk obýektiň içine süýşürilende ol saga gönükdirilen giň strelka görnüşine eýe bolar. Syçanjyga basylandan soň obýektiň formasy bilen gabat gelýän ramka emele gelýär we sygmadyk tekst onuň içine ýazylýar.




Ýokarky amalyň netijesinde ýapyk figuradan (dolandyryjy obýekt) we göniburçluk ramkadan ybarat bolan düzümli obýekt emele gelýär. Ramka düzülenden soň dolandyryjy obýekt gerek däl, sebäbi onuň üýtgedilmegi ýönekeý tekstiň ramkasyna täsir etmeýär. Şol sebäpli düzümli obýekti Arrange > Break Apart (Монтаж > Разъединить) buýrugy bilen bölüp ýapyk egrini ýok etmek bolýar.

Eger guralyň görkezijisi “zarýadlanandan” soň syçanjyk bilen ýapyk egrine basylman açyk egrisine basylsa, onda egrini bellemegiň ramkasy bilen gabat gelýän göniburçluk ramkasy emele geler we oňa düşen tekstiň başy şol egriniň ugry boýunça ýerleşdirilýär galan tekst bolsa ýerleşmedik bolup galýar.

Yzygiderlilige girýän ramkany ýok etmek üçin ony Pick (Выбор) guraly bilen saýlap Del klawişasyny basmak ýeterlik. Eger soňky ramka ýok edilse, ondan saklanylýan tekst ondan öňki tekste sygmadyk hökmünde geçirilýär. Birinji ramka ýok edilende tekst ikinji geçirilýär, ikinjiden üçünjä we ş.m. Tekstiň artykmaçlygy hemişe soňky ramkada ýerleşdirilýär (sygmadyk tekst hökmünde). Aralykdaky ramka ýok edilende awtomatiki täze baglanyşyk döredilýär.

Baglanan ramkalaryň yzygiderliligini islendik ýerde gurmak mümkin. Eger täze ramka döredilende onuň yzyndan gelýän ramkalar hem bar bolsa, onda yzky ramkalardan tekst awtomatiki öňki ramka geçýär.

Yzygiderliligiň düzümine girýän ramkalar dürli sahypalarda ýerleşip biler. Beýleki sahypada ramka döredilende guralyň görkezijisi “zarýadlanandan” soň şol sahypa geçmeli we tekst ramkasyny döretmeli.. Eger öň döredilen ramkany beýleki sahypa geçirmek gerek bolsa, ilkibaşda ony Pick (Выбор) guraly bilen sahypanyň daşyna çykarmaly, beýleki sahypa geçip iş stolundan şol ramkany sahypanyň içine süýşürmeli.

Ýene-de bir zady bellemek, eger islendik tekst Copy buýrugy bilen göçürilende, onda islendik (ýapyk hem bolsa) obýektiň daşky çyzygynyň üstüne Text guralynyň görkezijisi getirilende, ol A harpyň ýanynda egri çyzygyň görnüşini alar, şol ýagdaýda syçanjygyň düwmejigine basylsa kursor obýektiň içinde däl-de daşky sudurynyň üstünde durar. Bu ýagdaýda Paste buýrugy ýerine ýetirilse tekst obýektiň sudurynyň üstünde ýerleşer, eger tekstiň uzynlygy sudurda uly bolsa, onda sygmadyk tekst gaýtadan suduryň daşyndan aýlanar – tä soňky simwol aýlanýança (dürli aýlawdaky emma bir ýerde duran simwollar biri-biriniň üstünde ýerleşer).

*Tekst bilen aralaşma*

Bu düzgün tekst bilen aralaşmagy None (Без обтекания) baha eýe bolmadyk üçin hemme obýektler üçin işleýär. Bu atribut atributlar panelindäki Wrap Paragraph Text (Обтекание простым текстом) düwmejigi bilen bagly bolan menýudan çagyrylyp bilner (aşaky surat). Mundan başga hem yş, ýagny tekst bilen obýektiň arasyndaky minimal aralyk bellenilip bilner.




Aşaky suratda obýektiň sudury boýunça aralaşma görkezilen: a – aralaşmasyz, b - çepki aralaşma, ç - sagdaky aralaşma, d – töwerekleýin aralaşma




Aşaky suratda belleýiş çäk boýunça aralaşma görkezilen: a –- çepki aralaşma, b - sagdaky aralaşma, ç – töwerekleýin aralaşma, d – kesimleýin aralaşma.

Belleýiş çägi göniburçluk bolany sebäpli aralaşma hem degişli görnüşde amala aşyrylýar.




a b ç d

*Ýönekeý tekstiň atributlary*

Figura tekstiň hemme atributlary ýönekeý tekstde hem bar, emma soňkuda düzüm bölekleriň sany köpräkdigi sebäpli Format Text (Форматирование текста) gepleşik penjiresiniň goşmaçalarynda goşmaça elementler emele gelýär.




Programmanyň öňki wersiýalary bilen tapawutlylykda soňky wersiýalarda Format Format Text (Форматирование текста) gepleşik penjiresiniň köp funksiýalary Text menýusyna geçirilipdir.

Text menýusynyň Paragraph Formatting bendine basylsa aşaky ýanaşýan penjire açylýar.

Alingment bölüminde deňleşdimäni keslik we (ýa-da) diklik boýunça amala aşyrmak mümkinçiligi bar.

Spacing (Интервалы) hasaplaýjylaryň topary Before paragraph (Перед абзацем) we After paragraph (После абзаца) hasaplaýjylary saklaýar, olar abzalaryň arasynda boş aralyklary goýmagy mümkin edýär, Line hasaplaýjysy bolsa islendik bellenilen setirleriň arasyndaky boşluklary dolandyrýar. Deslapdan abzasyň öňündäki interwal setirara interwala deň (100%), abzasdan soňky nola deň bolýar.

Indents (Отступы) hasaplaýjylaryň topary abzas aralyklary bellemegi mümkin edýär.

- Left (Левый) hasaplaýjysy abzasyň setirleriniň (birinjidn başga) birinji simwollaryň deňleşýän dik çyzyga bolan ýönekeý tekstiň ramkasynyň çep araçäginden aralygy belleýär.
- Right (Правый) hasaplaýjysy abzasyň setirleriniň (birinjidn başga) birinji simwollaryň deňleşýän dik çyzyga bolan ýönekeý tekstiň ramkasynyň sag araçäginden aralygy belleýär.

First line (Первая строка) hasaplaýjysy abzasyň birinji setiri üçin çepki aralygy belleýär.




Text menýusyndaky Hyphenation Settings (Установки переноса) bendi kömekçi gepleşik penjiresini açýar, bu penjire sözleriň geçirilmegini dolandyrýan elementleri saklaýar.

- Automatic hyphenation (Автоматическая расстановка переносов) baýdajygy sözleri geçirmegi awtomatiki edýär.
- Break capitalized (Разбивать прописные) baýdajygy baş harplardan bolan sözler üçin geçirmekligi gadagan edýän düzgüni ýatyrýar.
- Hot zone (Зона переноса) hasaplaýjysy geçiriş zolagyň inini belleýär, ol ýönekeý tekstiň sag araçägine ýanaşýar. Eger söz setire sygmaýan bolsa, onda awtomatiki geçiriş düzgünde şol sözüň başy nirede ýerleşýändigi barlanylýar, eger ol geçiriş zolagyna düşýän bolsa onda ol indiki setire geçirilýär. Eger sözüň başy geçiriş zolakdan çepde ýerleşýän bolsa, onda onuň bölegini geçirmeklik synanyşylýar.

Geçiriş zolagy näçe inçe bolsa, şonça herm geçiriş nyşany (-) bilen tamamlanýan setirleriň sany köp bolar we setirler dykyz bolar

- Min. word length (Минимальная длина слова) hasaplaýjysy geçirilip bilinjek sözdäki simwollaryň iň az sanyny belleýär (deslapdan — 6 simwol).
- Min. characters before (Минимальное число символов до) we Min. characters after (Минимальное число символов после) hasaplaýjylary degişlilikde geçiriş nyşandan öň we soň setirde galmagy mümkin bolan simwollaryň iň az sanyny belleýär.

*Tabulýasiýa*

Ýönekeý tekst bilen işlenende tabulýasiýanyň ornuny tekstiň koordinata çyzgyjyň ýa-da Text menýusynyň Tabs (Табуляции) bendi arkaly bellemek mümkin.

Bende basylanda Tab Setting gepleşik penjiresi açylýar. Penjirede üç sütünden ybarat bolan jetwel bar. Jetweliň birinji sütün degişli tabulýatoryň ornuny görkezýär. Alignment (Выравнивание) sütüniň öýjügine basylsa tabulýasiýa orny üçin deňleşdirmegiň görnüşini saýlamagyň sanawy görkezilýär: Left (Çep), Right (Sag), Center (Merkez boýunça) или Decimal alignment (onluk nokady boýunça).

Leadered (С заполнителем) baýdajyklaryň sütüni, tabulýasiýanyň orny dolduryjy bilen baglymy ýa-da ýokdygyny görkezýär. Dolduryjy setiri tabulýasiýanyň öňki we şol wagtky orunlary boýunça deňlenen tekstleriň arasynda adaty probelleriň deregine doldurýan simwollaryň gaýtalanýan yzygiderliligi bolup durýar.




Simwol-dolduryjjyny bellemek üçin Penjirede ýerleşen Leader Option düwmejigine basmaly. Açylan penjirede Character (Символ) meýdanyna simwoly girizmeli. Deslapdan dolduryjy hökmünde probel ulanylýar. Spacing (Интервал) hasaplaýjysy dolduryjydaky simwolara aralygy dolandyrýar.

Bir abzasyň çäginde dolduryjynyň sazlanmasynyň diňe bir warianty ulanylyp bilner.

Tabylýasiýanyň täze ornuny girizmek üçin Add (Добавить) düwmejigine basmaly, eger orny ýok etmek gerek bolsa şol orny belläp Remove (Удалить) düwmejigine basmaly, hemme orunlary ýok etmek üçin Remove All (Удалить все)düwmejigine basmaly.




*Tekstiň sütünleri*

Ramkanyň çäginde ýerleşdirilen teksti birmnäçe sütünlerde ýerleşdirmek mümkin (8-den köp däl). Tekstiň sütünleri deň ýa-da dürli inli bolup biler. Sütünleri dolandyryş elementler Text menýusynyň Columns bendi bilen çagyrylýan Columns Settings gepleşik penjiresinde ýerleşdirilen.

- Number of columns (Число колонок) hasaplaýjysy ýönekeý tekstiň bölünýän sütünleriň sanyny berýär.
- Width (Ширина) sütünde tekstiň sütünleriniň her biriniň inini girizmek bolýar.
- Gutter (Средник) sütünde ara zolagyň inini görkezmek bolýar.
- Equal column width (Колонки равной ширины) baýdajygy iniň we orta zolagyň atributlary diňe birinji sütün üçin berilýän beýleki sütünler bolsa şoňa meňzeş atributlary alýan düzgüni işledýär.
- Framme Settings bölüminde Maintain current frame width (Сохранять ширину рамки) pereklýuçatel goýlan bolsa, onda abzasyň ramkasynyň ini hemişe sütünleriň inine we orta zolaklaryna garaşsyz bolup durýandygyny

görkezýär. Automatically adjust frame width (Автоматически изменять ширину рамки) pereklýuçatel goýlanda ramkanyň ini hemişe üýtgäp we sütünleriň jemi inine we orta zolaklaryna deň bolup durar.




*Markirlenen sanawlar we bukwisalar*

Bu effektler Tekst menýusynyň Bullet (Маркер списка) hem-de Drop cap (Буквица) bendleri arkaly çagyrylýan gepleşik penjiresi bilen amala aşyrylýar.

Markirlenen sanaw Bullet (Маркер списка) gepleşik penjiresi bilen amala aşyrylýar:

- Font (Шрифт) açylýan sanaw simwollary Symbol (Символ) sanawynda görkezilýän şriftiň garniturasyny saýlamagy mümkin edýär.



- Size (Размер маркера) hasaplaýjysy sanawyň markeriniň keglini kesgitleýär. Deslapdan onuň bahasy abzasyň birinji simwolynyň kegli boýunça goýulýar.
- Baseline shift (Смещение маркера) hasaplaýjysy sanawyň markeriniň abzasyň birinji setiriniň baza çyzygyna görä diklik boýunça süýşmegini kesgitleýär.
- Spacing meýdanynyň Text frame to bullet hasaplaýjysy tekstiň ramkasynyň we sanawyň markeriň arasyndaky aralygy belleýär, Bullet to text hasaplaýjysy sanawyň markerinden oňa degişli tekste bolan aralygy kesgitleýär.
- Penjiredäki Use handing indent style for bulleted lists pereklýuçateli işledilende markerli abzasyň birinjiden soňky gelýän setirler birinji setir bilen çep araçäkden deň aralyklda ýerleşdirilýär, eger ol pereklýuçatel işledilmedik bolsa onda birinji setir markerden aralykda ýerleşip, ondan soňky gelýän setirler marker bilen çep araçäkden deň aralykda ýerleşer.

Poligrafiýada bukwisa diýip, abzasyň beýleki tekstine görä aýratyn ýerleşdirilen we has uly kegl bilen alnan abzasyň birinji simwolyna aýdylýar.

Drop cap (Буквица) penjiresinde aşakdaky elementler bar:

- Appearance meýdanynyň Number of lines dropped hasaplaýjysy tekstiň setiriniň sanyny kesgitleýär, olaryň umumy beýikligi hem bukwisanyň beýikligi hökmünde alynýar.
- Space after drop cap hasaplaýjysy bukwisanyň sag gyrasynyň we tekstiň arasyndaky aralygy kesgitleýär.

Penjiredäki Use handing indent style for drop cap pereklýuçateli işledilende bukwisaly tekstiň birinjiden soňky gelýän setirler birinji setir bilen çep araçäkden deň aralyklda ýerleşdirilýär, eger ol pereklýuçatel işledilmedik bolsa onda birinji setir bukwisadan aralykda ýerleşip, ondan soňky gelýän setirler bukwisa bilen çep araçäkden deň aralykda ýerleşer.




Ýönekeý tekst bilen işlemek

Ýönekeý tekst bilen işlemekigiň usullaryny öwrenmek üçin belli bir şertli menýunyň makedini döredeliň. Onuň suraty aşakda getirilen

1. Text (Текст) guraly saýlap, sahypanyň ýokarky böleginde ýönekeý tekstiň bloguny krediň we Edit Text (Редактирование текста) gepleşik penjiresine geçiň.

2. Teksti giriziň hem-de ony gerekli abzaslara Enter bilen bölüň. Menýunyň bölümleriniň atlary aýry abzaslarda ýerleşmelidir. Tekst girizilenden soň Edit Text (Редактирование текста) gepleşik penjiresini ýapyň.




3. Aýry abzalar üçin garnituralary we keglleri belläň.

4. Tekst kursory menýunyň bölümleriniň atlarynyň abzaslaryna goýup bukwisalaryň parametrlerini goýuň (bu maketde atlar uly däl we bukwisalaryň beýikligini iki setiriň beýikliginden ýokary etmeklik zerur däl).

5. Menýunyň her bir bölüminiň naharlaryna gabat gelýän abzalary belläp olar üçi sanaw markerlerini belläň.

6. Ýönekeý tekstiň baglanan ramkalarynyň yzygiderliligini dörediň. Yzygiderlilikde alty ýa-da üç ramka gerek bolar, soňky ýagdaýda iki soňky ramkadaky teksti birnäçe sütünde ýerleşdirmeli bolar.

*Figura we ýönekeý tekstiň özara özgertmeleri*

Figura teksti ýönekeýe özgertmek mümkin. Kesgitli şertler berjaý edilende ters özgerme hem mümkin.

Figura teksti ýönekeýe özgertmek üçin ony Pick (Выбор) guraly bilen bellemeli, soňra bolsa Text > Convert To Paragraph Text (Текст > Преобразовать в простой текст) buýrugy saýlamaly.

Ýönekeý teksti figura tekstine özgertmek üçin ony Pick (Выбор) guraly bilen bellemeli, soňra Text > Convert To Artistic Text (Текст > Преобразовать в фигурный текст) buýrugy saýlamaly.

Ýönekeý tekst özgerdilende onuň käbir elementleri ýitýär: tesktiň sütünleri, bukwisanyň tabulýasiýa orny. Ýönekeý tekstiň ramkasynda ýerleşmedik tekst bar bolsa, ýa-da ol ramkalaryň yzygiderliligine girýän bolsa, ýa-da oňa ýörite özgerdilme

ulanylan bolsa (meselem, tektiň egri çyzyk boýunça ýewrleşdirilmegi), figura tekstine özgerdilme mümkin däl.

## *OBÝEKTLER*

*Obýektleri gurallaryň görkezijileri bilen bellemek*

Obýektleri bellemek üçin Pick (Выбор) guralyny ulanmak gerek.

Deslapdan reňksiz obýektiň çäginde syçanjygyň basylmagy ony edil reňkli obýekti belleýän ýaly belleýär. Emma reňk ýok bolanda obýekt açyk we onuň yzyndaky obýektler görüner ýşne olary bellemek mümkin däl bolar. Eger hemme obýektleriň bellenilşini ýatyryp atributlar panelinde Treat As Filled (Считать заполненными) düwmejik basylsa reňksiz obýektiň bellenilmegi şol obýektiň abrisiniň islendik nokadyna basylsa amala aşyrylýar, eger ol düwmejik goýberilen bolsa reňksiz obýektiň bellenilmegi diňe onuň suduryna basylan ýagdaýynda amala aşyrylar.



Group of 3 Objects on Layer 1
Width: 26,141 Height: 30,945 Center: (74,267; 165,950) millimeters

Bellenilen obýekt ekranda bellenış ramka bılen gurşalýar, ol ramka 8 markerden ybarat, onuň merkezinde kese krest görnüşindäki ýene bir marker goýulýar.

Obýektiň bellenilmegi ýatyrmak üçin Pick (Выбор) guraly bilen sahypanyň islendik ýerine basmaly ýa-da Esc klawişasyna basmaly.

Aýry ýagdaýlarda syçanjyk bilen basylandan soň obýekt dälde, obýektleriň topary bellenilýär. Topar diýlip toparlaşdyrma amaly arkaly baglanan obýektleriň utgaşmasyna aýdylýar. Özgertme amallary ulanylanda topar bitewi obýekt hökmünde bolýar, bellenişde bolsa olaryň birine syçanjygyň basylmagy şol obýekti bellemän tutuş topary belleýär.



Child Ellipse on Layer 1
Width: 17,804 Height: 12,152 Center: (71,371; 175,347) millimeters

Eger topara girýän obýekti bellemek gerk bolsa, onda ilkibaşda şol topary bellemeli, soňra bolsa CTRL klawişasyny basyp saklap gyzyklanýan obýekte syçanjyk bilen basmaly. Şonda belleniş markerleriň görnüşi inedördülden tegeleklere üýtgär (surata ser.).

Eger bellenilen obýektiň ýany bilen ýene-de birnäçe obýektleri bellemek gerek bolsa, onda olary Pick (Выбор) guražy bilen bellenende, Shift klawişasyny basyp durmaly. Bellenişden ol ýa-da başga obýekti çykarmak üçin Shift klawişasy basylan mahaly oňa syçanjyk bilen basmaklyk ýeterlikdir.

Käbir ýagdaýlarda gerekli obýekti saýlamak örän kyn bolýar, özem onuň sudury we reňki ýok bolsa onda has hem kyn. Bu ýagdaýlarda Wireframe (Каркас) görkezmegiň düzgüninden peýdalanamk ýa-da obýektleriň dispetçeriniň kömegi bilen işlemeklik maksada laýykdyr.

*Obýektleri bellemegiň kömekçi usullary*

Eger bir ýerde ýerleşen birnäçe obýektleri tiz belläp almak gerek bolsa, onda Pick (Выбор) guralyň görkezijisini şol obýektleri göniburçluk çägiň içine salar ýaly ýerleşdirip, şol göniburçlugyň diagonaly boýunça süýşürmeli, syçanjyk goýberilenden soň şol çäge doly tutuş giren obýektler bellenilgi bolar, eger çägiň içine doly girmedik, emma çäk bilen kesilip geçilen obýektleri bellemek hem gerek bolsa, göniburçluk belleýiş çägi döredilende Alt klawişasyny basyp saklap durmaly.

Köplenç obýektler biri-biriniň öňünde ýerleşýärler we yzyndakylary ýapýarlar. Tab klawişasyna basylyp dursa, belleýiş iň öňdäki obýektden çap sahypasyna tarap obýektleri bellemegi amala aşyrylar, Shift+Tab klawişalary basylan ýagdaýynda tersine

Edit > Select All > Objects (Правка > Выделить все > Объекты) buýrugyň saýlanylmagy bilelikde sahypada ýerleşen hemme obýektleri saýlamagy mümkin edýär.

*Ýerleşdiriş*

Obýekt ýerleşdirilende atributlar panelindäki onuň diňe iki parametri – onuň merkeziniň koordinatalary üýtgeýär.

Ýerleşdirmegiň iň ýönekeý usuly obýekti Pick (Выбор) gural arkaly geçirmekden ybarat. Köplenç obýekt süýşürilende ol kän bir birsydyrgyn süýşürilmeýämn ýaly görünip bilner. Bu dürli baglanyş düzgünleri bilen bagly bolup biler, olar aşakda getirilen.




Eger bellenilen obýekti sahypanyn belli bir ýerinde ýerleşdirmeli gerek bolsa, bu ýerde bellenilen obýektiň merkeziniň dolandyryjy x we y koordinatalaryny üýtgetmeli we Enter basmaly.

*Transformation ýanaşdyrylýan penjiresiniň ulanylmagy*

Ýolarda agzalan ýerleşdiriş usullar belli bir markeriň ýerleşiş meselesini, ýa-da bellenilen obýekti mysal üçin göräleýin 10mm-e süýşürmek meselesini çözüp bilmeýärler. Bu ýerleşmegi awtomatlaşdyrmak üçin Transformation (Преобразование) penjiresiniň goşmaçasynyň biri gulluk edýär. Onyü açmak üçin Arrange > Transformation (Монтаж > Преобразование) buýrugy açmaly.

Penjiräniň ýokarky böleginde özgertmegiň 5-ni saýlamagyň düwmejikleri bar. Olaryň çetki çepkisi ýerleşiş özgerdilmegine gabat gelýär.

Özgertmegiň görnüşini saýlamaklyga baglylykda penjiräniň dolandyryş elementleriniň düzümi üýtgäp biler.

Ýerleşdiriş düzgüninde penjirede şular ýaly dolandyryş elementler bar.




- H we V hasaplaýjylary bellenilen obýektiň baglama nokadynyň ýerleşýän ýerini kesgitleýärler.
- Relative Position (Относительно) baýdajygy koordinatalary hasaplamagyň usulyny dolandyrýar. Ol aýrylan bolsa baglama nokadynyň täze ýerleşmeli ýeriniň koordinatalary çap sahypasy bilen bagly bolan ulgamda hasaplanylýar. Baýdajyk goýlan bolsa koordinatalar bellenilen obýekt bilen bagly bolan koordinatalar ulgamynda hasaplanylýar, ol ulgamyň başy baglama nokadynyň öňki ýerleşiş ýeri bilen bagly bolup durýar.
- Penjiräniň aşaky bölegindäki pereklýuçatelleriň topary baglama nokadyny saýlamagy dolandyrýar.
- Apply (Применить) düwmejigi hemme goýlan parametrleri bellenilen obýekte ulanmak üçin niýetlenen.
- Apply To Duplicate (Применить к копни) düwmejiginiň basylmagy bellenilen obýektiň özgerdilmegini dälde, onuň göçürmesiniň özgerdilmegini amala aşyrýar.

Bellenilen obýekti onuň merkezi belli bir nokat bilen gabat düşer ýaly süýşürmek üçin (şol nokadyň koordinatalary sahypanyň koordinatalar ulgamynda berlen, onuň noly sahypanyň aşaky çep burçy bilen gabat gelýär) aşakdaky amallary ýerine ýetirmek gerek.

1. Göräleýin ýerleşdimegiň baýdajygyny aýyrmaly.
2. Pereklýuçateli toparyň merkezinde ýerleşdirmeli.
3. H we V hasaplaýjylaryna nokadyň koordinatalaryny girizmeli.
4. Apply (Применить) düwmejigine basmaly.

Bellenilen obýekti onuň häzirki ýerinde belli bir aralyga süýşürmek üçin aşakdaky ädimleri ýerine ýetirmek gerek.

Göräleýin ýerleşdimegiň baýdajygyny goýmaly.
2. H we V hasaplaýjylaryna gerek bolan süýşmegiň ululyklaryny girizmeli.
3. Apply (Применить) düwmejigine basmaly.

Göräleýin ýerleşdirmekde baglanma nokadynyň saýlanmagy rol oýnamaýar. Şol sebäpli pereklýuçatelleriň topary bu ýerde başga işleri bitirýär. Islendik perklýuçatel goýulanda (ortakydan başgasy) H we V meýdanlarynda süýşmegiň bahalary emele gelýär, olaryň absolýut bahasy nola deň ýa-da bellenilen obýektleriň gabaralaryna gabat gelýär, belgiler bolsa (plýus ýa-da minus) görkezilen

pereklýuçateliň tarapynda süýşme amala aşyrylar ýaly edilip alnan. Meselem bir göniburçlugy saýlap, sag gyraky perekluçatele basyp Apply To Duplicate (Применить к копии) düwmejige basylsa, göniburçlugyň sagynda onuň göçürmesi emele geler, özem oalryň dik taraplary gabat getirilendir, kese taraplary bolsa – deňleşdirilen.

*Süýşme, super süýşme, mikro süýşme*

Bellenilen obýektleri çap sahypasy boýunça kursory dolandyryş klawişalary arkaly süýşürmek mümkin. Şol klawişalaryň her gezek basylmagy süýşme ädiminiň hasaplaýjysy bilen berlen ululyga süýşmegi emele getirýär, ol hasaplaýjysy obýekt saýlanmadyk ýagdaýyndaky atributlar panelinde ýerleşdirilen.

Deslapdan süýşme ädimi 0,1 düýma ýa-da takmynan 2,5 mm deň. Bu köp şekiller üçin örän kän bolup durýar, şol sebäpli ony meselem 0,1 ýa-da eýsem 0,01 mm çenli kiçeltmeklik ündelýär. Munuň üçin hemme obýektleriň bellenilşini ýatyryp hasaplaýja gerekli bahany girizmeli.

Bellenilen obýektleriň kursory dolandyrýan klawişalar bilen Shift klawişa-modifikator basylan ýagdaýynda süýşürilmegi super süýşme diýlip atlandyrylýar (super nudge). Bu düzgünde atributlar panelindäki süýşme ädimiň bahasy super süýşmegiň hemişelik koeffisentine köpeldilýär (deslapdan ol 2 deň). Şol amallaryň Ctrl klawişasy basylan ýagdaýynda amala aşmagyna mikro süýşme diýilýär (micro nudge). Bu düzgünde süýşmegiň ädiminiň bahasy mikro süýşmegiň koeffisientine bölünýär (deslapdan 2 deň).

Kada bolşy ýaly, deslapdan kabul edilen degişli süýşmekleriň koeffisientleri amatly däl bolup çykýar. Olary üýtgetmek üçin Tools > Options (Сервис > Дополнительно) buýrugyny çagyrmaly, soňra bolsa sazlamalaryň penjiresiniň çep böleginde Document (Документ) derejesinde Rulers (Линейки) bölümini saýlaň. Nudge (Сдвиг) süýşmwegiň parametriň elementlerine elýeterlilik açylar. Olar arkaly süýşmegiň ädimini, şeýle hem koeffisientleri we ölçeg birlikleri üýtgetmek mümkin. Super we mikro süýşmegiň koeffisientlerini 10 deň etmeklik ündelýär.

*Göçürme we dublirleme*

Corel Draw-da öň göçürilen obýektleriň goýulmagy asyl nusgasynyň ýerleşýän nokadyna goýulýar. Eger obýektler kesilip alynmadyl bolsa, olaryň goýulmagy öz asyl nusgalaryndan öňde ýerleşen obýektleriň göçürmesini emele getirer.

Eger bellnilen obýektiň göçürmesi ondan öňde ýerleşer ýaly etmek üçin, obýektler bellnilen wagty + (plýus) klawişasyna basmak ýeterlikdir.

Eger göçürmäni süýşürmeklik gerek bolsa onda Edit > Duplicate (Правка > Дублировать) buýrugy arkaly ony dublirlemeli. Deslapdan dublikat (bellenilen obýektiň takyk göçürmesi) asyl nusgasynyň öňünde ondan ýokary we saga 6,35 mm süýşürilip ýerleşer. Bu bahany bellenilen obýektler ýok mahalyndaky atributlar panelinde ýa-da dublirlemegiň buýrugyna basylandan soň çykýan penjirede bellemek mümkin.

Eger ýaňy gurlan dublikaty asyl nusgasyndan belli bir aralyga süýşürilse, onda onuň bellenilşini aýyrman dublirleme buýrugy ýene bir gezek ýerine ýetirilse, onda ikinji dublikat birinjiden edil birinjiniň asyl nusgadan süýşürilen aralyga süýşüriler CorelDRAW-da bu usula super dublirleme diýlip atlandyrylýar.

Eger obýektiň bir topar nusgasyny döredip, olary belli bir ugur boýunça ýerleşdirmek gerek bolsa, şol obýekti belläp şol ugur boýunça probel klawişasyny basyp süýşürmeklik ýeterlikdir.

*Süýndürme we gysyş*

Obýektleriň üstünden bu amallary ýerine ýetirmegiň iň ýönekeý usuly bu belleýiş çägiň markerlerini süýşürmek:

- markerler merkezden gidýän ugra süýürilende obýektiň ölçegleri ulalaýar, eger merkeze tarap ugur boýunça süýşürilende kiçelýär;
- burçdaky markerler keselik ýa-da diklik boýunça süýşürilende obýektiň üýtgemegi proporsiýalary saklamaklyk bilen bolup geçýär, otaky markerler süýşürilende bolsa ramkanyň ölçegi diňe keselik ýa-da diklik boýunça üýtgeýär;
- eger marker süýşürilende Ctrl klawişasy basylan bolsa, onda ölçegiň diňe esselik üýtgemegi mümkin (2, 3, 4... esse ulalmagy ýa-da kiçelmegi);
- eger marker süýşürilende Shift klawişasy basylan bolsa, obýektiň ölçegi merkezden simmetriki üýtgär;
- Eger markeri süýşürip gutarmazdan öň syçanjygyň çep düwmejigi basylsa onda özgertme asyl nusganyň üstünde dälde, bellenilen obýketiň göçürmesiniňüstünden ýerine ýetirilýär;
- eger ortaky marker ramkanyň merkezine tarap süýşürilende onuň garşyky tarap kesilip geçilen bolsa (Shift düwmejigi basylanda - ortasy), onda özgertmegiň netijesinde aýna görnüşdäki serpikdirme emele geler.

*Takyk ölçegleri berme*

Käwagt obýekte takyk ölçeg bermeli bolýar. Munuň üçin atributlar panelinde ýerleşen obýketiň ölçegleriniň hasaplaýjylaryndan peýdalanmak mümkin, has çylşyrymly ýagdaýlarda bolsa Transformation (Преобразование) penjiresiniň dolandyryş elementlerini ulanmak gerek.




Size (Размер) düwmejigine basylandan soň emele gelýän dolandyryp elementleri obýektiň täze beýikliginden we ininden başga belleýiş ramkanyň haýsy markeri ölçeg üýtgedilende hereketsiz galjakdygyny görkezýär. Munuň üçin pereklýuçatelleriň degişlisine basmaly.

Non proporsional baýdajygy basylmadyk ýagdaýynda beýiklik ýa-da in üýtgedilende awtomatiki beýleki ölçegiň proporsiýaly üýtgemegine getirer.

Ölçegler goýlanda özgertmegiň obýektiň öz ölçeglerine täsir etmän, gabara göniburçlugyň ölçeglerine täsir edýär. Bu has hem bilelkikde bellenilen obýektleriň üstünde ýerine ýetirilende wajyp.

*Masştablama we serpikdirme*

Masştablamada bellenilen obýektiň täze ölçegi onuň başlangyç ölçeginiň göteriminde berilýär. Edil takyk ölçegiň berilşi ýaly olary atributlar paneliniň meýdanlary ýa-da penjiräniň Scale and Mirror (Масштаб и отражение) düwmejigine

basylandan soň emele gelýän paneliň dolandyryş elementleri arkaly amala aşyrmak mümkin.







Ýokarky suratda Transformation penjiresiniň elementleri, şeýle hem bellenilen obýekt (a) we onuň masştablamagynyň usullary görkezilen: proporsional masştablama 1 30 % (b), beýiklik boýunça masştablama -100 % (ç). Proporsional masştablama -100 % (d).

CorelDRAW-da masştablama koeffisientiň otrisatel bahasy berlende ölçegiň üçýtgemegi bilen bilelikde bellenilen obýektiň aýna görnüşde serpikdirmegi bolup geçýär. Ýokarky suratda ç we d ýagdaýlarynda şol masştablamagyň iki mysaly getirilen.

Adatça, Transformation (Преобразование) penjiresiniň dolandyryş elementleri özgertmegiň hereketsiz nokadyny görkezmek we özgertmegi bellenilen obýektiň göçürmesine ulanmagyň mümkinçiligini berýär.

Penjirede ýerleşen (koeffisientleriň hasaplaýjylardan sagdaky) düwmejikler özgertmä “minus” belgini girizmän serpikdirmegi işletmegi mümkin edýär.

*Obýektleriň öwrümi*

Bellenilen obýekti Pick (Выбор) guraly arkaly islendik burça öwürmek üçin obýekte guralyň görkezijisi ýene bir gezek basmaly. Şondan soň belleýiş ramkasynyň burç markerleriniň deregine öwüriş markerleri emele gelýär, obýektiň merkeziniň markeriň deregine öwürişiň merkezini markeri emele geler (aşaky surat). Tegelegiň görnüşindäki merkeziň markerini süýşürip, bellenilen obýektiň aýlanyljak merkezini çalşyryp bolýar

Eger öwürme markeri süýşürilende Ctrl klawişasy basylan bolsa, obýekt 15° bölünýän burçlar bilen bökme-bökme öwrüler.

Edil şol özgermeleri atributlar paneliniň Rotate (Поворот) meýdany we Transformation (Преобразование) penjiresiniň Rotate (Поворот) düwmejigine

basylyp açylýan paneldäki dolandyryş elementleri arkaly ýerine ýetirmek mümkin. Soňkynyň düzümi:







- Angle (Угол) hasaplaýjysy bellenilen obýektleriň öwrülmeli burçuny beryär, položitel bahanyň berilmegi sagat ugruna garşy öwrüme gabat gelýär.
- H we V hasaplaýjylary bellenilen obýektler daşyndan aýlanýan nokadyň koordinatalaryny saklaýar. Deslapdan şol nokat belleýiş ramkanyň ortasy bilen gabat gelýär. Absolýut koordinatalary berilýän düzgünde öwrümiň merkeziniň koordinatalary çap sahypasy bilen bagly bolan ulgamda, göräleýin koordinatalar berilýän düzgünde – bellenilen obýektleriň baglanan koordinatalar ulgamynda (onuň başy belleýiş ramkasynyň ortasy bilen gabat getirilen).
- Relative Center (Относительно) baýdajygy öwrümiň merkezini bermegiň düzgünini biri-birinden geçirýär.
- Öwrümiň merkezini ýerleşmegini saýlamagyň pereklýuçatelleriň topary öwrümiň merkezi hökmünde belleýiş ramkasynyň bir markerini saýlamagy mümkin edýär.
- Apply (Применить) düwmejigi we Apply To Duplicate (Применить к копии) edil beýleki öň seredilen panellerdäki ýaly.

*Obýektleriň gyşardylmagy*







Bellenilen obýektiň gyşardylmagyny Pick (Выбор) guraly bilen ýerine ýetirmek üçin, bellenilen obýekte ýene bir gezek basmaly, soňra bolsa görkezijini gyşartmagyň 4 markerinden islendigine getirmeli (surat). Görkeziji ugry biri-birine bolan strelkalaryň görnüşini alar.

Gyşartmagyň dolandyryjy parametri bolup gyşaryş burçy bolup durýar. Gyşarmagy hem diklik hem-de keselik boýunça mala aşyrmaklyk mümkin bolany üçin şeýle iki dolandyryjy parametr bar. CorelDRAW-da gyşartmagyň burçunyň iň maksimal absolýut bahasyhökmünde 75° bellenilen.

Transformation (Преобразование) penjiresiniň Skew (Скос) düwmejigine basylandan soň açylýan paneldäki dolandyryş elementleri arkaly özgertmegi has takyk ýerine ýetirip bolýar. Mundan başga hem, bir wagtda hem keselik, hem-de diklik boýunça burçlary bellemek mümkin, şeýle hem hereketsiz nokady pereklýuçatelleriň topary arkaly saýlamak mümkin.

*Obýektleri blokirleme*

Obýektiň tötänleýin özgerdilmeginiň öňüni almak üçin ony blokirlemek mümkin. Blokirlenen obýekti bellenişe goşmak mümkin, emma oňa hiç hili özgertmeler täsir etmeýär.

Obýekti blokirlemek üçin ony bellemeli soňra Arrange > Lock Object (Монтаж > Заблокировать объект) buýrugy saýlamaly. Belleýiş ramkanyň markerleri gulpuň görnüşine eýe bolarlar.

Blokirowkany ýatyrmak üçin Arrange > Unlock Object (Монтаж > Разблокировать объект) buýrugy ulanmaly. Resminamanyň hemme blokirlenen obýektlerinden blokirlemegi aýyrmak üçin olary bellemän Arrange t Unlock All Objects (Монтаж > Разблокировать все объекты) buýrugyndan peýdalanmak mümkin.

*Obýektleri belleme, göçürme we özgertme*

Bu gönükmäni ýerine ýetirmek bilen netijede aşakdaky surat alynmalydyr.

1. Iş meýdanynda Transformation (Преобразование) ýanaşdyrylan penjiresini açyň.

2. Nyşana meňzeş figura şeýle yzygiderlilikde gurulýar. Ilkibaşda islendik ölçegli tegelegi Ellipse (Эллипс) gural bilen Ctrl modifikatory arkaly guruň— soňra ýanaşdyrylan penjirede ýerleşen elementleriň kömegi bilen ony 40 mm diametrli tegelege özgerdiň. Ýerleşdirme dolandyryş elementleri arkaly onuň merkezini sahypanyň koordinata ulgamynda keselik boýunça 60 mm we diklik boýunça 220 mm koordinataly nokada ýerleşdiriň.




3. Nyşanyň beýleki tegeleklerini ölçegiň dolandyryş elementlerini ulanmak bilen örediň. Munuň üçin pereklýuçatelleriň toparynda ortakysyna basyň, ölçegleriň proporsional düzügünini işlediň, islendik hasaplaýjynyň bahasyny 35 mm edip beriň we Apply To Duplicate (Применить к копии) düwmejigine basyň. Netijede ekranda

ondan kiçi tegelek emele geler, şu sul bilen her beýlekisiniň diametrini 5mm kiçeldip beýleki tegelekleri guruň.

4. Bezier (Кривая Безье) guraly saýlaň weislendik uzynlykly kese çyzygy (Ctrl klawişasyny basyp) çyzyň. Atributlar paneliniň meýdanlaryny ulanyp çyzygyň uzynlygyny 50 mm ediň we onuň ortasyny konsentiriki tegelekleriň merkezine süýşüriň. Pick (Выбор) guraly saýlaň we bellenilen çyzyga ýene bir gezek basyň. Ctrl klawişasyny basyp saklap öwrüm markeriniň islendigini çyzyk dik bolar ýaly süýşüriň, emma syçanjygyň çep düwmejigini goýbermezden öň onuň sag düwmejigine basyň. Netijede çyzygyň göçürmesi oňa perpendikulýar bolup durar.

5. Çyzylmaly şekiliň ortaky bölegi figura tekstiň asyl nusgasy we 8 sany onuň göçürmesi bolup durýar. Figura tekstiň blogunyørediň. Pick (Выбор) guraly saýlaň we tekstiň bloguny nyşandan sagda ýerleşdiriň. Onuň diklik boýunça ýerleşişini atributlar paneli arkaly tekstiň ortasyny nyşanyň kese çyzygy bilen gabat getirip düzediň.

6. Tekstiň 8 sany göçürmesini Transformation (Преобразование) penjiresiniň Scale and Mirror (Масштаб и отражение) düwmejigine basyp açylýan paneliň dolandyryş elementlerini ulanyp dörediň при. Meselem, asyl nusgadan çepde we ýokarda ýerleşen göçürmäni döretmek üçin, özgertmegiň hereketsiz nokady hökmünde ramkanyň çepki ýokarky markerini saýlap, serpikdirmegiň iki düwmejigine basyp we Apply To Duplicate (Применить к копии) düwmejigine basmaly. Soňra, nobatlaýyn burçlaýyn göçürmeleri saýlap, olaryň gyşarylmagyny penjiräniň Skew (Скос) düwmejigine basylyp açylýan paneliň elementleri arkaly ýerine ýetiriň. Göçürmeleriň her biri üçin hereketsiz nokady bellemeli.

7. Çopantelpege meňzeş figura beýikligi 20 mm we ini 3 mm bolan dik duran elipsiň göçürmelerinden ybarat. Göçürme ramkanyň merkezine görä 13 mm göni aşak süýşürilen hereketsiz nokadyň daşyndan 9° burça öwürmek bilen gurulýar. Ilkibaşda başlangyç ellipsi guruň we oňa gerek bolan özlçegleri we ýerleşişi beriň. Gözçürçeli özgermegi Rotation (Поворот) düwmejigine basylyp açylýan paneliň elementleri arkaly ýerine ýetiriň.

8. Hemme bilelikde çyzylan gülýapraklary belläň. atributlar paneliniň meýdanlary arkaly bellenilen ellipsleri bellenişiň merkezi nyşanyň merkezi ýerleşýän çyzykda ýerleşer ýaly süýşürmeli. “Çopantelpegiň” merkezinde 15 mm diametrli tegelegi çyzyň. onuň merkezi gülýapraklaryň öwrüliş merkezi bilen gabat geleninden soň guralyň görkezijisi bilen reňkleriň ekran palitrasynyň ak nusgasyna basyň (gülýapraklaryň uçlary ortadan görünmez ýaly).

*Tekstleriň bloklaryny özgertmeklik*

Figura tekstine özgertme ulanylanda, ol şol bloguň hem formasyny, hem-de teksti düzýän simwollaryň formasyny üýtgedýär. Ýönekeý tekstiň ramkasy özgerdilende diňe şol ramkanyň formasy üýtgeýär, tekst düzýän simwollar bolsa üýtgemän galar. Figura we ýönekeý tekstiň özgerdilmeginiň tapawudyny aşakdan görmek mümkin. Aşakky suratda birinji hatarda çepde figura tekstiň, sagda bolsa ýönekeý bloguň teksti ýazylan.

Ikinji hatarda bu obýektleriň ikisi hem 30° öwrülen.




Üçünji hatarda iki obýekte koordinatalaryň iki oky boýunça ylaşylan masştablama özgertmegi 150 % koeffisient bilen ulanylan Figura tekstinde kegl we aralyklar 1,5 esse artdy. Ýönekeý tekstiň ramkalary 1,5 esse ulalyp, kegl we interwallar üýtgemän galdy, şol sebäpli birinji abzasyň setirlere bölünişi üýtgedi. 4-nji hatarda 30° dolandyryjy parametrli gyşartma özgerdilşi ulanylan. Figura tekstiň blogunda bloguň özüniň formasy üýtgedi (şol sebäpli tekstiň setirlere biri-birine görä süýşsiler, şeýle hem her simwolyň hem formasy üýtgedi (olar çepe gyşardylar). Ýönekeý tekstiň diňe setirleri süýşdi.

*Obýektiň özgerdilmegini ýatyrmak*

Masştablamagyň, öwrülişiň, serpikdirmegiň we gyşartmagyň özgerdilmegini Arrange > Clear Transformations (Монтаж > Отменить преобразования) buýrugy arkaly ýatyryp bilýär, sebäbi bu amallaryň yzygiderliligi programmada ýatda saklanylýar. Bu amallary eýsem CorelDRAW resminamasy ýapylyp, soň açylan ýagdaýda hem amala aşyrmak mümkin.

Emma ýrleşdirme özgertmegi ýatda saklanylmaýar we özgertmegiň dowamynda obýektiň döredilen göçürmeleri ýok edilmeýär. Özgerdilmegiň ýatyrylmagyny hem ýatyryp bolýar.

*Obýektleriň formasyny üýtgetmek üçin gurallar*

Bu amalary Shape (Форма) guralyň panelinde ýygnalan gurallar arkaly ýerine ýetirmek mümkin.



Shape (Форма) guraly — obýektleriň formasyny redaktirlemegiň esasy guraly. Knife (Лезвие) guraly egrini iki aýry obýekte bölmegi mümkin edýär. Eraser (Ластик) guraly gurulan obýektiň bölegini pozmagy imitirleýän ýagdaýda obýektleriň formasynyň modifikasiýasyny amala aşyrýar. CorelDRAW-yň soňky wersiýalarynda soňky iki gural Crop (Обрезка) guralyň paneliniň düzümine girýär.

Smudge (Размазывание) guraly ineraktiň düzgünde egriniň formasyny üýtgetmegi mümkin edýär.

Roughen brush (Грабли) guraly tekzi egriniň formasyny onda üçburçluk çykytlary döretmegi mümkin edýär.

Free Transform (Произвольное преобразование) guraly Transformation (Преобразование) penjiresini ulanman özgertmeleri diňe syçanjygyň görkezijileri arkaly manipulirlemek bilen geçirmegi mümkin edýär.

*Düwünleri Shape (Форма) guraly arkaly bellemek*

Düwüni bellemek üçin oňa degişli guralyň görkezijisi bilen basmak ýeterlikdir. Düwüni bellenilenlere goşmak üçin Shift klawişasyny basyp saklap oňa syçanjyk bilen basmaly

Göniçyzykly segmentlere degişli bolan bellenilen düwünler reňksiz inedördüller bilen görkezilýär, egri çyzyklara bolsa – gara reňkli inedördüller bilen.

Belleýişi egriniň birinji nokadyna geçirmek üçin Home klawişasyna, iň soňky düwüne geçirmek üçin End klawişasyny basmaly. Tab klawişasynyň basylmagy belleýişi indiki düwüne geçoirýär, Shift+Tab basylmagy — ondan öňküsine.

Egriniň hemme düwünlerini belemek üçin onuň düwünleriniň islendigini belläp Ctrl+Shift+Home klawişalaryna basmaly

*Düwüniň ugrukdyryjy nokatlaryny süýşürmek*

Çyzygyň düwünine girýän we ondan çykýan segmentleriň özüni alyp barşy ugrukdyryjy nokatlaryň ýerleşişi bilen kesgitlenýär. Düwün bellenilenden soň onuň bilen galtaşýan iki segmentiň hem özüni alyp baryşlaryny kesgitleýän ugrukdyryjy nokatlar görüner. Segmentiň formasyny düwünleri süýşürmän üýtgetmek üçin oňa degişli bolan ugrukdyryjy nokatlary Shape (Форма) süýşürmek gerek.

Aşakdaky gönükmäni ýerine ýetirip biz düwüne galtaşýan segmentiň formasyny düzetmegi öwreneris we düwüniň görnüşi şol amalyň netijesine nähili täsir edýändigine düşüneris.

1. Başda sinusoida meňzeş bolan egrini çyzmakdan başlalyň. Munuň üçin Bezier (Кривая Белье) guraly saýlalyň we sahypanyň boş ýerinde syçanjyk bilen basalyň. Syçanjygyň düwmejigini goýbermezden öň onuň görkezijisini ýokary we saga birnäçe aralyga süýşüreliň. Saga süýşüp ýene bir düwüni guralyň, indi bolsa guralyň görkezijisini aşak we saga süýşüreliň. Indi ýene saga süýşüp, edil birnjini ýaly üçünji düwüni guralyň. Netijede aşaky suratň ýokarky çep burçundaky şekil emele gelmeli.



a b ç

2. Egeriniň göçürmesini sagda ýerleşdireliň. Munuň üçin wagtlaýyn Pick (Выбор) guraly probele basyp saýlap, bellenilen egrini çepe süýşürip syçanjygyň çep düwmejigini goýbermezden öň sag düwmejigine basalyň. Gaýtadan probele basyp Shape (Форма) guralyny işledeliň. Syçanjygyň görkezijisi bilen göçürmäniň ikinji düwünine syçanjygyň sag düwmejigi bilen basalyň. Netijede bellenilen düwüniň kontekst menýusy açylar (aşakdaky surat). Smooth (Сглаженный) buýrugyny ulanyp bellenilen düwüniň görnüşini üýtgediň. Şeýle usul bilen birinji göçürmäniň çep gapdalyndan egriniň ýene bir göçürmesini dörediň, soňra ikinji düwüni kontekst menýunyň Cusp (Точка излома) buýrugyny ulanyp döwüliş nokadyna özgerdiň. Netijede daş keşbi meňzeş üç sany egri çyzyk emele gelmelidir (ýokarky suratyň ýokarky setiri).




3. Çepki egriniň ikinji düwüni belläň. Guralyň görkezijisini aşaky ugrukdyryjy nokada goýuň we ony egriniň ikinji we üçünji düwünleriniň ortasynda ýerleşer ýaly süýşüriň (ýokarky suratyň ikini hataryna a) serediň). Düwüniň ikinji ugrukdyryjy nokady hereketsiz galandygyna üns beriň. “Döwülüş nokady” görnüşli düwüniň ugrukdyryjy nokadynyň süýşürilmegi egriniň diňe bir segmentiniň üýtgedilmegine getirýär. (ýokarky suratyň 3-nji setiri, a) ), emma, şonda düwünde egriniň döwüliş burçy üýtgeýär.

4. Ediş şol redaktirlemegi egriniň beýleki göçürmesiniň ikinji düwüniniň üstünden geçiriň. Bu ýagdaýda biz düzlenen düwün bilen işläris, şol sebäpli bir ugrukdyryjy nokadyň sagat ugruna garşy süýşürilmegi ikinji ugrukdyryjy nokadyň edil şol burça şol tarapa süýşmegine getirer. Emma süýşürilýän ugrukdyryjy nokadyň düwüne golaýlaşdyrylmagy ikinji ugrukdyryjy nokadyň şol düwüne çenli aralygyna täsir

etmeýär. Netijde düwünde egriniň tekizligi saklanylýar, simmetriklik bolsa — bozulýar (suratdaky üçünji hatar b)).

5. Şol redaktirlemegi sagdaky egri üçin hem ýerine ýetireliň. Bu gezek düwün simmetriki we iki ugrukdyryjy nokatlaryň süýşmegi deň bolýar. ( suratdaky üçünji hatar, ç)).

Eger ugrukdyryjy noikat düwün bilen bir ýerde bolsa onda hut nokady bellemek üçin Shift klawişasyny basyp saklamaly.

*Düwünleri redaktirlemek*

Bellenilen düwünleri redaktirlemegiň buýruklary şol düwüniň kontekst menýusynda görkezilen. Menýunyň buýruklaryndan başga düwünleriň redaktirlenmegi bellenilen düwüne gabat gelýän atributlar paneliniň düwmejikleri arkaly mümkin.




*Düwünleri goşmak we aýyrmak*

Köplenç egrilere gerekli formany bermek üçin onda täze düwünleri ýerleşdirmek gerek. Muny ýerine ýetirmek üçin iň aňsat usul — düwüniň ýerleşmeli ýerinde Shape (Форма) guralynyň görkezijisi bilen iki gezek basmaklyk.

Eger bar bolan düwün bellenulse we atributlar panelinde “plýus” nyşanly düwmejige basylsa onda täze düwün bellenilen düwünden öň gelýän segmentiň göni ortasynda ýerleşer, özem iki düwün hem (öň bar bolan we täze döredilen) bellenilen bolup galar. Düwünleri goşmaklygyň düwmejige gaýtadan basylsa ýene iki sany täze düwüniň emele gelmegine getirer.

Egriniň düwünini ýok etmek üçin, ony belläp Del klawişasyna ýa-da atributlar panelinde düwünleri ýok etmek düwmejigine basmaklyk ýeterlikdir.

Ýeke düwüni ony bellemän Shape (Форма) guralyň görkezijisi bilen iki gezek basmaklyk bilen ýok etmek mümkin.

Egriniň düwüni ýok edilende egri bölünmeýär — düwün bilen bile oňa ýanaşýan segmentler ýok edilýär, olaryň deregine täze segment gurulýar. Iň soňky düwün ýok edilende egri bir segmente gysgalýar.

*Egrileri düzlemek*

Umumy ýagdaýda egri näçe az düwünleri saklasa şonça hem ol düz bolup görüner. Köplenç egri çyzygyň örän kän düwüni bolup, olar ulanyjynyň gözegçiliginden çykyp biler. Bu köplenç egriler «elden» çyzylanda we Eraser (Ластик) guraly ulanylanda bolup biler.

Atributlar panelinde ýerleşen düzleme derejesiniň polzunogy, ulanyja özbaşdak egriniň düwünleriniň sanynyň we onuň formasynyň takyklygynyň arasynda kompromis şertlerini kesgitlemegi mümkin edýär.

Eger egriniň hemme düwünleri bellenilip düzleme derejesiniň bahasy kem-kemden ulanylsa CorelDRAW yzygiderli aýry düwünleri ýok edip başlar, özem egriniň maksimal ýagdaýda formasyny saklamaga ymtylar. Aşaky suratda başlangyç egri we onuň ahyrky netijesi (düzleme derejesi — 80 %). Bu ýagdaýda üç düwün ýok edildi.



*Egrini bölmek, düwünleri birleşdirmek we ýapmak*

Egrini bölmek amaly ýapyk egrini açmagy ýa-da ýapyk däl egrini iki şaha bölmegi mümkin edýär. Bellenilen düwünde egrini bölmek üçin kontekst menýuda Break Apart (Разъединить) buýrugy saýlamak ýa-da atributlar panelinde deň atly düwmejige basmaklyk ýeterlikdir. Bellenilen düwüniň ýerinde segmentler bilen birleşilmedik iki täze düwün emele geler.

Iki bellenilen düwüni birleşdirmek üçin, kontekst menýuda Join (Объединить) buýrugy saýlamak ýa-da atributlar panelinde deň atly düwmejige basmaklyk ýeterlikdir.

Birleşdirme amalyny diňe düwünler ahyrky bolan ýagdaýda ýerine ýetirmek mümkin.

Bu ammalary özleşdirmek üçin kiçi gönükmäni ýerine ýetirmek gerek.

1. Sahypanyň boş ýerinde tegelegi çyzyň we we ony atributlar panelindäki düwmejik arkaly (onda dört düwünli tegelek çyzylan) ýapyk egri çyzyga özgerdiň. Ýapyk egri bolan tegelekde dört düwün emele geler (surat, a).



a b ç d

2. Sag düwüni belläň we onda egrini bölüň. Sag düwüni aşak we saga süýşüriň — onuň yzynda täze döredilen düwün görüner (surat, b).

3. Egrini çep düwünde bölüň. Çep düwüni aşak we çepe süýşüriň (surat, ç).

4. Egriniňaşaky şahasynyň ahyrky çep düwünini we ýokarky şahasyndaky ahyrky sag düwüni belläň. Bu düwünleri birleşdiriň. Netije suratda görkezilen, d.

*Düwünleri süýşürmek we öwürmek*

Shape (Форма) guraly arkaly bellenilen düwünlere süýndürmegiň, gysmagyň we öwürmegiň amallaryny ulanmak mümkin. Munuň üçin azyndan iki düwün bellenilmeli, degişli özgertmegiň ramkasyna geçmeklik bolsa syçanjygyň goşmaça

basylmagy arkaly dälde atributlar panelindäki düwmejikler arkaly bolup geçýär. Bu amallaryň ýerine ýetirilişini özleşdirmek üçin aşakdaky gönükmäni ýerine ýetirmeli

1. Sahypanyň boş ýerinde inedördül çyzyň we ony ýapyk çyzyga özgerdiň (surat, a).



а б в г

2. Shape (Ф a ма) guraly b ýlap ol arkal ç hemme düwü d rini belläň, soňra bolsa olaryň arasyna täze düwünleri goşup düwünleriň sanyny iki esse artdyryň, (рис. surat, b) — munuň üçin atributlar panelindäki “plýus” nyşanly düwmejige basmak ýeterlikdir.

3. Düwünleriň bellenilşini aýyryň we diňe täze döredilen düwünleri belläň (taralaryň ortasynda ýerleşen). Atributlar panelindäki düwünleri süýndürmegiň düwmejigine basmak bilen söndirmegiň we gysmagyň markerlerini saklaýan ramkany çykaryň. Belleýiş ramkanyň burçdaky markerini Shift klawişasyny basap merkeze atarap süýşüriň (takmynan orta aralyga). Inedördül 4 uçly ýyldyza öwrüldi (surat, ç).

4. Düwünleriň bellenilşini ýatyrman atribut panelindäki düwünleri öwürmegiň nokadyna basyň. Indi markerler öwürmegiň we gyşartmagyň özgertmelerini ýerine ýetirmegi mümkin edýär. Islendik burçdaky markeri 90° sagat ugruna garşy süýşürip (Ctrl klawişasyny basyp), ýyldyzy suratdaky d görnüşe getiriň.

*Egrini ýapmaklyk*

Käbir ýagdaýlarda düwün bilen birleşdirmek — egriniň şahalaryny birleşdirmegiň iň gowy usuly bolup durmaýar. Şol sebäpli köplenç egrini ýapmagyň usullaryny peýdalanmaly

Birinji usul egriniň iki ahyrky nokadyny belläp Extend Curve To Close (Замыкающий сегмент) düwmejigine basmakdan ybarat. Bellenilen düwünler göni çyzykly segment bilen birleşdirilerler. Eger diňe bir düwün bellenilen bolsa ýa-da bellenilen düwünleriň biri ahyrky däl bolsa, bu düwmejik el ýeterli däl bolýar. Ikinji usul egriniň hemme bölünen şahalaryna täsir edýär. Şahanyň ahyrky düwüniniň birini bellemek bilen Auto-Close Curve (Автозамыкание) düwmejigine basylsa egriniň hemme ýapylmadyl şahalarynyň başky we soňky düwünleri göni çyzykly segmentler bilen birleşdirilen bolar.

*Şahalaryň aýry edilmegi*

Eger egriniň düzümine birnäçe şaha girýän bolsa, olaryň islendigini özbaşdak egri edip bolýar. Adatça bu mesele Arrange > Break Curve Apart (Монтаж > Отделить ветви) buýrugy arkaly ýerine ýetirilýär. Emma şonda tutuş egri aýry şahalara bölünýär,1 ol şahalaryň her biri bolsa özbaşdak obýekt bolup durýar. Eger egriniň düzüminden diňe bir şahany çykarmaklyk gerek bolsa, bu usul ýaramly däl.

Bu ýagdaýda şahanyň islendik düwünini belläp atributlar paneliniň Extract Subpath (Отделить ветвь) düwmejigine basmaly. Galan şahalar egriniň düzüminde galar.

*Düwünleri deňleşdirmek*

Düwünleriň deňleşmegi diýlip olaryň kese ýa-da dik ýagdaýda bir kese ýa-da dik göni çyzykda ýerleşer ýa-da doly gabat geler ýaly süýşürilmegine aýdylýar. Deňleşme diňe birden köp düwün bellenilen ýagdaýda mümkin. Birnäçe düwün bellenilen soň atributlar panelindäki Align Nodes (Выровнять узлы) düwmejigine basmaly we ekranda aşakdaky gepleşik penjiresi.






a b ç d

Gepleşik penjiresinde deňleşdirme düzgünlerini dolandyrýan üç sany baýdajyk bar.

- Align Horizontal (Выровнять по горизонтали). Bu badajyk goiýlanda egriniň hemme bellenilen düwünleri iň soňky düwünden geçýän kese çyzykda ýerleşer ýaly dikleýin süýşýärler.
- Align Vertical (Выровнять по вертикали). Bu baýdajyk goýlanda egriniň hemme bellenilen düwünleri iň soňky düwünden geçýän dik çyzykda ýerleşer ýaly keseleýin süýşýärler.
- Align Control Points (Выровнять направляющие точки). Bu baýdajygy diňe egriniň iki düwüni bellenilen bolsa we ondan ýokarky iki baýdajyk goýlan bolsa gurnamak mümkin. Deňlemegiň netijesinde öň bellenilen düwün ikinji düwün bilen gabat geler ýaly süýşýär we onuň ugrukdyryjy nokatlary ikinji düwüniň ugrukdyryjy nokatlary bilen gabat geler ýaly süýşýär.

Egriniň düwünlerini deňlemegiň usullaryny özleşdirmek üçin uly bolmadyk gönükmäni ýerine ýetireliň.

1. Tegeli çyzyň we ony Convert To Curves (Преобразовать в кривые) düwnejigi arkaly egri çyzyga özgerdiň. Kömekçi klawiaturada “plýus” nyşanly klawişa üç gezek basyp egriniň üç göçürmesini dörediň. Pick (Выбор) guraly bilen göçürmeleri asyl nusga bilen bir kese çyzykda ýerleşer ýaly ondan saga süýşüriň.

2. Shape (Форма) guraly saýlaň we egriniň asyl nusgasynda иilkibaşda sag, soňra bolsa ýokarky düwüni belläň. Atributlar panelindäki Align Nodes (Выровнять узлы) düwmejigine basyň we Align Vertical (Выровнять по вертикали) baýdajygy aýyryň. Netijede ýokarky suratyň a şekilini alarys.

3. Egriniň birinji nusgasynda ilkibaşda çep, soňra bolsa aşaky düwüni belläň. Atributlar panelindäki Align Nodes (Выровнять узлы) düwmejigine basyň we Align

Horizontal (Выровнять по горизонтали) baýdajygy aýyryň. Netijede ýokarky suratyň b şekilini alarys.

4. Ikinji göçürmede ilkibaşda sag, soňra ýokarky düwüni belläň. Atributlar panelindäki Align Nodes (Выровнять узлы) düwmejigine basyň, soňra bolsa göni OK düwmejigine basyň. Üçünji göçürme bilen edil şol zady ýerine ýetiriň, emma OK düwmejigine basmazdan öň Align Control Points (Выровнять направляющие точки). baýdajygy aýryň. Netijeleri degişlilikde ýokarky suratyň ç we d şekillerinde görmek bolar.

*Düwünleriň çeýe süýşürilmegi*

Bellenilen düwünler bir wagtda süýşürilende olaryň her biri şol bir aralyga süýşer. Emma atributlar panelindäki düwmejik arkaly çeýelik düzügüni işledilende her düwüniň süýşmegi şol düwüniň süýşürilýän düwüninden bolan uzaklygyna ter proporsional bolup durýar.



Ýokarky suratda iki egride hem süýşürilmezden öň sekiz sany düwün bellenilipdi. Ýokarky egri çyzyk üçin süýşürilme adaty düzgünde, aşakysy üçin – çeýe düzügnde geçirilipdi. Iki ýagdaýda hem iň ahyrky sag düwün süýşürilipdi.

*Shape guraly we tekst obýektleri*

Shape (Форма) guraly käbir ýagdaýlarda käwagt figura we ýönekeý tekstiň formatirlenmegini tiz amala aşyrylnagyny mümkin edýär. Meselem tekstiň simwollarynyň baza çyzygyndan şol guralyň görkezijisi arkaly süýşürilmegini has tiz edip bolýar, emma takyklyk ýitmegi mümkin.

Shape (Форма) guraly saýlap tekst obýektine basylsa belleýiş ramkasy emele gelmez. Oňa derek tekst obýektiň aşagynda iki sany strelka emele geler — aşak we saga, tekstiň her bir simwoly üçin bolsa ekrana düwün çykarylar.




Guralyň görkezijisi arkaly simwolalryň düwünlerini süýşürip, olary çetleşdirmek bolýar, olaryň strelkalaryny süýşürip bolsa — tekstiň formatirlenmeginiň dolandyryş parametrlerini üýtgetmek mümkin.

Shape guraly bilen figura tekstiň blogy bellenilende kese strelka arkaly simwolara aralyk ütgedilende gabara ramkada üýtgeýär emma tekstiň setirlere bölünşigi saklanylýar (aşaky surat).




Ýönekeý tekstiň ramkasy bilen işlenilende bu amaly ýerine ýetirmek üçin Shape (Форма) işletmegiň zerurlygy hem ýok. Islendik guralyň görkezijisi ramkanyň sagdaky aşaky markeriň ýanyndaky strelkalara getirilende wagtlaýynça Shape (Форма) guraly işläp başlaýar (aşaky surat).




Ýönekeý tekstiň ramkasynyň içinde tekstiň simeolara aralygy üýtgedilende werstkanyň şertleri üýtgemegi mümkin, ýagny tekstiň setrilere bölünşigi emma ramkanyň ölçegleri saklanylýar.

Eger simwolara aralygyň üýtgedilşi Shift klawişasyny basyp saklap ýerine ýetirilse, diňe sözara aralyklar üýtgediler (ýagny probel simwolynyň ini). Eger munuň üçin Ctrl klawişasy ulanylsa netije ters bolar, ýagny simwolara aralyk üýtgäp, sözara aralyklar üýtgemez (aşaky surat). Birinji ýagdaýda sözara aralygy üýtgedilen. Ikinjide simwolara aralyk üýtgedilen.




Shape (Форма) guraly arkaly setirara aralygy dolandyrmak mümkin (interlinýažy). Munuň üçin Shape (Форма) guraly bilen teksti belläp ýokary ugurly strelkany dikligine süýşürmek gerek. Aralygy ulatmak üçin görkezijini aşak çekmeli, kiçeltmek üçin ýokary çekmeli




*Simwollaryň formalaryny üýtgetmek*

Käbir ýagdaýlarda teksti çeperçilik ýagdaýda üýtgetmegi talap edýär. Bu ýagdaýlarda tekstiň simwolyny egriniň utgaşmasyna özgertme usulyndan peýdalanmaklyk maksada laýykdyr (Aşaky surat).

Egrilere özgertmekden öň başda tekstiniň özgerdilmeli bölegini aýry etmeklik ündelýär. Eger egri çyzyga özgerdilen simwolyň ölçeginiň üýtgemeginiň sinhronizasiýasyny üpjün etmeklik gerek bolsa, ony tekste ýörite simwol hökmünde goýmak mümkin.




*Knife guraly we obýekti böleklere bölmek*

Knife (Лезвие) guralyň düwmejigi Crop Tool guralyň panelinde ýerleşen.

Knife (Лезвие) guraly diňe egrileri dälde, eýsem beýleki primitiwleri (ellipsleri, köpburçluklary, göniburçluklary, halkaçlary) ýa-da figura tekstleriň bloklaryny bölmegi amala aşyrýar we şol obýektler awtomatiki egri çyzyklaryň toplumy bolup durýar.

Guralyň görkezijisi bilen egri çyzyga basylanda onda iki sany düwün emele gelýär we ýapyk bolmadyk egri çyzyk iki sany ýapylmadyk egri çyzyga bölünmeýär, ýapyk çyzyk ýapylmadyga öwrülýär. Bu düzgünler atributlar panelindäki iki düwmejikler arkaly kesgitlenýär (aşaky surat).




- Leave As One Object (Не отделять объект). Bu düzgün işledilende egriniň «kesilen» bölegi täze obýekt döredilmeýär (deslapdan), ol diňe başlangyç egriniň şahasy bolup durýar.
- Auto-Close On Cut (Автозамыкание). Eger bu düzgün işledilen, onda guralyň işlemeginiň sikli içine bir dälde, egriniň nokadynda iki gezek basmaklygy alýar. Şonda şol iki nokady birleşdirýän «kesim» çyzygy egriniň segmenti bolup durýar.

Kesimi ýerine ýetirmek üçin Knife (Лезвие) guraly saýlamaly we onuň görkezijisini syçanjyk bilen egriniň nokadyna getirmeli. Görkezijiniň egri bilen gabatlaşan ýagdaýynda ol öz formasyny üýtgeder — päkiniň eljagazy dik ýerleşer. Eger awtomatiki ýapylyş düzgüni öçürilen ýagdaýda kesimi ýerine ýetirmek üçin syçanjyk bilen bir gezek basmaly. Aşaky suratda ýapylmadyk egriniň kesilmeginiň üç tapgyry görkezilen: päkiniň egri çyzygyň ýanyna getirilmegi, päkini egriniň nokadyna goýulmagy basmaklyk we päkini aýyrmaklyk (kesilýän ýerde biri-biriniň üstünde ýerleşen iki düwün görülýär).



Awtomatiki ýapylyş düzgüninde gurulýan kesiliş çyzygy hem göni, hem-de egri bolup biler (eger iki gezek basylma arkaly ýerine ýetirilse – göni, eger Freehand guraly ýaly çyzylsa - egri).

Eger awtomatiki ýapylyş düzgüni işledilen we kesilen bölekleriň galdyrmagyň düzgüni işlenilmedik ýagdaýdaýda bir obýektiň düzüminde ýapyk däl egriniň kesilmegi ýerine ýetirilýän bolsa, onda kesilen bölekleriň diňe biri saklanylýar - düzüminde iň ahyrky burçlar galýan bölek. Ýok edilýän kesim bölegi kesilmegiň dowamynda çal reň bilen görkeziler (aşaky surat).



*Obýektleriň kesilmegi (gönükme)*

Bu gönükmäniň maksady — Knife (Лезвие) guraly bilen işlemeklik bilen tejribeligi berkitmek. Ony ýetirip biz çaňňalagyň şekili gurarrys.

1. Ilkibaşda kese ýagdaýdaýda çekdirilen ellipsi çyzyň we ony egri çyzyga özgerdiň (aşaky surat, a).



a b ç d

2. Shape (Форма) guraly bilen öňki elipsiň ýokarky we aşaky düwünlerini saýlaň we olary ellipsiň ininiň üçden bir bölegine çep tarapa süýşüriň (Ctrl klawişasyny basyp saklap). ýokarky surat, b.

3. Knife (Лезвие) guraly saýlaň we awtomatiki ýapylyş düzgünini işlediň. Ikinji düzgüniň düwmejigi basylmadyk bolmalydyr. Guralyň görkezijisini egriniň ahyrky çep nokadyna süýşüriň we syçanjyga basyň. Syçanjygyň görkezijisini saga süýşüriň (onuň yzyndan bolmaly kesimiň çyzygy hem barar) we görkezijini egriniň ahyrky sag nokadyna süýşüriň, we şonda hem syçanjyk bilen ikinji gezek basyň. Egri çyzyk iki sany aýry ýapyk egri çyzyga bölünýär (ýokarky surat, ç).

4. Pick (Выбор) guralyň görkezijisi ýokarky obýekti saýlaň. Transformation (Преобразование) penjiresini açyň we onda öwrümi sazlamagyň düwmejigine basyň. Öwrümiň merkezini aşaky çep burçda goýuň we öwrümiň burçuny 15° edip beriň. Apply (Применить) düwmejigine basylandan soň çaňňalyk gabsasyny açar (ýokarky surat, d).

*Eraser guraly*

Bozguç Corel Draw-da beýleki programmalara garanyňda başga rol oýnaýar, sebäbi egrilere ulanylanda ol olary pozmaýar-da, diňe formasyny modifisirleýär.

Aşaky suratda Eraser (Ластик) guralyň atributlar paneliniň elementleri görkezilen.

- Eraser Thickness (Размер). Bu hasaplaýjyda saklanylýan baha, inedördül bozgujyň tarapynyň ölçegini ýa-da tegelek bozgujyň dimaetrini saklaýar.

- Auto-Reduce On Erase (Автосокращенпе). Bu düzgün işledilende bozguç bilen işlenede emele gelýän hemme egriler awtomatiki düzlenýär — egriniň düwünleriniň sanynyň azalyş düzgüni işleýär.
- Circle/Square (Форма). CorelDRAW-da iki formaly bozguç göz öňünde tutulan— tegelek we inedördül.




Eraser (Ластик) işledilende we onuň görkeziji görkezilen ýapyk egriniň üstüne getirilende CorelDRAW şol egriniň formasyny onuň içine "giren daşky jisimi" gurşap alar ýaly modifisirleýär. Aşaky suratda bozgujyň ellipse ulanylan mysaly getirilen.



Eger egri çyzygyň abrisiniň formasy üýtgemän galyp, onuň içinde bir deşik döretmek gerek bolsa, onda Eraser (Ластик) guralyň görkezijisini obýektiň üstüne getirmeli we iki gezek syçanjygy basmaly.

Eger bozguç bilen işlenende islenmedik üýtgemeler girizilen bolsa, onda Esc klawişasyny basyp guraly yza çekiň. Obýektiň formasy dikeler. Emma bu usul syçanjyk goýberilmäkä hereket edýär. Syçanjyk goýberilen soň tutuş amaly ýatyrmaly bolar.

Eger bozguç ýapylmadyk egri çyzyga ulanylýan bolsa, onda ol hakykatdanam onuň bölegini pozýar. Bozguç bilen tutuş egrini, şeýle hem onuň şahasyny hem pozmak bolýar.

*Smudge guraly*

Smudge (Размазывание) guraly – çyrşama amaly amala aşyrýar. Çyrşama — bu interaktiw düzgünde egrini ýoýmagy mümkin edýän amal. Amalyň manysy obýektiň gyrasynyň elliptiki formaly gural bilen süýşürilmeginden ybarat. Ýoýmagyň derejesi we formasy guralyň atributlar panelindäki elementleri arkaly sazlanylýar (aşaky surat). Süýşme hem içine hem-de daşyna amala aşyrylyp bilner.




Süýşme hem içine hem-de daşyna amala aşyrylyp bilner (aşaky surat)



- Nib size (Размер инструмента). Bu hasaplaýjynyň bahasy guralyň ölçegini kesgitleýär. Ölçeg deslapdan saýlanylan ölçeg birliklerde berilýär.
- Tilt (Наклон инструмента). Bu hasaplaýjynyň bahasy guralyň gabara ölçegleriniň gatnaşygyny kesgitleýär. Gradusda berilýär, 15°-den 90°-a çenli aralykda berilýär. Guralyň eňňitliginiň onuň iş böleginiň formasyna bolan täsiri aşaky suratda görkezilen.



- Bearing (Разворот инструмента). Bu hasaplaýjy guralyň iş meýdanynyň dik oka görä öwrülişiniň ululygyny kesgitleýär. Bu parametriň täsiri guralyň eňňitligi uly bolmadyk ýagdaýda has güýçli bildirýär. Bu parametriň bahasy gradusda berilýär.
- Add dryout (Коэффициент затухания). Bu hasaplaýjynyň bahasy nola deň bolsa, guralyň ölçegi egriden geldigiçe üýtgemeýär. Bu koeffisientiň položitel bahalary guralyň peselmegini, otrisateller bolsa — onuň ulamagyny aňladýar.

Aşaky suratda koeffisient 0-dan 8-e çenli üýtgeýär.



Aşaky suratda koeffisient -1-dan -5-e çenli üýtgeýär.



**Tejribe işler**

**Corel Draw programmasynyň gurallary bilen işlemek**

1) Sahypanyň parametrlerini üýtgetmek
2) Göniburçlugyň burçlaryny tegelemek
3) Ellipsleriň, halkalaryň we sektorlaryň çylmak we modifisirlemek
4) Köpburçluklaryň gurmak we modifisirlemek
5) Iki goňşy burumyň arasy 1 deň bolan 6 burumdan ybarat bolan halkaç gurmak
6) 9 ujy bolan ýyldyz gurmak
7) Superçyzyk arkaly ýylanyň suratyny çyzmak
8) Çyzylan obýektiň ölçeglerini goýmak
9) Çykaryş çyzyklary
10) Birleşdiriji çyzyklary gurmak

**Corel Draw programmasynda konturlar bilen işlemek**

1) Ellipsiň konturyny redaktirlemek
2) Tegelegiň konturyny redaktirlemek
3) Inedördüliň konturyny redaktirlemek
4) Halkajyň konturyny redaktirlemek
5) Köpburçlugyň konturyny redaktirlemek
6) Ýyldyzyň konturyny redaktirlemek
7) Tekstiň konturyny redaktirlemek
8) Poliçyzygyň kontury bilen işlemek
9) Trapesiýanyň konturyny redaktirlemek
10) Standart figuranyň konturyny redaktirlemek

**Corel Draw programmasynda reňk, belleýiş we tekst bilen işlemek**

1) Figura tekstiň atributlaryny üýtgetmek
2) Figura tekstiň bloguny döretmek
3) Figura teksti girizmek, redaktirlemek we formatirlemek
4) Ýönekeý teksti döretmek we redaktirlemek
5) Baglanan ramkalaryň yzygiderliligini döretmek
6) Ýönekeý tekstiň atributlary üýtgetmek
7) Tabulýasiýanyň parametrlerini üýtgetmek
8) Reňk düzgüni üýtgetmek
9) Tekstiň sütünleriniň parametrini üýtgetmek
10) Figura we ýönekeý tekstiň özara özgertmelerini amala aşyrmak

**Grafiki programmalardan göçürilen maglumatlary bezemek**

1) Garaşsyzlyk baýramyna bagyşlanan banner döretmek
2) Bitaraplyk baýramyna bagyşlanan banner döretmek
3) Bahar baýramyna bagyşlanan banner döretmek
4) Baýdak baýramyna bagyşlanan banner döretmek
5) Aşgabat şäheriniň içinden bir parçaly banner döretmek

6) Gurulýan täze desgalaryň töweregini abadanlaşdyryp surat çekmek
7) Aýry grafiki suratlary birleşdirmek
8) Altyn öwüşginli sözleri ýazmak
9) Bezegli çarçuwalary döretmek
10) Nyşanlary çekmek

**Plotterler bilen işlemek**

1) Plotterleri dogry çatmak
2) Plotterleri ulgama gurnamak
3) Çapyň reňkli düzgünini goýmak
4) Çapyň kagyzyny kesgitlemek
5) Kagyzyň ugrukdyrylşyny doly saýlamak
6) Çapyň hilini bellemek
7) Kagyzyň formadyny bellemek
8) suratyň kagyzda ýerleşmegini dogurlamak
9) Plotteriň emeli näsazlyklaryny döretmek
10) Plotteriň näsazlyklaryny düzetmek

**Page Maker, Photoshop, Corel Draw programmalarynda utgaşykda işläp maglumatlary biri birine geçirmek usullary**

1) CDR formaty JPG formata öwürmek
2) CDR formaty PSD formata öwürmek
3) CDR formaty TIFF formata öwürmek
4) CDR formaty BMP formata öwürmek
5) PageMaker-den Photoshop-a geçmek
6) PageMaker-den Corel Draw-a geçmek
7) Corel Draw-dan Photoshop-a import etmek
8) Corel Draw-a Photoshop-dan eksport etmek
9) Photoshop-dan Corel Draw-a import etmek
10) Photoshop-a Corel Draw-dan eksport etmek

## Peýdalanylan edebiýatlar:


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2008.
2. Türmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Umumymilli „Galkynyş“ Hereketiniň we Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň nobatdan daşary V gurultaýlarynyň bilelikdäki mejlisinde sözlän sözi. Aşgabat, 2007.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2009
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. Aşgabat, 2008.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. Aşgabat, 2009.
6. Türkmenistanyň Prezidentiniň „Obalaryň, şäherçeleriň etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin“ Milli maksatnamasy, Aşgabat, 2007.
7. „Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry“ Milli maksatnamasy, „Türkmenistan“ gazeti, 2003-nji ýyl, Alp Arslan aýynyň 27-si
8. Wolfgang Auger. – Adobe PageMaker, Moskwa, 2003, -224 c.
9. Internet-de işlemek, Moskwa, Binom – 1996 ý.
10. DVD compakt disk „Золотая коллекция учебников и самоучителей по компьютерным программам“, http://www.alexsoft.ru/
11. Леонид Левковец. Уроки компьютерной графики. Corel Draw X3. Учебный курс. Питер -2006
12. Александр Тайц, Александра Тайц. Adobe Photoshop 7. БХБ-Петербург - 2007

## MAZMUNY


GIRIŞ ............................................................ 1

ADOBE PAGEMAKER PROGRAMMASYNYŇ IŞ MEÝDANYNY GÖZDEN GEÇIRME ............................................................ 4

REŇKLERIŇ ÜSTÜNDE IŞLEMEK ............................................................ 7

TEKSTIŇ WE GRAGIKANYŇ ÜSTÜNDE IŞLEMEK ............................................................ 11

DEFINE STYLES KOMANDASYNY ULANMAK ............................................................ 15

ELEMENT MENÝUSY ............................................................ 19

TYPE MENÝUSY ............................................................ 23

KAGYZ ÝÜZÜNE ÇYKMAÝAN ÇYZYKLARYŇ ÜSTÜNDE IŞLEMEK ............................................................ 26

SHEMALARY AWTOMAT ÝERLEŞDIRMEK ............................................................ 31

KITAP SAHYPALARYNY WE GAZÝET SAHYPALARYNY DÖRETMEK WE ONUŇ DÜZÜM BÖLEKLERI ............................................................ 34

UTILITIES MENÝUSY. PLUG-INS... KOMANDASY ............................................................ 36

COREL DRAW PROGRAMMASY BARADA ............................................................ 40

ÇYZYKLAR ............................................................ 53

TEKSTLER BILEN IŞLEMEK ............................................................ 71

OBÝEKTLER ............................................................ 87

PEÝDALANYLAN EDEBIÝAT ............................................................ 111